TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# ÝUNUS EMRE

## DIWAN

# يونس امره

## ديوان

Çapa taýýarlan
**Kakajan Ataýew**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK820/89(100-87)**
**E63**

**E63 Emre Ý.**
Diwan A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 —368s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**K. Nurbadow**, *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Döwürdeşleri tarapyndan hormat bilen «Türkmen gojasy» diýlip ady tutulan Ýunus Emre (1238-1320) ussat şahyrlaryň biri hasaplanýar. Onuň ýaşan döwri Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň synyp, Osman türkmenleriniň döwletiniň döräp başlan döwrüne gabat gelýär.*

*Kiçi Aziýada Seljuk türkmen döwleti gurlandan soňra, XI-XIII asyrlarda döwlet işleri, şol sanda edebiýat hem arap, pars dillerinde dowam edipdir. Ýunus Emre ilkinji bolup, Oguz türkmenleriniň dilindäki ýazuwly halky edebiýaty esaslandyrýar. Onuň goşgulary ýat tutmak arkaly, şeýle hem ýazuw üsti bilen halk arasyna ýaýrapdyr.*

*Ýunus Emräniň eserleriniň XIV-XVI asyrlarda göçürilen ençeme golýazmalary bar. Şu kitap onuň şygyrlarynyň XIV asyrda ýazylan Fatyh nusgasy esasynda neşire taýýarlandy.*

*Şahyryň şygyrlar diwany doly görnüşde türkmen okyjylaryna ilkinji gezek hödürlenýär.*

**TMMMM №017**

**TDKP №90** **2004** KBK **84** Tür

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Emre Ý., 2004 ý.
Ataýew K., çapa taýýarlama, sözlük, sözsoňy, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özbolușly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*». Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# GAZALLAR

## - 1 -

Sensiz ýola girir isem, çäräm ýok ädim ätmäge,
Göwdämde kuwwatym sensiň, başym göterip gitmäge.

Köňlüm, janym, aklym-bilim seniň ile karar eder,
Jan ganaty açyk gerek uçuban dosta gitmäge.

Kendiliginden geçeni[1] dogan eder magşuk ony,
Ördege, käklige salar süri ediban tutmaga.

Gany Jepbar yşk ärine müň Hemzeçe kuwwat berer,
Daglary ýolundan yrar, ýol eder dosta gitmäge.

Ýüz müň Perhat külüň almyş, gazar daglar binýadyny
Gaýalar kesip ýol eýlär, aby-haýat akytmaga.

Aby-haýatyň çeşmesi aşyklaryň wysalydyr,
Kadahy doly ýöreder suwsamyşlary ýakmaga.

---

[1] Kendiliginden geçeni — özünden geçeni. Bu setirde adamyň özünden geçenini Hudaý (magşuk) özüne ýaran eder, (dogan) dogan eder diýen sopuçylyk pikiri bar.

Aşykmy diýem men oňa: «Taňrynyň uçmahyn söwe»
Uçma hut bir duzakdyr, abakar janyn tutmaga.

Aşyk kişi misgin gerek, ýol içinde teslim gerek,
Her ne diýrseň boýun tutar, çäre ýok köňül ýykmaga.

Bildik gelenler geçdiler, gördük gonanlar göçdüler,
Yşk şerabyn içen janlar uýmaz göçmäge, gonmaga.

Tutulmady Ýunus jany, geçdi tamugy, uçmagy,
Ýola düşüp, dosta gider, ol aslyna uýakmaga.

**- 2 -**

Yşkdan dawa kylan kişi hiç aňmaýa hyrs-u howa
Yşk öýüne girenlere aýry ne meýl-u, ne wepa.

Yzzat-u erkan kamusy, bulardyr dünýä söýgüsi,
Meniň jogabym sen aýyt, «Yşka yzzatmydyr baha?»

Dili ile yşk diýenler, bilmediler yşk nädigin,
Yşkdan habar aýytmasyn, kim dünýe yzzatyn söýe.

Her kim yzzatdan geçmedi, aşyklyk böhtandyr oňa,
Geçäýmez dost düşeginden, at-u gatyr, ýa hut düýe.

Ýunusa aşyk diýiban, zynhar özenip gelmäňiz,
Çoh bezirgen puşman olar, barjagyňyz uzyn ýola.



**Türkmen gelini.** *Aýlar Amangeldiýewanyň çeken suraty.*

**- 3 -**

Bir gün ýüzüň gören kişi ömrinçä hiç unutmaýa,
Tesbihi sensiň dilinde, aýruk nesne aýytmaýa.

Tagata duran zahydyň gözleri seni görerse,
Tesbihini unudyp ol, aýruk sežde-de etmeýe.

Agzyna şeker alyban gözleri saňa duş olan,
Unuda ol şekerini, aýruk çeýneýip ýutmaýa.

Men seni söýdügim üçin, eger baha diýrler ise,
Iki jahan mülkün berirem, dahy bahasy ýetmeýe.

Iki jahan dop-doly bag-u bossan olar ise,
Seniň kokyňdan eýi gül bossan içinde bitmeýe.

Gül-u reýhan kokusy aşyk-magaşlara eter,
Aşyk olanyň magşugy hergiz öňünden gitmeýe.

Ysrapyl suryn urajak, mahlukat Tura gelejek,
Seniň üýnüňden artyk üýn hiç gulagym eşitmeýe.

Zöhre ýere iniban, sazyn nowaht eýlär ise,
Aşygyň eşreti sensiz gözi ol ýaňa gitmeýe.

Näderler aşyk hanmany, ýa sensiz iki jahany
Iki jahan pida saňa, kimse ne güman tutmaýa.

Sekiz uçmahyň hüýrüsi eger bezenip gelseler,
Seniň söýgiňden özgeýi köňlüm hiç kabul etmeýe.

Bu dünýäde hut ne ola, ahyretde ol olmaýa,
Hüýr ile gulman gelejek, aşyk elin uzatmaýa.

Ýunus, seni söýeliden beşaret oldy janyna
Her dem ýaňy dirlikdedir, hergiz ömrün egsitmeýe.

**- 4-**

Iki jahan zyndan ise, gerek maňa bossan ola,
Aýruk maňa ne gam-gussa, çün anaýat dostdan ola.

Baram, ol dosta gul olam, her dem açylam gül olam,
Hem ötüp bilbil olam, duragym gülüstan ola.

Dost ýüzüni gördi gözüm, erenlere toprak ýüzüm,
Söz aňlaýana bu sözüm, gerek, şekeristan ola.

Her dagwydan geçen kişi, dostdan ýana uçan kişi,
Yşk şerbetin içen kişi, gäh esrik, gäh mestan ola.

Sensiz iki jahan meniň zyndan görüner gözüme,
Seniň yşkyňla bilişen gerek hasul-hasdan ola.

Yşyka doýmadym özüm, kössüzin söýlärin sözüm,
Ýunus, seniň uşbu sözüň, älemlere destan ola.

**- 5 -**

Yşk etegin tutmak gerek, akybet zowal olmaýa,
Yşkdan okyýan bir elip kimseden sowal olmaýa.

Yşk diýdigin söýer iseň, yşka jandan uýar iseň,
Yşk ýoluna jandyr pida, aňa pida mal olmaýa.

Asylzadalar nyşanyn eger bilmek dilär iseň,
Özi oglan-da olarsa, sözünde webal olmaýa.

Aryplardan nyşan budur, her köňülde häzir ola,
Kendiýi teslim eýleýe, sözde kylu-kal olmaýa.

Görmezmisiň sen aryýy, her bir çiçekden bal eder,
Siňek ile perwananyň ýuwasynda  bal olmaýa.

Dürr-u jöwher istär iseň, aryplara hyzmat eýle,
Jahyl müň söz sözlär ise, magnyda mysgal olmaýa.

Misgin Ýunus, zähri-katyl yşk elinde tirýak olar,
Ylm-u amal, zuhd-u tagat, bes yşksyz halal olmaýa.

**- 6 -**

Eý, aşyklar, eý, aşyklar mezheb-u din yşkdyr maňa,
Gördi gözüm dost ýüzüni, ýas kamy dügündir maňa.

Eý, patyşah, eý, patyşah, uş men meni berdim saňa,
Genj-u hazynam kamusy sensiň meniň öňden-soňa

Owwal dahy bu akl-u jan, seniň ile asly-mekan,
Ahyr ýene sensiň mekan, uş bararam senden ýaňa.

Senden saňa barar ýolum, senden seni söýlär dilim,
Ylla saňa irmez elim, bu hikmete galdym doňa.

Aýry maňa men diýmeýem,  kimsesine sen diýmeýem,
Ýa gul, ýa soltan diýmeýem, eşidenler galar taňa.

Dost yşka ulaşalydan dünýä, ahyret bir oldy,
Ezel-ebet sorar iseň, düýn ile bu gündür maňa.

Aýry bize ýas olmaýa, hiç köňlümiz bäs olmaýa,
Zyra Hakdan gelen owaz sowulmaz dügündir maňa.

Men yşkyňdan aýrylmaýam, dergähiňden sürülmeýem,
Eger mundan gider isem, seniň ile baram maňa.

Ol dost meni berip idi, «Bar, bu dünýäýi gör!» diýdi,
Geldim, gördüm, hoş araýyş, seni söýen galmaz aňa

Gullarna wada eýledi, «Ýeriň uçmah berem!» diýdi,
Ol dostlaryň söýüňdigi ýaranym bu gündür maňa.

Bu ah ile, bu zar ile bu hikmeti kim ne bile?!
Bilse dagy gelmez dile, tutdum ýüzüm senden ýaňa.

Sensiň maňa jan-u jahan, sensiň maňa genj-u nahan,
Senden durar assy-zyýan, ne iş gele menden maňa?

Ýunus saňa tutdy ýüzün, unutdy jümle kend-özün,
Jümle saňa söýlär sözün, söz söýleden sensiň maňa.

## - 7 -

Aňmamysyň sen şol güni, jümle älem haýran ola,
Nädesini bilimeýip, bihud-u sergezdan ola.

Ysrapyl suruny ura, jümle mahluk ýerden tura,
Diriliban haşra bara, kazy onda Subhan ola.

Zebanylar çeke tuta, götere tamuga ata,
Deri ýana, süýek tütär, gaty uly efgan ola.

Mälik çagyrar tamuga, çekip meýdana getire,
Taňry gorkusyndan tamug zary kylyp nalan ola.

Daglar ýerinden yryla, gökler haýbatdan ýaryla,
Ýyldyzlar dagy gyryla, düşe ýere, galtan ola.

Ýazyklarymyz dartyla, ança perdeler ýyrtyla,
Bilmedigiň günäleriň onda saňa aýan ola.

Ýunus aýdar uşbu sözi, erenlere toprak ýüzi,
Dilär Haky görer gözi, anaýat ger, ondan ola.

**- 8 -**

Gider idim men ýol syra, ýawlak uzamyş bir agaç,
Beýle latyf, beýle şirin, köňlüm aýdar: birkaç syr aç.

Beýle uzamak ne manydyr, çünki bu dünýä panydyr,
Bu puzullyk nyşanydyr, gel bäri misginlige geç.

Beýle latyf bezeniban, beýle şirin düzeniban,
Kökül Haka uzanyban, dileg nedir, neýe mätäç?

Agaç garryr, döwran döner, guş pudaga bir gez gonar,
Dagy saňa guş gonmamyş, ne gögerçin, ne hut turaç.

Bir gün saňa zowal ere, uja kaddyň ine ýere
Pudaklaryň oda gire, gaýnaýa gazan, gyza saç.

Ýunus, imdi sen bir niçe, egsikligiň ýüz müň onça,
Gury agaja ýol sorynça, teperrüçlen, ýoluňa geç.

**- 9 -**

Sen bu jahan mülküni Kapdan Kaba tutduň, tut,
Ýa bu älem malyny oýnaýyban utduň, tut.

Süleýmanyň tagtyna şat olup, oturdyň bil,
Döwe, periýe düp-düz hökümleri etdiň, tut.

Pyrgawun hazynasyn Nowşirwan genji ile,
Karun malyna gatyp, sen malyňa gatdyň, tut.

Bu dünýä bir lukmadyr, agzyňda çeýnelmiş bil,
Çeýnemişe ne ýutmak, ha sen ony ýutduň, tut.

Ömrüň seniň ok kibi, ýaý içinde dop-doly,
Dolmuş oka ne durmak, ha sen ony atdyň, tut.

Her bir nepes kim geler, käseden ömür egsiler,
Çün käse ortalandy, sen ony tüketdiň, tut.

Çün deňze gark olduň, bogazyňa geldi suw,
Däli kibi talbynma, eý, biçäre, batdyň, tut.

Ýüz ýyllar hoşluk ile ömrüň olarsa, Ýunus,
Soň ujy bir nepesdir, geç ondan-da ötdüň, tut.

**- 10 -**

Nämeligim soran, eşit hekaýat,
Suw-u toprak, od-u ýel oldy surat.

Dört muhalyf nesneden dört diwaram,
Sazygär eýledi, berdi keramat.

Ýel ile topragy kyldy magallak,
Suw içinde ody tutdy salamat.

Ryzky, ömri tamam eýledi heniz,
Şeş jehat olmadan tutdygy kiswet.

Ruhumdan kimseýe ne habar bermez,
Emrdir kadyrlygy, berer hereket.

Baky tertiplerimi şerh edeýin,
Anaýat möwjudy semg-u basarat.

Aklymyň habary bu günki degil,
Ony arydar iseň, owwalky aýat.

Sowal-jogap kelejesi muňa deňindir,
Mundan beýle jahanym binehaýat.

Ýunus ile muňa deňli nesibim,
Köňül dost duragy, dilim şahadat.

## - 11 -

Yşk ymamdyr bize, köňül jemagat,
Kyblamyz dost ýüzi, daýymdyr salat.

Dost ýüzüni görjek şirk ýagmalandy,
Onuň çün gapyda galdy şerigat.

Köňül sežde kylar dost mährabynda,
Ýüzün ýere urup, kylar mynajat.

Mynajat kibi wagt olmaz arada,
Kim ola dosty-le bu demde hylwat.

Şerigat aýdar ki: şerti byrakma,
Şert ile kişiýe kim ede hyýanat.

Erenler nepesidir döwletimiz,
Onuň-le pitneden olduk salamat.

«Kowly-bela![1]» diýdik owwalky demde,
Heniz bir demdir ol wagt-y bu sagat.

Bäş wagt tertibimiz bir wagta geldi,
Bäş bölek oluban, kim kyla takat?

---

Kowly bela — Hawwa diýdiler.

Biz kimse dinine hylap diýmeris,
Din tamam olajak, dogar muhapbet.

Dogrulyk bekleýen dost gapysynda,
Gümansyz ol bolar ylahy döwlet.

Ýunus eýle ýesirdir ol gapyda,
Dilär ki, olmaýa ebedi rahat.

**- 12 -**

Din-u millet sorar iseň, aşyklara din ne hajat?
Aşyk kişi harap olar, aşyk bilmez din, diýanat.

Aşyklaryň köňli, gözi magşuk diýe gitmiş olar,
Aýry suratda ne galar, kim kylyşar zuhd-u takat.

Takat kylan uçma üçin din tutmaýan tamug üçin,
Ol ikiden paryg olar, näýe meňzär bu yşarat.

Her kim dosty söýer ise, dostdan ýana gitmek gerek,
Işi-güýji dost olajak, jümle işden olar azat.

Onuň kibi magşukanyň habaryny kim getirer,
Jebraýly-mürsele sygmaz, onda olajak mynajat.

Sorag, hasap olmaý ise, dünýä ahyret goýana,
Müňkür-u Nekir ne sorar, terk alyjak jümle myrat.

Howp-u reja gelmez onda, barlyk, ýokluk biragana,
Ylm-u amal sygmaz onda, ne terezi, ne hut Syrat

Ol kyýamat bazarynda her gula baş gaýgysy,
Ýunus, sen aşyklar ile görmeýesiň kyýamat.

**- 13 -**

Tün gider, gündiz geler, gör, nijesi uz geler,
Patyşah hökmi ile äleme düp-düz geler.

Garaňkylyk sürüler, älem münewwer olar,
Garaňkylyk ýerine nur ile gündiz geler.

Bir bakgyl saga, sola, dagylma degme ýola,
Diňleýe guş üýnüni, niçe dürli saz geler.

Guş hut ýumurtga idi, ýuwa hut perde idi,
Üýn hut gudrat üýnüdir, bilmeýäne gaz geler.

Söz yssy sözün alar, surat toprakda galar,
Her kim bu haly biler, kend-özünden waz geler.

Yşk menligim äkitdi, akyl dört ýana gitdi,
Ýunusyň ýüki ýetdi, bilmeýäne az geler.

**- 14 -**

Eý, meni aýyplaýan, gel, meni yşkdan gutar,
Eliňden gelmez ise, söýleme pasyt habar.

Hiç kimse kendiden haldan hala gelmedi,
Aşyklaryň janyna magşuka urar müň kär.

Aşyklaryň ahwaly magşuk gatynda biter,
Sözüň bar, oňa söýle, meniň elimde näm[1] bar?

Her kim yşk kadahyndan içdi ise bir jurga,
Oňa ne ýat, ne biliş, oňa ne esrik, ne humar.

Dost ýüzünden nykaby her kim gidirdi ise,
Hyjat galmady oňa aýry ne haýr-u ne şer.

Şerigat edebinden gorkaram söýlemäge,
Ýogsa aýdaýdym saňa dagy aýryksy habar.

Dost gylyjyndan Ýunus öler ise, gam degil,
Dost gögünde batanlar, magşuk burçundan dogar.

## - 15 -

Yşk-le biliş janlara ezel-ebet olmaýysy,
Gümra olup bu jahanda kimse baky galmaýysy.

Bir dona gan bulaşajak, ýuwmaýynça mismil olmaz,
Köňül pisi ýuwmaýynça namaz rowa olmaýysy.

Köňül pisin ýuwduň ise, kibr-u kine kowduň ise,
Ygrar bütin olmaýynça ärden nazar olmaýysy.

Murdar dünýäýe bulaşan, döwdüleşiban duruşan,
Ärden hümmet olmaýynça ýülünmez ýuwulmaýysy.

---

[1] Näm — näme, nämäm.

Ýunus, imdi sen Haka yr, tün-u gün köňlüň Haka ber,
Köňül gözi görmeýinçä, hiç başga  göz görmeýisi.

**- 16 -**

Yşk makamy alydyr, yşk gadym ezelidir,
Yşk sözüni sözleýen jümle gudrat dilidir.

Diýen ol, eşiden ol, gören ol, görkezen ol,
Her sözi sözleýen ol, surat jan menzilidir.

Surat, söz kanda boldy, kanda sözi iş oldy,
Surata özi geldi, dil hikmetiň ýoludyr.

Bu biziň eşretimiz, oldur bu lezzetimiz,
Içip esredigim yşk şerbeti kölüdir.

Aly ki diýr sen onuň, söýleýen ol, söz onuň,
Ol biziňdir, biz onuň, gaýyr tesbih dilidir.

Ýunus, sözüňde ýalan görmedi müňkür olan,
Ömrüni zulmata salan magrypatyň ýoksulydyr.

**- 17 -**

Bir kişige söýle sözi, kim manydan habary bar,
Bir kişiýe bergil köňül, janynda yşk eseri bar.

Şonuň kim daşy hoş durar, bil, kim içi boş durar,
Tün-gün öten baýguş durar, sanma bütin diwary bar.

Bir dewlengiç ýuwa ýapar, ýörer ilden ýawry gapar,
Dogan eliýinden sypar, zire elinde murdary bar.

Ýokdur dogan-le birligi, ýa Haka laýyk diriligi,
Şol kişiden um ärligi, onuň sapa nazary bar.

Surat ile çohdur adam, degmesinde ýokdur gadam,
Owwal-ahyr ol pişgadam bir Muhammet serweri bar.

Erenler ýoludyr meşe, meşe golaýdyr kolmaşa,
Meşe olan ýerde peşe, haramy çoh, antary bar.

Şyh-u, danyşmend-u weli, jümlesi birdir, er, ýoly,
Ýunusdyr derwüşler guly, Tapdyk kibi serweri bar.

**- 18 -**

Eý, yşk äri, aç gözüňi, ýer ýüzüne eýle nazar,
Gör, bu latyf çiçekleri, bezeniban geldi, geçer.

Bular beýle bezeniban, dostdan ýana uzanyban,
Bir sor ahyr bulara kançarydyr azmy-sapar?

Her bir çiçek müň näz ile, öwer Haky nyýaz ile,
Bu guşlar hoş owaz ile, ol patyşahy zikridir.

Öwer onuň gadyrlygyn, her bir işe häzirligin,
Ewet ömri kasyrlygyn, alaja gaz meňzi solar.

Reňi döne günden-güne, topraga döküler ýene,
Ybrat durar aňlaýana, ybraty ki aryp duýar.

Ne gelmegiň gelmek durar, ne gülmegiň gülmek durar,
Soň menziliň ölmek durar, duýmadyň bir yşkdan eser.

Her bir sözi duýa idiň, ýa bu gamy iýe idiň,
Ýörirken uýaý[1] idiň, gideýdi senden käri-bar.

Bildiň gelen geçermiş, bildiň gonan göçermiş,
Yşk şerabyn içermiş, bu manydan kim tutar?

Ýunus, bu sözleri goýgul, kend-özüňden eliň ýuwgul,
Senden ne gele bir digil, çün Hakdan geler haýr-u şer.

## - 19 -

Söýlemezlik harjysy söýlemegiň hasydyr,
Söýlemegiň harjysy köňülleriň posudyr.

Köňülleriň posuny ýuwuban gidirmäge,
Şol sözi söýlegil kim sözüň hulasasydyr.

Sözi dogry diýene «Kulyl hak[2]!» diýdi Çelep,
Bu gün ýalan söýleýen erte utanasydyr.

Jümle ýaradylmyşa bir göz ile bakmaýan,
Şergiň öwliýäsi ise hakykatda asydyr.

---

[1] Uýmak — karar etmek.
[2] Kulyl hak - hak sözlän, dogry sözlän.

Şerigat habaryny şerh ile aýdam, eşit,
Şerigat bir gämidir, hakykat derýasydyr.

Ol gäminiň tagtasy her niçe mäkäm ise,
Deňiz möwji gatalsa, tagta uşanasydyr.

Mundan içri habar eşit, aýdaýyn, eý, ýar,
Hakykaty kapyry şergiň öwlüýäsidir.

Biz talyplardyrys, yşkyň sapagyn okarys,
Taňry berer sapagy, yşk hut müderrisidir.

Öwlüýä sapa nazar edeli günden bäri,
Hasyl oldy Ýunusa her ne ki olasydyr.

## - 20 -

Bu ýokluk ýolunda bu gün bize ýoldaş olan kimdir?
Ilimize göneleliň, soruň, gardaş olan kimdir?

Nä galdyk uşbu yklymda, agyr ýükleriň astynda,
Bu ýükleri, bu ýaplary döküp haldaş olan kimdir?

Seni munda berip idi, «Teperrüç eýle, gel!» diýdi,
Sen öý ýaparsyň, eý, hoja, öýi taraş olan kimdir?

Bu perşi gördük, aldandyk, heniz arşa iremedik,
Bu arşa, perşe, eý hoja, göre, perraş olan kimdir?

Geliňiz, gideliň geliň ki, Ýunus geçdi, göneldi,[1]
Aýaklara düşer Ýunus, bu ýola baş olan kimdir?

**- 21 -**

Menem sahypkyran, döwran meniňdir,
Menem uş pähliwan, meýdan meniňdir.

Haramydan meniň gorkym, gaýgym ýok,
Bu zor-u bu kuwwat Hakdan meniňdir.

Abubekir-u Omar ol din ulusy,
Alyýy-Murtaza, Osman meniňdir.

Kim ala bu topy çowganymyzdan,
Top uran meýdanda, çowgan meniňdir.

Ýunusam men, Ýunus, uşbu jahanda,
Menem soltan guly, soltan meniňdir.

**- 22 -**

Sahha ol aşyk janyna kim dost ile wysaly bar,
Jany birdir magşuk ile dagy ne dürli haly bar?

Jan-u köňül, akl-u pähim nisar olsun magşugyna,
Bes aşygyň onda aýry dagy ne mülk-u maly bar?

---

[1] Gönelmek — ýönelmek.

Bu ýer-u, gök-u, arş-u perş yşk dady-le gaýymdyr,
Binýady yşkdyr, aşyga her bir arada eli bar.

Aşyklaryň nä kim bary, tejrit gerekdir arada,
Her nesneýe ol hökm eder, her ýol içinde ýoly bar.

Baky dirilik söýen kişi gerek tuta yşk etegin,
Yşkdan artyk her nesnäniň degişerler zowaly bar.

Aşyklara uşbu surat mysaly bir köýnek kibi,
Ýüz müň köýnek esgidirse, aşyklaryň muhaly bar.

Nijeler aýdar Ýunusa: «Çün, gojaldyň, yşky goýgul!»,
Ruzygär ugramaz yşka, yşkyň ne aý-u ýyly bar.

**- 23 -**

Eşidiň, eý, uly-kiçi, size meniň habarym bar,
Zihi döwlet meniň bu gün, kim seniň kibi ýarym bar.

Ýörir isem öňümdesiň, söýlär isem dilimdesiň,
Oturarsam ýanymdasyň, aýrykda ne bazarym bar.

Ne ýöriýem, ne hut aram, ne uzak sapara baram,
Çünki dosty munda buldum[1], aýryk neýe saparym bar.

Uzak ýola bezirgenler assy etmäge giderler,
Çün, göwher elimdedir, diý «Aýry ne saparym bar?»

---

[1] Bulmak — tapmak.

Misgin Ýunus bu jany şol dostyna ulaşalydan,
Dembe-dem artar yşky, uly ýerden timarym bar.

## - 24 -

Eý, sözleriň aslyn bilen, gel, diý bu söz kandan geler?
Söz aslyny aňlamaýan sanar bu söz menden geler.

Söz kylar gaýgyýy şat, söz kylar tanyş-bilşi ýat,
Eger horluk, eger yzzat her kişiýe sözden geler.

Söz garadan, akdan degil, ýazyp-okymakdan degil,
Bu ýöriýen halkdan degil, Halyk owazyndan geler.

Ne elip okadym, ne jim, barlygyndadyr keleçim,
Bilmeýe ýüz müň müneçjim, talygym ne ýyldyzdan geler.

Şugla bize Aýdan degil, yşk äri bu saýdan degil,
Ryzkyma bu öýden degil, derýaýy-ummandan geler.

Biz bir bahana arada, aýry diý elden ne gele,
Hak, çün, emir eýlär jana, keleçeýi ondan geler.

Ýunus, bir dert ile ah et, gahr öýünde neýlär rahat,
Bu derde derman keparat bir ah ile suzdan geler.

## - 25 -

Jan bir uly kimsedir, beden onuň aletidir,
Her ne lukma iýr iseň, bedeniň kuwwatydyr.

Ne deňli iýr iseň çoh, ol deňli ýöreseň dok,
Jana hiç yssy ýok, hep surat maslahatydyr.

Bu jan nygmaty hany, geliň bileliň ony,
Asaýyş kylan jany öwlüýä söhbetidir.

Söhbet jany semreder hem aşygyň ömrüdir,
Hak Çelebiň emri-le ereniň hümmetidir.

Enaýatdyr onuň işi, aňlamaz degme bir kişi,
Bilgil ki Humaý guşy aşyklaryň döwletidir.

Bu Ýunusyň ýanar içi, hemmeden köňlüdir kiçi,
Soýa salynmadyk suçy hep ereniň hümmetidir.

**- 26 -**

Janyny yşk ýoluna bermeýen aşykmydyr?
Jäht eýleýip, ol dosta irmeýen aşykmydyr?

Dost söýgüsin köňülde jan ile berkitmeýen,
Tuly-emel depderin dörmeýen aşykmydyr?

Yşka tanyşyk sygmaz, degme jan göge agmaz,
Perwana kibi oda ýanmaýan aşykmydyr?

Nepes arzuwsydan geçip, yşk kadahyndan içip,
Dost ýoluna är kibi turmaýan aşykmydyr?

Tün-u gün ryýazat çekip, hylwatlarda dyz çöküp,
Söhbetlerde baş çatyp ýanmaýan aşykmydyr?

Eý, Ýunus, sen  dostuňyň jepasyna gatlangyl,
Ýüregine yşk okun urmaýan aşykmydyr?

**- 27 -**

Seni hakdan ýygany her neý ise bir gider,
Ne beslärsiň bu teni, sende gurt-guş iýr gider.

Ölene bak, gözüň aç, döküler sakal-u saç,
Ýylan, içýan geler aç, iýip-içip syýr gider.

Biz-ä, bizden ulular, ýegen, uýa, halalar,
Şol eýi amallylar habar şeýle diýr gider.

Kesgil haramdan eliň, çekgil gybatdan diliň,
Ezraýyl eli irmeden bu dükany düýr gider.

Ajal irer, gurar baş, tiz tükener uzyn ýaş,
Düp-düz olar dag-u daş, gök düýrüler, ýer gider.

Çün jan agdy hezrete, ýarag et ahyrata,
Daň-le turan tagata, Taňry öýüne giýr gider.

Misgin Ýunus ölejek, synaň nur-le dolajak,
Iman ýoldaş olajak, ahyrete şir gider.

**- 28 -**

Eý, maňa eýi diýen, menem hemmeden kemter,
Şeýle müjrümem ýolda, müjrümler menden serwer.

Meniň kibi müjrüm gul, gel iste bir dagy bul,
Dilimde ylm-u usul, köňlüm-de dünýä söýer.

Zahyrym eýi atda, köňlüm pasyt tagatda,
Bolunmaýa Bagdatda mençileýin bir aýýar.

Daşym köýen, içim ham, diriligim bu mydam,
Ýol bermedim bir gadam, arşdan bererem habar.

Daşym biliş, içim ýat, dilim hoş, köňlüm mürted,
Işim ýowuz, eýi at, beýle pitne kanda bar?

Kime-kim öwüt berdim, ol Haka irdi, gördüm,
Maňa meniň öwüdim hiç eýlemedi eser.

Dakyndym şyhlyk adyn, kowdum magşuk tagatyn,
Berdim nebsiň myradyn, hany Hak ile bazar?

Ýaýyldy Ýunus ady, suçdur jümle tagaty,
Çelebim enaýaty suçuň geçire meger.

**- 29 -**

Isteýeliň iş yssyny, bilip göreliň kandadyr?
Jan gulagy açyk ise, uşbu sözüm turwandadyr.

Alaweriň turwandadan, yşk äridir ony dadan,
Munda boýun buran adam, Hak gatynda dermandadyr.

Kişi gerek bile ony, hem oýanyk ola jany,
Bilersiň dünýä söýeni baýguş kibi weýrandadyr.

Baýguş çagyrar weýranda, kimse myrat almaz onda,
Eýi amal elteweriň, ol hak terezi andadyr.

Baryjak siz tereziýe, Hak kendi bakar ýüziýe,
Görijek, daglar eriýe, zebanylar kim ondadyr.

Biti sunula eliňe, etdigiň gele ýoluňa,
Tanyklar bile boluna, dostuň, duşmanyň ondadyr.

Terk edesiň tagt-u täji, bilesiň etdigiň göçi,
Muhammet Hak ýalbaryjy, şepagatçymyz ondadyr.

Eý, Ýunus, sen aşyk iseň, barlygyň degşir ýokluga,
Iman guşagyn berk guşan, diý: «Hep egsiklik mendedir».

**- 30 -**

Goý ölmek endişesin, aşyk ölmez, bakydyr,
Ölüm aşygyň näsidir, çün nury-ylahydyr.

Ölümden ne gorkarsyň, gorkma ebedi barsyň,
Çünki kim işe ýararsyň, ölmek pasyt işidir.

Nazar kyl bu göwhere, ýa bu bir gizlin nura,
Nur haçan ýawy barar[1], çün Hak nazargähidir.

«Kalu-bela[2]» diýmediň, gadymdan bileý idik,
Keý aňlagyl nädigin, bilişlik kandagydyr.

Ezeli biliş idik, birlige bitmiş idik,
Möwjudat düşdi yrak wujut jan ýatagydyr.

Bu ezeli birligi ýa jahan diriligi,
Ýa bu köňül birligi, bil gudrat pudagydyr.

Ýatlyk ýokdur bilene, dirlik tuta gelene,
Bilelik söýleýäne weslet ýoly kawydyr.

Hökmürowan mülküne, ol işin kendi bile,
Çün iş geldi hasyla, bu mülk barlyk öýüdir.

Ýunus, beşarat saňa, gel diýrler dostdan ýaňa,
Ol kimseýi ol oňa, külli ýerli aslydyr.

**- 31 -**

Wesleti olan kişiýe bu dert-le pyrak nedir?
Dosty ýakyn gören kişi, bu ýykdygy erk nedir?

Weslet äri olan kişi, gerek barlykdan el ýuwa,
Uşbu ýola giden kişi, bir görelim ýarak nedir?

---

[1] Ýawy barmak — gaýyp bolmak.
[2] Kalu bela — Hawwa diýdiler.

Weslet äri olduň ise, gör, hytabyn bildiň ise,
Dosty aýan gördüň ise, bu barlygy byrak nedir?

Ylym hut hyjabydyr, dünýä ahyret hasabydyr,
Kitap hut yşk kitabydyr, bu okalan warak nedir?

Zynhar gözüňi açagör, nebis duzagyn seçegör,
Dost menziline göçegör, an ýegräk durak nedir?

Aýdarsyň kim gözüm görer, dagwyýy-magnyýe irer,
Gündizin Gün şugla berer, gije ýanan çyrak nedir?

Ýunusdyr nigäre nahan, Hak doludyr iki jahan,
Gelsin bäri dosta giden, hor-u husur byrak nedir?

**- 32 -**

Hekaýatyň manysyn şerh ile bilmediler,
Erenler bu dirligi ryýa direlmediler.

Hakykat bir deňizdir, şerigatdyr gämisi,
Çohlar deňizden çykyp, deňize dolmadylar.

Bular geldi tapuýa, şerigat tutdy durar,
Içeri giribany, ne baryp bilmediler.

Ýunus, adyň sadykdyr bu ýola geldiň ise,
Adyn degşirmeýänler bu ýola gelmediler.

## - 33 -

Goýup gel nagş-u nigäri, nagşa ýol berme zynhar,
Nagyş-le ýola giren, akybet dünýä söýer.

Dünýäýi byrak elden, dünýä hyjap bu ýolda,
Iki yşk bir köňülden asla geçmez, bu habar.

Ýa söýgül, dünýä tutgul, ýa söýgül ýol elitgil,
Iki dawa bir many bu ýolda sygmaz diýrler.

Geç mahluk tagatyndan, göz yrma dost gatyndan,
Aldanma pany nagşa, «Pany nagşy ne?» diýrler.

Galma bu degme reňe, ýüz müň ýyllyk parsaňa,
Iki jahan bir ädim çaşyrmadan äderler.

Bu döwrandan ötegör, kerwen gitdi ýetegör,
Gorky bar sagda-solda, haýykmadan giderler.

Ýaban ýolun göz etme, ýol öýde, daşa gitme,
Jan ýoly jan öýünde, jan razyny jan duýar.

Jan razyny jan bile, jan razyn bermez dile,
Gerçek aşyk dost ile, ýalany haçan söýlär?

Owwal gadymdan bäri, wahdet öýüne gelen,
Refi gider geçeri, Ýunus daşa bihabar.

## - 34 -

Yşksyz adam dünýäde, belli biliň, ýok durar,
Her birisi bir nesnä söýgüsi bar aşykdyr.

Çelebiň dünýäsinde ýüz müň dürli söýgi bar,
Kabul et kend-özüňe, gör haýsysy laýykdyr.

Biri rahmany-rahym, biri şeýtany-rajym,
Onuň ýazygy, muzdy söýgüsine tagallykdyr.

Dünýede pygamberiň başyna geldi bu yşk,
Terjimany Jebraýyl, magşukasy Halykdyr.

Omar-u Osman, Aly — Mustapa ýaranlary,
Bu dördüniň ulusy Abubekir Syddykdyr.

Älem fahry Muhammet magrajy açdygynda,
Çelepden diledigi ummatyna azykdyr.

Ýunus, saňa hakykat bu durar buýurdygy,
Gözüň-le gördügiňe dönüp bakma, ýazykdyr.

## - 35 -

Geliň soruň bu janlara suratyndan n-oldy[1] gider,
Tün-gün seni kimdir eken, sebäbi nä bildi gider.

[1] Noldy — ne oldy, name boldy

Ajap degil gider ise, suraty terk eder ise,
Ýalňyş, ýalan, gybat degil, duşdan habar geldi gider.

Hany onuň mülk-ü maly, terk eýlemiş jümlesini,
Ol patyşa dergähine heman amal aldy gider.

Eýle ki dost olmuş eken, ol işler düzülmiş eken,
Belli biliň jan suratyn sakalyna güýldi gider.

Eýlär idi satuw bazar, bir pul üçin kine bozar,
Olmuş bu dünýe bizar, ýeňsiz köýnek geýdi gider.

Müňi dogar, müňi gider, buýruk beýle gelmiş meger,
Kimdir bu dünýäýe doýar, peýmanasy doldy gider.

Erte gije söýleşi ban, Haky bilemiň diýiban,
Ýunus aýdar, misgin olan munda Haky bildi gider.

**- 36 -**

Derwüşlik diýdikleri bir ajaýyp durakdyr,
Derwüş olan kişiýe owwal dirlik gerekdir.

Çün ärde dirlik ola, Hak ile birlik ola,
Barlygy elden goýup, äre gulluk gerekdir.

Gulluk eýle erene, şarkdan garby görene,
Senden habar sorana ki misginlik gerekdir.

Hak äre meniň diýdi, barlygyn ärde goýdy,
Erenleriň hümmeti ýerden göge direkdir.

Bu derwüşlik beratyn okamady müftiler,
Onlar ne bilsin ony, bu bir gizlin warakdyr.

Ýunus sen aryp iseň, aňladym, bildim diýme,
Tut misginlik etegin, ahyr saňa gerekdir.

**- 37 -**

Sen hut bize bizden ýakyn, görünmersiň hyjap nedir?
Çün aýby ýok görkli ýüzüň, ýüzüň üzre nykap nedir?

Sen aýtdyň, eý, patyşa: «Ýuhdillahu limen ýeşa[1]«
Şärigiň ýok seniň, eý, şa, suçly kimdir, azap nedir?

Lowh üzre kimdir ýazan, azdyran kim, kimdir azan?
Bu işleri kimdir düzen, bu sowala jogap ýokdur.

Rahymdyr seniň adyň, rahymlygyň bize diýdiň,
Mürşitleriň buşdulady «Lä taknatu[2]« hytap nedir?

Bu işleri sen bilersiň, sen berersiň, sen alarsyň,
Ne kim dilärsiň, kylarsyň, ýa bu sorag, hasap nedir?

Hany bu mülküň soltany, bu ten ise, hany jany?
Bu göz görmek dilär ony, bu merjug-u megap nedir?

---

[1] Ýuhdillahu limen ýeşa — Ony islän kişisine halal eder.
[2] Lä taknatu — Umydyňyzy üzmäň.

Ýunus, bu göz ony görmez, görenler hut habar bermez,
Bu menzile akyl irmez, bu kowdugyň serap nedir?

## - 38 -

Ne bakarsyň daş gapyda, gir içeri, näler gezer,
Tama oturar daýyma, sap baglamyş, pitne düzer.

Gel indi gel kanagata, gapyl olma, tiz mün ata,
Olmaýa kim ajal ýete, pasyt ola satuw bazar.

Sen kanda iseň teslim ile hemmelerden aşaga dur,
Edep täjin başyňa ur, gör mowset niçesi gyzar.

Ýaramazdyr mühl-u haset, kibr-mubaryzdyr gaýet,
Köküni gaz, ýabana at, paryg otur, eý, gamgüzar.

Goýgul bu dünýä babyny, öwren dostluk edebini,
Aýdarsyň: «Sor, iste meni, maňa gelen kaldan bezer».

Kibr-u menidir subaşy[1], telim kişidir ýoldaşy,
Sen olmagyl onuň eşi, oňa uýan ýoldan azar.

Bar diýdigim ýerlerdedir, hakd-u hasedi oda ur,
Yhlas gele, jümleýe ýör, Ýunus ýoly ýawlak durur.

[1] Subaşy — emeldar, goşun başy.

## - 39 -

Eşit sözümi, eý, gapyl, daň-le säher wagtynda tur,
Eýle buýurmyş ol kämil, daň-le säher wagtynda tur.

Eşit ne diýr horazyňyz: «Daň-le beriler ruzyňyz»,
Dost dergähine tutgul ýüz, daň-le säher wagtynda tur.

Eşit sözümi, eý sagyr, tä tereziň gele agyr,
Ýalbar Çelebiňi çagyr, daň-le säher wagtynda tur.

Ýatanlaryň ýatly haly, hiç mesneýe irmez eli
Säher öser rehmet ýeli, daň-le säher wagtynda tur.

Guşlar ile turgul bile, kyl namazy ymam ile,
Ýalbar, günähiňi dile, daň-le säher wagtynda tur.

Okuna Gurhan-u Ýasyn, gulak tutup diňleýesiň,
Dagça günähiň ýuwasyň, daň-le säher wagtynda tur.

Okuna hadys-u kelam, diýerler «Aleýhyssalam!»,
Aşyk iseň, belli bilem, daň-le saher wagtynda tur.

Halal ola saňa uçmah, uçmada hüýrleri guçmak,
Köwser şerabyny içmek, daň-le säher wagtynda tur.

Misgin Ýunus, aç gözüňi, oýar gaflatdan özüňi,
Tä bilesiň kend-özüňi, daň-le säher wagtynda tur.

## - 40 -

Bu wujudyň şährine bir dem giresim geler,
Içindäki soltanyň ýüzün göresim geler.

Eşiderem sözüni, görmemizem ýüzüni,
Ýüzüni görmeklige janym beresim geler.

Her gapyda bir kişi, ýüz müň perisi bardyr,
Yşk gylyjyn guşanyp, jümle gyrasym geler.

Erenleriň söhbeti, artdyrar magrypaty,
Bidertleri söhbetden her dem süresim geler.

Leýliýi-Mejnun menem, Şeýdaýy Rahman menem,
Leýli ýüzün görmäge Mejnun olasym geler.

Dost oldy bize myhman, niçe ýyl munça zaman,
Gerçek Ysmaýyl kibi gurban olasym geler.

Misgin Ýunusyň nebsi dört tebigat içinde,
Yşk ile jan syrryna pynhan barasym geler.

## - 41 -

Ýandy, ýüregim tutaşdy, bu jigerim kebap durur,
Aşyklaryň şerbetleri bu derdime sebäp durur.

Bir niçeleri yşk düzer, bir niçeleri yşk bozar,
Bir niçeler esrik gezer, eýle kim bar harap durur.

Yşk ile çalyndy galam, yşka ýesir durur älem,
Aşyklar arasynda Jebraýyl dagy hyjap durur.

Medreseler müderrisi okamadylar bu dersi,
Şeýle ki galdylar ejiz, bilmediler ne bap durur.

Azazyl gör dawa kyldy, dawasy bak ýalan oldy,
Ýalan dawa kylanyň bes, jezasy azap durur.

Ölmez bu yşk bilişleri, esrik mejlis serhoşlary,
Daýym bularyň işi çaň-u şeşte rubap durur.

Ýunus, imdi misgin ol, hem misginlere gul ol,
Syra misgin olanlary, arzuwlaýan Çelep durur.

**- 42 -**

Patyşalyk seniňdir, haýbatyň bar,
Ýaratdyň ýer-u gögi, gudratyň bar.

Binyşansyň, nyşanyň kimse bilmez,
Eger çi binahaýat aýatyň bar.

Jümle yns-u melek, wagşy-u taýr,
Hemmäniň üstüne ybadatyň bar.

Ne dünýä ahyret, ne kap-u ne gäp,
Bular katra derýa melekutyň bar.

Ne reň-u ne şekil, ne kad, ne kamat,
Ne jöwher-u araz, ne suratyň bar.

Seniňdir arş-u kürsi, lewh-u galam,
Döner çarh, ýer durar, hoş hikmetiň bar.

Bu bir ýüz ýigrimi dört müň nebiýe,
Gije magraç, gündiz mynajatyň bar.

Dört ýüz kyrk dört müň tabakat öwlüýä,
Berilmiş anlara keramatyň bar.

Alty müň alty ýüz altmyş-u alty
Okalar halk üzre aýatyň bar.

Bu amala Ýunus nije geçiler,
Reýgan jümläýe çoh rehmetiň bar.

## - 43 -

Meniň köňlüm, gözüm yşkdan doludyr,
Dilim söýlär ýary, ýüzüm suluwdyr.

Ot agajy kibi ýanar wujudym,
Tütünim görene säher ýelidir.

Çokal-jöwşen yşkyň oduna doýmaz,
Oky jana batar, gaty ýalydyr.

Okaram şahymy kendu dilimçe,
Şahym aýdar maňa: «Her dem geledir».

Seni söýenleriň olamy akly?
Bir dem usly ise, her dem dälidir.

Ýunus, sen toprak ol eren ýolunda,
Erenler menzili arşdan uludyr.

## - 44 -

Eý, dost, seni söýerem jan içre ýeriň bardyr,
Gije-gündiz oýanmaz ajap ahwalym bardyr.

Gül göre durar eken, tikene sunmaz eliň,
Gorkma duşmanlaryňdan çün dogry ýeriň bardyr.

Duşmanlar aýdar maňa: «Söz diýmek kandan saňa?»
«Söz diýmek kandan maňa? Ylla ussadym bardyr».

Ele getir, dökeli, harç eýle misginlere,
Dünýeýi kimse tutmaz, soň ujy ölüm bardyr.

Mundan kend-özüň giden, ol durar ýolda galan,
Meniň bir garynjaýa, wallah, ysnadym[1] bardyr.

Ýunus, misgin kend-özüň, toprak eýlegil ýüzüň,
Magşukaýa ýaraşar bir misginligim bardyr.

[1] Ysnat — bir sözi (habary) birine ýetirmek.

**- 45 -**

Sensiň meniň janym jany, sensiz kararym ýok durur,
Uçmada sen olmaz iseň, wallah, nazarym ýok durur.

Baksam seni görer gözüm, söýlär isem sensiň sözüm,
Seni gözlemekden dagy ýegräk şikärim ýok durur.

Çün men meni unutmyşam, şeýle ki saňa gitmişem,
Ne kalda, ne halda isem, bir dem ararym ýok durur.

Eger meni Jirjisleýin ýetmiş gez öldürer iseň,
Dönem, gaýry saňa baram, zira ki arym ýok durur.

Ýunus, dagy aşyk saňa, görkez sen didaryň oňa,
Ýarym dagy sensiň meniň, aýry nigärim ýok durur.

**- 46 -**

Buşdulaňyz aşyklara, bu yşk uly döwlet olar,
Yşk kime kim degdi ise, janynda, bil, eşret olar.

Her söýdügi terkin ura, gaýykmaýa degme, ýana,
Her dem onuň seýrangähi hem zat-u hem sypat olar.

Seýri içinde çäbikbaz, pikri daýym näz-u nyýaz,
Çün sagadat aldy hemraz, hezaran mynajat olar.

Muşahyda gapar ony, hem bikarar olar jany,
Her dem dawasyzdyr many, bu dert ile rahat olar.

Ol binyşandyr jahandan, ne diýeliň dilmiz ondan,
Ol alym-u deýýan zat her, zat içinde ol zat olar.

Behl-u tama sygmaz oňa, yzzatda galdy bir ýaňa,
Ýol bolmaz hyrs-u howa, kimde ki bu döwlet olar.

Ol işlere eli iren, Hak yşkyna köňül beren,
Dostuny ýüzbe-ýüz gören, jümle barlykdan mat olar.

Kime indi ise ol nuzul, oňa geler jümle usul,
Tagzyýete barar ise, ol öliýe rehmet olar.

Ýunus ärdir ne haýatsyz, yşk ondan dagy gaýetsiz,
Ne gaýet bar, ne nihaýat, hemmesi bir haýrat olar.

**- 47 -**

Bu semaga girmeýen, soňra puşeýman olar,
Erişer biziň ile serbe-ser duşman olar.

Dostdur bizi okyýan, üstümizde saýraýan,
Şimdi üç büjük okaýan derin danyşman olar.

Danyşmanyň jahyly unamaz derwüşleri,
Derwüş ile danyşman ýawlak üleşgen olar

Bir niçäniň köňlüne şeýtanlar dolup durar,
Erenler semagyna onlar erişgen olar.

Danyşman oldur, geldi, okydygynda bildi,
Ähli dert derwüşlere jany garyşgan olar.

Eý, biçäre danyşman, aýyt derwüş derwişan,
Derwüşlere erişen işine puşeýman olar.

Ýunus aýdar Möwlana: «Epsem öter ýerinde»
Bu söhbete doýmaýan soňra söýüşgen olar.

**- 48 -**

Aýdaram ne kyldygyn meniň ile ol dilpezir,
Her dem ýaňy işwe ile, meni ýaňy kylar ýesir.

Her kançara bakar isem, oldur gözüme görünen,
Ne howsala ola mende ýa hut oňa laýyk basyr.

Nije ömrüm olar ise, azatlygym muhal durar,
Saýýadyň elindedir duzaga tutulan naçar.

Akyla ne hoşdur nepes, näteligini sorma onuň,
Niçe nyşan aýdy berem, ol misli ýokdur binazyr.

Wada kesildi hemmäýe, kim ýaryn görerler ony,
Meniň ýarym munda durar, munda göründi ol kadyr.

Ýunusyň jümle bakymy gark oldy dost didaryna,
Hiç galmady onsuz ara, doly göründi jümle ýer.

## - 49 -

Eger gerçek aşyk iseň, boýnuňdaky menşur nedir?
Hak ýoluna sadyk iseň, ýalňyş sanaw, tezwir nedir?

Syýmak[1] gerek köňlüň butun, pasytdyr jümle tagatyň,
Geçmeýinçä ybadatyň, Hakdan saňa magzur nedir?

Çünki adyň oldy pylan, hep diriligiň oldy ýalan,
Diýsin bize magny bilen, hakykatda mestur nedir?

Terk eýlegin ten tertibiň, gider senden menlik adyň,
Içiň ymarat olmadan daşyňdaky magmur nedir?

Aýdarsyň kim gözüm görer, dawaýy manyýe erer,
Gündiz güneş şöhle berer, gije ýanan ol nur nedir?

Günde biriň gide durar, goňşyň sapar ede durar,
Ajal bir-bir ýuta durar, bu dünýäýe magrur nedir?

Mömün iseň gel, gel bäri, jepbar ola borjy bere,
Pahr edeliň murşit ile, mälim ola müňkür nedir?

Munda «Bola» diýen kişi, onda tamam olar işi,
Bizden nyşan isteýäne ol Hallajy Mansur   nedir?

Ýunus, imdi söýle haky, Alla oldy saňa saky,
Gidir köňlüňdäki şeki, eliňdäki mengur nedir?

---

[1] Syýmak — gyrmak, bozmak.

## - 50 -

Aryplar ortasynda sopulyk satmaýalar,
Çün sopyýa yhlas oldy, yşka ryýa gatmaýalar.

Ýa bildigiňi aýyt, ýa hut bilenlerden eşit,
Teslimlik ujuny tut, hiç sözi uzatmaýalar.

Mumly baldyr — şerigat, totsuz ýagdyr — tarykat,
Dost üçin baly ýaga ne üçin gatmaýalar?

Gymmatyn duýar iseň, neýe deger işbu dem,
Erenleriň manysyn bilmeze satmaýalar.

Misgin Adam ýaňyldy, uçmada bugdaý iýdi,
Işi Hakdan bilenler şeýtandan tutmaýalar.

Şirin hulklar eýlegil, datly sözler söýlegil,
Söhbetlerde Ýunusy hergiz unutmaýalar.

## - 51 -

Eşidiň, heý, ulular ahyrzaman olysar,
Sag musulman seýrekdir, ol-da güman olysar.

Danyşment okyr, tutmaz, derwüş ýolun göz etmez,
Bu halk öwüt eşitmez, sagyr zaman olysar.

Gitdi begler mürweti[1], münmüşler birer aty,[2]
Iýdigi ýoksul eti, içdigi gan olysar.

Ýagny är galmyş ýerden, elin çekmezden şerden,
Teçjal gopuşar ýerden, ahyrzaman olysar.

Bir-birne ýowuz sana, etdigiň galar saňa,
Ýaryn magşar gününde jümle aýan olysar.

Eý, Ýunus, imdi seniň yşk ile geçsin günüň,
Söwdügiň kişi seniň janyňa jan olysar.

**- 52 -**

Yşk äriniň köňli doly patyşadan haznasydyr,
Yşksyz adam ne aňlasyn, çün şerigat manysydyr.

Yşkdyr aşyklar dermany, yşkdan hasyldyr myrady,
Yşk kişiniň söhbeti yşksyz kişiýe beladyr.

Kimi awrat-oglan söýer, kimi mülk-hanyman söýer,
Kim sermaýa dükan söýer, bu dünýä haldan haladyr.

Aşyk dünýäýi näder, akybet bir terk eder,
Yşk etegin tutmuş gider, her kim gelerse saladyr.

Bezmi-ezelde patyşah, elime sundy bir kadah,
Içeliden kylaram ah, bilmezem ne piýaladyr.

---

[1] Mürwet — mürrewwet, nurbat, rehim.
[2] «Atlaryny bir özleri münerler» diýen manyda.

Çün ezelden, Ýunus, seniň, yşk-le esredi bu janyň,
Dergähine her dem onuň walih-u haýran galadyr.

**- 53 -**

Eý, tün-u gün Hak isteýen, bilmezmisiň Hak kandadyr?
Her kandasam, onda häzir, kanda bakarsam ondadyr.

Istemegil Haky yrak, köňlüňdedir Haka durak,
Sen senligiň elden byrak, tenden içeri jandadyr.

Gir köňüle bolasyň Tur, sen-menligiň depderin dör,
Has göwher är köňlündedir, sanma ki ol ummandadyr.

Ol ummanda ýüz müň göwher, bir zerreden boldy kemter,
Ol jana zowal ýok durur, zowally jan haýwandadyr.

Eýle suratyňy beren, jan syrrydyr oňa iren,
Batyn gözüdir dost gören, zahyr gözi ýabandadyr.

Kim ki gaflat içre geçer, jany zowal suwun içer,
Derwüş syry arşdan uçar, gerçegi ýer ýüzündedir.

Ýunus Emre, gözüň aç, bak, iki jahan doludyr Hak,
Sydk oduna gümany ýak, ol äşgäre pynhandadyr.

## - 54 -

Eý, dost, munça kyl-u kal ne maksat, hut bir habar durur?
Ýa munça jüst-u ju nedir, gör ne bir nazar durur?

Daglar aşyp, barýar söküp, eý, uzak sapar edenler,
Istedigiň munda eken, bu ne ajap sapar durur?

Hiç kylmagyl yrak sapar, ömrüň geçer, ajal irer,
Dost sendedir hylwat söýer, ne galaba heşer durur.

Gel yrak isteme ony, janyňdan içeri jany,
Seniň-le biledir ony, görmeýen bibasar durur.

Sen uýarsyň, ol uýanok, egsigini bilgil baýyk,
Dagy nije bolam tanyk, ýoldaş-u hem razdar durur.

Mesjid-u medrese sende, sen ýörersiň parakende,
Yrak galdyň bu erkanda, bu iş gaty duşwar durur.

Bu towhyt donuny geýen, barlygyny ýoga saýan,
Uşbu ýolda gaýym duran, belli biliň, ol är durur.

Ol işler tamam olajak, ol düzenlik dirilijek,
Gözüň hyjabyn sylyjak, ýer-gök doly didar durur.

Ýunus, dert ile giriban, yşkyň ýolunda dembe-dem,
Barlygyn ýoga saýyban magşuga intizar durur.

## - 55 -

Bize didar gerek, dünýä gerekmez,
Bize many gerek, dawa gerekmez.

Bize gadyr gijesidir bu gije,
Goý, erte olmasyn, säher gerekmez.

Bize yşk şerbetinden sun, eý, saky,
Bize uçmadaky köwser gerekmez.

Badýalar doly-doly, içeliň biz,
Biz esrik olmarys, humar gerekmez.

Eger bu dert ile hasta düşäýsem,
Sapalyk bermesin, timar gerekmez.

Gerekmez, ýar gerekmez, jan gerekmez,
Bize didar gerek, deýýar gerekmez.

Ýunus, esriiban düşdi susakda,
Çagyrar Tapdygyny, är gerekmez.

## - 56 -

Keleçi bilen kişiniň ýüzüni ag ede bir söz,
Sözi bişirip diýeniň işini sag ede bir söz.

Söz ola — keser söweşi, söz ola — kestire başy,
Söz ola — awuly aşy bal ile ýag ede bir söz.

Keleçileriň bişirgil, ýaramazyny çaşyrgyl,
Sözüň usula düşürgil, diýmegil çag ede bir söz.

Gel ahy, eý, şähriýary, sözümizi diňle bäri,
Hezaran göwher-u dinary gara toprag ede bir söz.

Kişi bile söz diýmäni, diýmeýe sözüň kemini,
Bu jahan jähennemini sekiz uçmah ede bir söz.

Ýöri-ýöri ýoluň ile, gapyl olma biliň ile,
Keý sakyn, keý diliň ile, janyňa dag ede bir söz.

Ýunus, imdi söz ýatyndan, söýle sözi söz gatyndan,
Keý sakyn o şa katyndan, seni yrag ede bir söz.

**- 57 -**

Hiç bir kişi bilmez bizi, biz ne işiň içinde biz,
Ne hyrsymyz boşdyr biziň, ne nebsimiz içinde biz.

Bir kimsäniň döwletine tagn ediban biz gülmeris,
Ne müňkür biz alymlara, ne tersanyň haçynda biz.

Biz munuň näligin bildik, dünýäniň näsine galdyk,
Arzuwmyz nebis üçin degil, dünýä teperrüjinde biz.

Ýunus aýdar, eý, soltanym, özge şanym bardyr meniň,
Goý dünýä altyn-kümüşin, ne bakyr-u tunçunda biz.

## - 58 -

Hak jahana doludyr, kimseler Haky bilmez,
Ony sen senden iste, o senden aýry olmaz.

Dünýäýe ynanar sen, ryzka meniňdir diýrsiň,
Neçün ýalan söýlärsiň, çün hiç diýdigiň olmaz.

Ahret ýawlak yrakdyr, dogrulyk keý ýaragdyr,
Aýralyk sarp pyrakdyr, hiç baran gaýry gelmez.

Dünýäge gelen göçer, bir-bir şerbetin içer,
Bu bir köprüdir, geçer, jahyllar ony bilmez.

Geliň tanyşlyk edeliň, işiň golaýyn tutalyň,
Söýeliň, söýüleliň, dünýä kimseýe galmaz.

Ýunus, sözün aňlarsyň, söz manysyn diňlärsiň,
Saňa bir amal gerek, munda kimse ne galmaz.

## - 59 -

Nädem men bu köňül ile, meniň ile bile durmaz,
Magşuk ýüzün gördi meger öwütleýip öwündirmez.

Taňry üçin, eý, uslular, köňlüm maňa alyberiň,
Bardy, bilişdi dost ile, gaýry maňa boýun bermez.

Munuň kibi köňül ile niçe dirlik ede bilem,
Byrakdy ýabana meni, bir gün gelip halym sormaz.

Köňlüm maňa ýoldaş eken zuhd-u tagat kylar idim,
Ýykyldy bu tertiplerim, köňülsizem, elim irmez.

Köňül içeri dost ile, men gapyda perýad-u zar,
Müň ýyl zary kylar isem, «Halyň nedir?» diýe sormaz.

Aýdar isem: «Eýa, köňül, hany paryza ýa sünnet?»
Aýdar: «Ýok, teşwüşi goýa, bu soýa amal sygmaz».

Ikileýin aýdar isem: «Gel boýnuňda borç galmasyn,»
Kakyr-söger, boşar maňa, aýdar ki: «Eý, Haky görmez!»

Agyz agyzdan gutludyr, ola ki sözüňiz tuta,
Men ýüz müň gez söýlär isem, sözüm gulagyna girmez.

Köňlüm dagy, janym dagy, el bir etdi şol ikisi,
Ýüz müň Ýunusdan parahat dost ýüzünden gözün yrmaz.

**- 60 -**

Eý, maňa «Eýi!» diýen, menem hemmeden ýowuz,
Alnymy Aý bilerem, bu gözlerimi ýyldyz.

Bu wujudym şährinde püçek-püçek uçuk ýok,
Amalym mahallary serbe-ser galmyş yssyz.

Hüjrede-ýu bujakda Haka laýyk olmadym,
Kimde derd-u pyrak bar, kimlerde heserli söz.

Halk hep aýagyn durar, men segirdim oturdym,
Geçdim sadyr ýerine, galyň düşek, ýerim düz.

Munuň kibi saluslyk çün kim elime girdi,
Aýry ne işime ýarar derd-u, pyrak-u, ah-u suz.

Men bir kitap okadym, galam ony ýazmady,
Mürekkep eýlär isem, ýetmeýe ýedi deňiz.

Men oruç, namaz üçin süji içdim, esrär idim,
Tesbih-seçjada üçin diňlärem şeşte gopuz.

Ýunusyň bu sözünden sen many aňlar iseň,
Konyýa minarasyny görersiň, bir çuwalduz.

**- 61 -**

Nijeler bu dünýäde günäsini ýuwumaz,
Ömri geçer ýok ýere, eý, daryga duýumaz.

Bir niçe kişileriň gaflat gözün baglamyş,
Hak ýoluna diýr iseň, übtüge gyýymaz.

Bu dünýä bir gelindir, ýaşyl-gyzyl dolanmyş,
Kişi ýaňy geline bakybany doýumaz.

Eý, niçe arslanlary alar, agdarar ölüm,
Ezraýyl penjesine bir ýoksulça duýymaz.

Bar imdi, misgin Ýunus, urýan olup, gir ýola,
Ýüz çokally geler ise, ýalaňajy soýumaz.

### - 62 -

Yşk ärine dünýäde ne haryr-u ne atlas,
Zyra kim köňli onuň tutmady kebir-le pos.

Iş amal ile biter, laýyk olarsa ýeter,
Gerekse urýan ýöri, gerekse geýgil lybas.

Dilär iseň, barasyň parahat menziliňe,
Bir kanagat darynda nebsiň bogazyndan as.

Nebsiniň barlygyny akly-külle ulaşdyr,
Barlygyň ýoga degşir, galmasyn sende höwes.

Bu hemme takatlaryň başy misginlik imiş,
Gel imdi, misgin Ýunus, tamanyň ýaýyny ýas.

### - 63 -

Dostdan habar geldi ýene, gullar ýarag etsin diýmiş,
Diriliban öwlüýäden, bir el etek tutsun diýmiş.

«Men söýerin şol gulumy, ýoksul ola sabyr eýleýe,
Menden oňa ýol eýledim, magrajyma gitsin!» diýmiş.

«Şol gahar-le gazananlar, güle-güle iýdirenler,
Göterdim perdelerini, didaryma baksyn!» diýmiş.

Her bir kişi dosta bara, armaganyn dosta bere,
Anda bizi aňmaýanlar, munda-da unutsyn!» diýmiş.

«Pany dünýäden geçeris, baky mülküne göçeris,
Armagan gerek dosta, ýükli ýükün tutsun!» diýmiş.

«Aýydyň Ýunusa, tursun, ýüzüni topraga sürsün,
Öwüdin kendiýe bersin, okadygyn tutsun!» diýmiş.

**- 64 -**

Bilenlere sormak gerek bu tendäki jan ne imiş?
Jan hut Hakyň gudratydyr, damardaky gan ne imiş?

Pikir ýumuş oglanydyr, endişe, gaýgy ganydyr,
Bu ah-u wah yşk donudyr, tagt oturan han ne imiş?

Şükür onuň birligine, ýoklugyn oş bar eýledi,
Çünki ezelden biz ýowuz, mülki-hanyman ne imiş?

Çelep iberipdi bizi «Bar, dünýäýi görüň!» diýe,
Bu dünýä hut baky degil, mülke Süleýman ne imiş?

Soruň Tapdykly Ýunusa, bu dünýäden ne aňlady,
Bu dünýäniň karary ýok, sen ne imiş, men ne imiş?

**- 65 -**

Erenleriň ýollary inçeden inçe imiş,
Süleýmana ýol kesen şol bir garynja imiş.

Köňlüm maňa aýdardy: «Seni söýerem!» diýrdi,
Köňlüm uýdugy maňa, dosty bolunça imiş.

Götermedi kimse ne, kimse näniň güýjüni,
Güýç göterdim diýenler eli irinçä imiş.

Aşykyň gözi-ýaşy tün-gün döküler, durmaz,
Aşyk gan agladygy magşuk sorunça imiş.

Aýdarlar idi maňa «Aşyk awara olar»,
Geldi başyma, gördüm, ol söz ýerinçe imiş.

Dört kitabyň manysyn okadym, hasyl etdim,
Yşky gelinçeň gördüm, bir uzyn heje imiş?

Men derwüşem diýenler, haramy iýmeýenler,
Haramyň iýmedigi ele girinçä imiş.

Aýdarlar pylan öldi, mülk ile maly galdy,
Ol malyň erklidigi eýesi ölünçä imiş.

Iki kişi söýleşir — «Ýunusy görsem» diýe,
Biri aýdar: «Men gördüm, bir aşyk goja imiş».

**- 66 -**

Ol men söýdügim nigär, nädem, ol menden paryg,
Ne berip, hoş görünem, iki jahandan paryg.

Kimden kime baraýyn ahwalym söýlemäge,
Sözüm kime diýeýin sözden lisandan paryg.

Jahanda kim girişer bu işiň arasyna,
Eý, kim höküm ede bile soltan-u handan paryg.

Gerekse musulman olam, müň ýyl ybadat kylam,
Gerekse kapyr olam, küpr-u imandan paryg.

Gerekse ähli millet paryzasyn bekleýem,
Gerekse şöhrat kowam, şöhrat-u dinden paryg.

Gerekse illigiňde ýüz müň gez münber örem,
Gerekse şirk besläliň sydk-gümandan paryg.

Nije tejaret ile kesp görkezem men oňa,
Şeýle gadyrdyr ol kim sudu zyýandan paryg.

Niçesi gulluk ile söýle bilem men oňa,
Has-u a:m ony söýer, jümle söýenden paryg.

Onuň kibi magşuga kim köňül berdi ise,
Biadat tertip gerek, ol ondan-mundan paryg.

Ýunus, sen söýer iseň hakykat magşukaýy,
Paryg ol jümlesinden, göwn-u mekandan paryg.

**- 67 -**

Şükür Haka, kim dost bize aýytdy: «Dost ýüzüne bak!»
Açdym men-de köňlüm gözün, soltanymy gördüm mutlak.

Çünki gördüm men Hakymy, Hak ile olmuşam biliş,
Her kançaru bakdym ise, hep görünendir jümle — Hak.

Açyk, duw açyk gapysy dostlary üçin ol Hakyň,
Dosty olmak dilär iseň, dostlardan oka bir sapak.

Hyjapdasyň bu gün seni görkezmezler, belli saňa,
Hyjap diýdigimi aňla, dünýälikdir gözden byrak.

Sen-seni bilimeýinçä, äre nazar kylmaýynça,
Senligi ara ýerden gidirmeseň oldy duzak.

Ýedi deňiz-u dört yrmak seni mismil eýlemeýe,
Çünki işiň o Hak ile olmady ise, galdy yrak.

Öwlüýädir Hak gapysy, Ýunus durur gapyçysy,
Yşk ile geldi bu ýola, yşky edindi hem durak.

**- 68-**

Eý, çoh kitaplar okyýan, sen kim tutarsyň, maňa bak,
Tä bilesiň syrry-aýan, gel yşkdan oka bir warak.

Ger sen seni bildiň ise, surat terkin urduň ise,
Sypat nedir bildiň ise, ne kim diýr iseň maňa hak.

Bilmeýesiň betnam-u nam, bir ola saňa has-u a:m,
Bildiň ise ylmy tamam, gel, yşkdan oka sapak.

Okamagyl ylmyň ýüzün, ylma amal eýle güzün,
Aç köňülden batyn gözün, aşyk-magşuk halyna bak.

Bakgyl aşyk ne işdedir, magşuka ol jünbüşdedir,
Ikisi bir teşwüşdedir, iki sanyp, bakma yrak.

Ikilikden geçäýmediň, haly kaldan seçäýmediň,
Dostdan ýaňa uçaýmadyň, fakyhlyk oldy saňa fak.

Jüpbe-ýu hyrka, täj-u tagt bular bererler, yşka paç,
Dört ýüz mürid-u, elli haç terk eýledi Abdyrazzak.

Onuň kibi din ulusy, haç öpdi, çaldy nakusy,
Sen dagy byrak namysy, nebsiň itini oda ýak.

Aşyke-magşuk birdir bile, yşkdan geler her söz dile,
Biçäre Ýunus ne bile, ne gara okady, ne ak?

**- 69 -**

Biz kime aşyksak biz, älemler oňa aşyk,
Kime degil diýeliň, bir gapydyr, bir taryk.

Biz neýi söýeris biz, magşuka ony söýer,
Dostumyzyň dostuna ýat endişe ne laýyk.

Sen gerçek aşyk iseň, dostuň dostuna dost ol,
Ger beýle olmaz iseň, dostum diýmegil baýyk.

Kime az bakar ise, asly uja ýerdedir,
Muň ýerinde durana sygyna geçer paryk.

Ýetmiş iki millete gurban ol, aşyk iseň,
Tä aşyklar sapynda tamam olasyň sadyk.

Sen Haka aşyk iseň, Hak saňa gapy açar,
Goýsana begenmegi, barlyk öýüni bar, ýyk.

Has-u a:m, mutyg-u asy dost guludyr jümlesi,
Kime aýda bilesiň: «Gel, öýüňden daşara çyk!»

Ýunusyň bu danyşy genji-nahan sözüdir,
Dosta aşyk olanlar iki jahandan paryk.

**- 70 -**

Kerem ile bir bäri bak, nykaby ýüzüňden byrak,
Aýyň on dördümisiň, balk urar ýüz-u ýaňak.

Şol bal agyzdan keleçi ýüz müň şekerden datlydyr,
Söýlär olursa bu diliň, deprener olsa ol dodak.

Otuz iki hünji bitmiş merjen içinde, eý, janym,
Gymmaty agla hünjüden, aklygy-da hünjüden ak.

Sypatyň arylygy bulgury nohut kibi,
Iki gaşyň ýaý, alnyň genç, aýa berer sapak.

Gören seni perwana dek nije oda düşmesin?
Gözleriniň bakyşy jan alar iki çyrak.

Yşkyň zemzemesinden aşyk boýny zynjyrly,
Azatlyk istemez ol olsa, wujudy toprak.

Haýsy bir nesnäni ki dil nije şerh eýlesin,
Ylahy sen beklegil ýowuz gözlerden yrak.

Eşitdim boýuň seniň serwiden agla imiş,
Dagy gözüm görmeden boýuny, söýdi gulak.

Ýunus Hak tejellisin seniň ýüzüňde gördi,
Çäre ýok aýrylmaga, çün sende göründi Hak.

## - 71 -

Dost ýüzüne bakmaga keý sapa nazar gerek,
Dost ile bilişmäge jan gözi bidar gerek.

Yzz-u näzden geçiban, tertipler terk ediban,
Barlyklar tükediban ýüz müň ol gadar gerek.

Barlykdyr hyjap gaty, kim ýyka bu hyjaby?
Dost ýüzünden nykaby götermäge är gerek.

Hyjap olduň sen saňa, ne bakarsyň dört ýaňa,
Gaýkymaz öňe, saňa, şuňa kim didar gerek.

Gel imdi hyjabyň ýyk, hyrs öýünden daşa çyk,
Hak bagyşlaýa towpyk, kast ile hünär gerek.

Aşyga yzzat-u ar, wallah, bedyg bu habar,
Aşyk iseň jansyz gel, ne ser-u destar gerek.

Sen seni elden byrak, dost ýüzüne sensiz bak,
Mansurlaýyn «Enel-Hak» dagy sebukbar gerek.

Kim dost ile bilişe, lajerem derde düşe,
Aşyk jany hemişe sermest-u humar gerek.

Dost ile bilişen jan, oldur kendiýe gyýan,
Barlyk leşgerin syýan, dagy çäbikter gerek.

Terk eýle kyl-u kaly, dosta bergil mejaly,
Ýoklukdadyr wysaly, hemmeden güzer gerek.

Akyl erdigi degil, bu göz gördügi degil,
Dile söz berdigi degil, bilisan, basar gerek.

Eşit, eşit, heý, eşit, dost katyna sensiz git,
Dosta gidene öňden, kendisiz sapar gerek.

Monjuk degil syr sözi, gel gideliň, goý sözi,
Dosty görmez baş gözi, aýryksy beser gerek.

Ýunus, imdi ýawa bar, bolaýmasyn ile şer,
Kim Hak diýsin kim batyl, derwüş berdbar gerek.

**- 72 -**

Ger ulyýa irdiň ise, surat nagşy näňdir[1] seniň?
Manyýa ýol bolduň ise, uşbu dünýä näňdir seniň?

Sen dünýäniň terkin urgyl, gelip yşk öýüne girgil,
Ilerki menzile irgil, gire galmak näňdir seniň?

[1] Näňdir — bu ýerde: nämäňdir, nämäňe gerek diýen manyda gelýär.

Bu wujudyň sermaýasy od-u, suw, toprag-u ýeldir,
Her biri aslyna gider, gapyl olmak näňdir seniň?

Buthana we şeraphana, mesjit oldy gerçek jana,
Bir puluň barmaz zyýana, ýalançylyk näňdir seniň?

Çün ahyrete kowasyň, goý bu ýalançy dawasyn,
Mal-u hazyna söýesiň, aşyk iseň näňdir seniň?

Meniňdir diýe durarsyň, Hakykat dawa edersiň?
Patyşah sujuna galmaz, gümra olmak näňdir seniň?

Tün-u gün gaýgylar iýrsiň, nädeýin ýoksulyn diýrsiň,
Ol jomartdyr ryzkyň berer, gaýgy iýmek näňdir seniň?

Iýgil, iýdirgil biçärä, egsilerse Taňryň bere,
Bir gün teniň ýere gire, gaýry galan näňdir seniň?

Ýunus, sen esrimişsiň ol patyşa badyýasyndan,
Bihud eken erdiň Haka, aýyk olmak näňdir seniň?

## - 73 -

Näderis dirlik suwun, jany ýagmaýa berdik,
Jöwheri serraplara, magdan ýagmaýa berdik.

Bizem il bezirgeni, hiç yssy göz etmedi,
Çün yssy bizim degil, zyýany ýagmaýa berdik.

Bu ýoluň aryplary geçirmezler matany,
Biz hut urýan gideris, dükany ýagmaýa berdik.

Küpr ile iman dagy hyjap imiş bu ýolda,
Sapalaşdyk küpr ile, imany ýagmaýa berdik.

Ýüz müň ýyl ömür olsa, bir guşlukça degildir,
Geçdik bitmez sagyşdan, zamany ýagmaýa berdik.

Peýanly döwri-zaman çoh egledi Ýunusy,
Peýansyz döwre irdi, döwrany ýagmaýa berdik.

**- 74 -**

Musulmanam diýen kişi, şerti nedir bilse gerek,
Taňrynyň buýrugyn tutup, bäş wagt namaz kylsa gerek.

Daň-le turup başyň galdyr, elleriňi suwa daldyr,
Tamudan azatly oldur, gullar azat olsa gerek.

Öýle namazyň kylasyň, her ne dilär sen, alasyň,
Nebis duşmanyn öldüresiň, nebis hemişe ölse gerek.

Ol ikindiýi kylanlar, ary dirlik dirilenler,
Olardyr Haka irenler, her dem onlar irse gerek.

Agşam durar üç paryza, dagça günähiň eride,
Eýi amallaryň sende şem-u çyrag olsa gerek.

Ýassy namazyňa ol häzir, häzirleri söýer Kadyr,
Imanyň egsigin bitir, iman pişrow olsa gerek.

Her kim bu sözden almady, bäş wagt namazy kylmady,
Biliň musulman olmady, ol tamuga girse gerek.

Görmezmisiň Mustapany, niçe bekledi wepany,
Ummat üçin ol sapaýy, ummat oňa irse gerek.

Beklär iseň din gaýratyn, bermegil nebse myradyň,
Ýunus Nebi salawatyn yşk ile degirse gerek.

**- 75 -**

Ne söz keleçi diýr isem, dilim seni söýlejek,
Kanda ýörürsem ýörürem, senden ýaňa gaçar dilek.

Hakdyr, seni söýmezlere jansyz suratdyr diýr isem,
Onuň üçin janlylara seniň kibi magşuk gerek.

Söýlediň jümle äleme, heniz nykap içindesiň,
Bir dem perdesiz ýöreseň, iki jahan olar heläk.

Döw-u peri, yns-u melek, söýer seni her mahlukat,
Haýran olup bilelikde durmuşmydyr hüýr-u melek.

Noşdur seniň eliň ile zähr-u katl içer isem,
Bilmeziň ne manysy bar, ol olar janyma terýak.

Ger şähd-u şeker iýr isem, sensiz awydyr janyma,
Çün janymyň sensiň dady, kanda bolam senden ýegräk?

Ýüz müň eger jebr-u jepa ugrar ise suratyma,
Hiç egsilmez şatlygym, jümlämiz ýüz, seni söýmek.

Ne bar, eger Ýunus dagy yşk içinde zerre ise,
Yşk dady-le gaýym durar ýer ile gök, çarhy-pelek.

**- 76 -**

Dünýäge gelen kişiler, ýola bile gelmek gerek,
Ölümiňi aňybany tün-u gün aglamak gerek.

Bu dünýä gahar öýüdir hem baky degil, panydyr,
Aldanyban galma muňa, tiz tobaýa gelmek gerek.

Nä durar dünýä çohlugy, äşgäre durar ýoklugy,
Barlyk saraýyň hakykat, ahyreti bilmek gerek.

Gel imdi tur bu panydan, mahrum galmadyň bakydan,
Takat kylyp bu dünýäden, gul nesibiň almak gerek.

Gorkar iseň sen tamugdan, gel alçak olgul hemmeden,
Ol gün inçe syratdan, bil hemmeler geçmek gerek.

Geçip gitmek dilär iseň, ýa düşmäýeýin diýr iseň,
Şol gazandygyň malyňy Taňry üçin bermek gerek.

Gazandygyňy beriban, ýoksullary hoş görüban,
Hak hezretine baryban, otdan o gutulmak gerek.

Gurhan aýdar ki «Wettaku[1]», ene aýdar ki «Tazragu[2]»,
Kaýyl olup oturmagyl, tiz tobaýa gelmek gerek.

Ýunusyň sözi şygyrdan, emma aslydyr kitapdan,
Hadys ile deňäne ki bilgil sadyk olmak gerek.

## - 77 -

Owwal bize wajyp budur, eý-u, hulk ile amal gerek,
Yslam idi gonjagymyz, ýoldaşymyz iman gerek.

Ysrapyl surun urajak, jümle mahluk oýanajak,
Sorag-hasap soralajak, arap dili lisan gerek.

Gök perdelerin açalar, eýi ýowuzdan seçeler,
Ol dem kanjar-u gaçalar, baş gutarasy ýer gerek.

Terezi gurup oturarlar, sermaýamyz getirerler,
Ol syýasat meýdanynda bu tertipleri bil, gerek.

Çagyrsalar ata-ene, gardaş gardaşdan usana,
Ýalbararlar ol Subhana, nyýaz kylasy ýer gerek.

Tükelinden bu yşk ýakyn, Ýunus, hata kylma, sagyn,
Yşkdan sowal soralyjak, jogap beresi hal gerek.

---

[1] Wettaku — Takwa boluň.
[2] Tazragu — Doga ediň.

## - 78 -

Magny äri bu ýolda melul olasy degil,
Magny duýan köňüller hergiz ölesi degil.

Ten panydyr, jan ölmez, gidenler ýene gelmez,
Öler ise ten öler, janlar ölesi degil.

Göwhersiz köňüllere ýüz müň söz aýdar iseň,
Hakdan nesip olmasa, nesip olasy degil.

Sagyngyl ýaryň köňlün syrçadyr, synmaýasyn,
Syrça syndykdan soňra bütin olasy degil.

Çeşmelerden bardagyň doldurmadyň, gurasyň,
Müň ýyl onda durarsa, kendi dolasy degil.

Şol Hydyr-le şol Ylýas aby-haýat içdiler,
Bu bir kaç ýyl içinde bular ölesi degil.

Ýaratdy Hak dünýäýi pygamber dostlugyna,
Dünýäýe gelen gider, baky galasy degil.

Ýunus, gözüň görürkän ýaragyň eýle bu gün,
Gelmedi onda baran, gaýdyp gelesi degil.

## - 79 -

Gul patyşasyz olmaz, patyşa gulsuz degil,
Patyşahy kim bileýdi gul aýtmasa «Ýort-u sowul».

Soltan hemişe soltan, gul hemişe gul idi,
Ol gadym patyşa idi usul içinde usul.

Taňry gadym, gul gadym, aýrylmadym bir ädim,
Gör, gul kim, Taňry kimdir, aňla, eý, sahyp kabul.

Bize birlik saraýyn, dogry beşaret aýyn,
Geç ikilik pikrinden, goýgul menligi, ýa gul.

Gör imdi gizlin seýri, seýr içinde syrry,
Gul bilmez bu tedbiri, kime degdi bu nuzul?

Aýyt, aýyt hemmesin, ne kän-u magdansyň,
Surat-u pür manysyň, patyşahy sen-de bol.

Gel imdi hyjabyň aç, senden aýryl, saňa gaç,
Sen-de bolasyň magraç, saňa geler jümle ýol.

Kança bardyň, eý, akyl, bir agyzdan jümle dil,
Juziýeti-müselsel habar berer akly gül.

Ýunus, bak niredesiň, ne ýerde, ne gökdesiň,
Bekle edep perdesin, gel imdi tapuw kyl.

**- 80 -**

Ýazlag ajaýyp geldi, maňa dünýä içinde uşbu hal,
Gije  gonak olan kişi ýene saba göçer fi-l-hal.

Eger girjek gonak iseň, aç gözüň oýanyk iseň,
Sen bu söze tanyk iseň, gaýry galar mülk ile mal.

Malyňy özge kişi iýrseň, bar onda hasabyň ber,
Seniň heman bir ädim ýer, gel, gör, ahyr nedir bu hal?

Gözüň görerkän iýidir, eýlemegil munça uzur,
Bu dünýäde hasyl nedir, haýyr eýle bazary, ber, al.

Men diýeýin sözüň hakyn, eşit, unutma, ki sagyn,
Şol kyýamat geldi ýakyn, köňlüňden geçmesin hyýal.

Onda Ysrapyl sur ura, ölenler ýerinden tura,
Geçe döwran ruzgäre, eýle ýazmyş jelle-jelal.

Soltan-u gullar bir ola, onda gaty hallar ola,
Dagy aýryksy hal ola, gorkuly iş onda bu hal.

Munda gorkmaz iseň, Ýunus, onda gorkuzarlar seni,
Eger diriligiň hak ise, Syraty geçesiň sähel.

## - 81 -

Ata bilinden bir zaman enesine düşdi köňül,
Hakdan bize destur oldy, hazynaýa düşdi köňül.

Onda meni jan eýledi, et-u süňk gan eýledi,
Dört on gün diýejek siz segritmäge düşdi köňül.

Ýüwürdim onda pynhan, Hak buýrugy bermez aman,
Aýyrdylar Watanymdan, bu dünýäýe düşdi köňül.

Meni beşige urdular, elim, aýagym sardylar,
Öňden ajysyn berdiler, duz içine düşdi köňül.

Bu nesneýi terk eýledim, ýöremäge azm eýledim,
On iki süýegiň ýazarlar, elden ele düşdi köňül.

Oglan eken, soltan gopar, kim eliň, kim ýüzüň öper,
Akyl maňa ýoldaş boldy, soltanlyga düşdi köňül.

Bu çag ile sakal biter, göreniň gülküsi tutar,
Gözeller gatynda biter, söý-söýüýe düşdi köňül.

Haýyrdan şeri çoh söýer, işlemäge bejit eňer,
Nebsiniň dilegin kowar, nebis öýüne düşdi köňül.

Kyrk ýaşynda surat döner, gara sakala ak iner,
Bakyp şeýbetiň görijek, ýoldurmaga düşdi köňül.

Ýola gider, başaramaz, ýigitlige eli barmaz,
Bu nesneleri goýuban, ýuwanmaga düşdi köňül.

Ogul aýdar: «Bu nedi ölmez?» Gyz aýdar: «Ýerinden turmaz»,
Hiç kendi halypdan bilmez, haldan hala düşdi köňül.

Öljegmiz şükür edeler, senden ýaňa aladalar,
Alla adyn zikir edeler, çoh şüküre düşdi köňül.

Suw getirerler ýuwmaga, kepen saralar kowmaga,
Agaç ata mündirerler, teneşire düşdi köňül.

Eger bar ise emeliň, giň oluşir sinäň seniň,
Eger ýok ise amalyň, otdan şerap içdi köňül.

Ýunus, aňlawer halyň, şuňa ugrar ise ýoluň,
Munda eliň barar eken, haýyr işlere düşdi köňül.

**- 82 -**

Gerekmez dünýäi bize, çünki baky binýat degil,
Bir gul müň-de ýaşar ise, ölejek bir sagat degil.

Bu dünýä kahyr öýüdir, niçe ömürler eridir,
Uçmada «Hüw!» satan kişi ýalan, ýalňyş, gybat degil.

Şul seniň mömin gullaryň, dünýä zyndany anlaryň,
Bu dünýäde mömin olan horram oluban, şat degil.

Munda zalymlyk eýleýen, nebsi haram-le toýlaýan,
Ýüzleri gara gopuşar, öz janlary rahat degil.

Kim durar, kim ire oňa, tün, gün tagat kylan oňa,
Beriler uçma anlara, zyra bilişdir, ýat degil.

Ýunus misgin mestanasyň, sen seni gör, goý bulary,
Dünýäde ryýalyk dirilik kişiýe eýi at degil.

**- 83 -**

Yşksyzlara berme öwüt, öwüdiňden alar degil,
Yşksyz adam haýwan olar, haýwan öwüt biler degil.

Boz ýapalak dewilengije emek iýme erte gije,
Onuň işi köstebekdir, salyp ördek alar degil.

Şa balaban, şahyn, tugun zihi[1] öwmüş ony öwen,
Tugun zaýyf olar ise, tugunlykdan galar degil.

Gara daşa suw guýarsyň, elli ýyl islär durasyň,
Heman daş ýöne baýaky, hünärli daş olar degil.

Ýunus, olma jahyllardan, yrak olma ähillerden,
Jahyl ne bar mömin ise, jahyllykdan galar degil.

## - 84 -

Derwüşlik makamy hal içinde hal,
Parahatlyk makamy derwüş olana muhal.

Derwüş aýrylaýmaz owwalky demden,
Hiç pyrkat olmady, nesipdir wysal.

Derwüş pitne gabyn munda uşatdy,
Hereket etdi, munda olmady battal.

Derwüşlik dirligi syrat üzeridir,
Hasaby etdile zerreýi-mysgal.

Derwüş «Enel-Hak!» diýrse, ajap nolamy?
Hep barlyk Hakyňdyr, «Ale külli hal»[2].

---

[1] Zihine — ne gowy, ne gözel, ne enaýy.
[2] Ale külli hal — ähli ýagdaýda-da; külli halda-da.

Derwüş, yrma gözüň owwalky demden,
Ýunus, görüp durar hem ahyr, hem owwal.

**- 85 -**

Goýgul dünýä bezegini, bu dünýä ýeldir ýa hyýal,
Ne kylasy bize wepa, çün pusuda durar zowal.

Isteme ömri-panyny, dünýä kime galdy baky,
Ýüz müň mälik, ýüz müň soltan, goýup giderler mülk-u mal.

Niçe uzyn endişeler ýoldaş idi biziň ile,
Dost fikretinden artygy jümle gatydyr battal.

Algyl özüň eliň ile, ýene özüň hasabyňy,
Ýogsa serheňler elinde gaty ýaramaz olar hal.

Öldür nebsiň dilegini, elit teneşir üstüne,
Ýogsa şeksiz ölersiňiz, saňa perman bolar gassal.

Her kim saňa sorar ise: «Ygtykadyň nedir Haka?»
Öpgül onuň, aýagyny budur oňa jogap-sowal[1].

Ýunus saňa paryzadyr uşbu syraty-mustakyým,
Golaýyňda haşra-neşre hakgal-ýakyn gerek wysal.

---

[1] Jogap-sowal — sowalyna jogap.

**- 86 -**

Aklyň irerse, sor maňa: «Men owwalda kanda idim?»
Dilär iseň diýiberem: «Ezeli watanda idim».

«Kal-u bela» söýlenmediň, tertip düzen eýlenmediň,
Hakdan aýry degil idim, ol uly diwanda idim.

Eýýup ile derde ýesir, aňlamadym çekdim jeza,
Bylkys ile tagt üzre möhri-Süleýmanda idim.

Ýunus ile balyk meni çekdi deme, ýutdy bile,
Zekerýa-le gaçdym bile, Nuh ile tupanda idim.

Ysmaýyla çaldym pyçak, pyçak maňa kär etmedi,
Hak meni azat eýledi, goç ile gurbanda idim.

Ýusup ile men guýuda ýatdym, jepa çekdim bile,
Ýakup ile çoh agladym bolynça pyganda idim.

Magraç gijesi Ahmediň dönderdim arşda nalyny,
Weýis ile urdum täji, Mansur-le urganda idim.

Aly ile urdum gylyç, Omar ile adl eýledim,
On sekiz ýyl Kap dagynda Hamza-le meýdanda idim.

Ezeliden dilimde uş Taňry birdir, hakdyr Resul,
Muny beýle biler eken, sanma ki gümanda idim.

Ýere binýat urulmadan, Adam dünýäýe gelmeden,
Öküz, balyk eýlenmeden, men ezeli onda idim.

Ýunus, seniň aşyk janyň ezeli aşyklar ile,
Mülke binýat urulmadyň seýran-u jöwlanda idim.

**- 87 -**

Men munda garyp geldim, men bu ilden bizaram,
Bu tussaglyk duzagyn demi geldi üzerem.

Çünki men munda geldim, men ony munda bildim,
Mansuram dara geldim, uş kül oldum, tozaram.

Çün yşkyň kitabyny okadym, tahsyl etdim,
Ne hajat kim garaýy ak üstüne ýazaram.

Dört kitabyň manysy bellidir bir «elipde»,
«Bi» diýdirmegil maňa, men bu ýoldan azaram.

Bir çeşmeden syzan suw ajy, datly olmaýa,
Edepdir bize ýirmek, bir lüleden syzaram.

Ýetmiş iki millete suçum budur hak diýdim,
Gorky hyýanatdyr ýa men neçün gyzaram?!

Şerigat oglanlary nije ýol ede bize,
Hakykat derýasynda bahry oldum, ýüzerem.

Ýunus, bu guş dilidir, muny Süleýman biler,
Girjek aşyk bu ýolda ne kylasyn syzaram.

## - 88 -

Men bu jahana gelmeden, soltany-žahanda idim,
Sözi girjek, hökmi rowan ol, hökmi-soltanda idim.

Halaýyk munda gelmeden, gökler melaýyk dolmadan,
Bu mülke binýat olmadan mülki ýaradanda idim.

Ýüz ýigrimi dört müň hasy, dört ýüz kyrk dört tabakasy,
Döwlet makamynda ol gün uly hanadanda idim.

Gussa meni görmez idi, gaýgy eli irmez idi,
Endişe şäherinden daşda bir uja mekanda idim.

Ýunus, bu jümle barlygyň dost katynda zerre  degil,
Güft ile kelamda idim, hem munda, hem onda idim.

## - 89 -

Uş giňe[1] geldim, men munda syr sözün aýan eýleýem,
Bir sözüm ile ýeri, gögi, jümlesin beýan eýleýem.

Dilär isem, ten eýleýem, dilär isem, jan eýleýem,
Köňlümi Tur, janym Musa, tagty-Süleýman eýleýem.

Dirlik maňa garşy gele, men dirligiň boýnun uram,
Ölüm eger wajyp ola, janymy gurban eýleýem.

---

[1] Giň — giň jahan manysynda.

Ezraýyl ne kişi durar, kast ede bile janyma?
Men onuň kasdyny ýene kendiýe zyndan eýleýem.

Ýa Jebraýyl kim ola, kim höküm ede meniň ahyma,
Ýüz müň Jebraýyl kibiýi bir demde parran eýleýem.

Bu bizden öňden gelenler, manyýy pynhan kylanlar,
Men eneden dogmuş kibi geldim ki urýan eýleýem.

Ýunus, seniň köňlüň öýi Hak barlygy dop-doludyr,
Uş geldim ki aşyklara, barlykdan yhsan eýleýem.

**- 90 -**

Haçan kim men meni bildim, ýakyn bil, kim Haky boldum,
Haky bilinçädi gorkam, şimdi gorkudan gutuldym.

Hiç aýrydan men gorkmazam, ýa bir zerre gaýyrmazam,
Men şimdi kimden gorkaýyn, gorkdugym ile ýar oldum.

Ezraýyl gelmez janyma, soragçy gelmez sinäme,
Bular menden ne sorsunlar, ony sorduran men oldum.

Ýa men onça haçan olam, onuň buýrugyn buýram,
Ol geldi, köňlüme doldy, men oňa bir dükan oldum.

Janlylar menden el alar, jansyzlar äri nä biler?
Hem bererler, hem alarlar, men bir uly diwan oldum.

Ýunusa Hak açdy gapy, Ýunus Haka kyldy tapy,
Baky döwlet meniňkimiş, men gul eken, soltan oldum.

**- 91 -**

Habar eýläň aşyklara, yşka köňül beren menem,
Yşka baha kim ýetire, yşk magdanyn bulan menem.

Deňiz ýüzünden suw alyp, suwny bererem göklere,
Bulutlaýyn seýran edip, arşa ýakyn baran menem.

Ýyldyrym olup çakyýan, gök melaýykyn dokuýan,
Bulutlara höküm sürüp, ýagmyr olup ýagan menem.

Gördüm gögüň meleklerin, her biri bir jünbüşdedir,
Hak Çelebiň zikrin eder, Injil-u hem Gurhan menem.

Sekiz uçma aşyklara köşk-u saraýdyr bilene,
Musalaýyn haýran olup, Tur dagynda galan menem.

Galam çalynjak[1] görgül, habar beýle durar, bil,
Kalu bela[2] kelemesin munda habar beren menem.

Däli oldum, adym Ýunus, yşk oldy maňa kylawuz,
Hezrete deňin ýalyňyz ýüz süriýe baran menem.

[1] Galam çalmak — ýazgy ýazmak.
[2] Kalu bela — hawwa diýdiler (Gurhanyň sözleri).

## - 92 -

Ne diýr isem, hökmüm ýörär, elimde perman tutaram,
Ne edersem, hökmüm rowan, çün hökmi-soltan tutaram.

Yns ile bu jyn-u peri, döwler meniň hökmümdedir,
Tagtym meniň ýel göterer, möhri-Süleýman tutaram.

Iblis-u Adam kim olur, kim azdyra ýa hut aza,
Bu jümlesi eýi ýowuz, hemmesin ondan tutaram.

Dünýä meniň mülküm durur, kowmy meniň kowmum durur,
Her dem meniň ýargym ýörür, ýargymy handan tutaram.

Seniň kibi jan bar eken aby-haýat isteýäne,
Garaňkylyga gireni men ony haýwan tutaram.

Onsuz olaýsam ölerem, onuň-le diri olaram,
Siz sanmaňyz ki diriligi, hemişe jandan tutaram.

Dinim, imanym ol durur, onsuz olaýsam dünýäde,
Ne buta, haça taparam,[1] ne din-u iman tutaram.

Ýunus aýdar, men ol wenin[2] az görmegil men ol wenin
Men ne diýsem, ol dost tutar, dost diýdigin men tutaram.

---

[1] Tapmak — çokunmak, sežde etmek.
[2] Wenin — we any. Bu ýerde «we», «ol» sözler goşulyp wenin bolupdyr.

## - 93 -

Müň ýyl eger waspyn diýem, bir zerresin tüketmeýem,
Bir katrada ýüz müň deňiz, bir katrasyn şerh etmeýem.

Ne mesel baglasam olar, ne hut köňül karar kylar,
Kim meňzeder misl-u mysal, haşa ony meňzetmeýem.

Kim ede bir nagşy surat, nagşy-suratdan ol azat,
Jümle akyllar sende mat, nije uzur göz etmeýem.

Akyl çün penaýa bara, däli ola ne başara,
Dälilere sensiň çäre, däli oldum, bes nätmeýem.

Ne kim diýrseň diý maňa, goýma meni menden ýaňa,
Meniň hajatym bu saňa, maňa meni istetmeýem.

Çün patyşa güýçli ola, bes gul pyzul işli ola,
Men seniňem, maňa ne gam, ger suç edem, ger etmeýem.

Çün kim girdim bu deňizde, ne kenar bar, ne jezire,
Çün dört ýanymdan möwç ura, duram kawy, hiç batmaýam.

Meniň degil bu keleji, döwlet seniň, Ýunus neji?
Çün dilime sensiň gadyr, sensiz lisan depretmeýem.

## - 94 -

Janym men ondan munda, ezeli aşyk geldim,
Yşky kylawuz tutup, yşka ulaşyp geldim.

Degilem kal-u kylda, ýa ýetmiş iki dilde,
Ýat ýok maňa bu ilde, onda bilişip geldim.

Geçdim hudbin gelinden, el çekdim tükelinden,
Ol ikilik babyndan, birlige bitip geldim.

Dört kişidir ýoldaşym, wepadarym-razdaşym,
Üçi-le hoşdur başym, birine buşyp geldim.

Ol dördüň birisi jan, biri din, biri iman,
Biri nebsimdir — duşman, oň-le söweşip geldim.

Bir gyly kyrk ýardylar, birin ýol görkezdiler,
Bu mülke gönderdiler, ol ýola düşüp geldim.

Yşk şerbetinden içdim, on iki yrmak geçdim,
Deňizler bendin deşdim, ummandan daşyp geldim.

Men ondan geldim munda, ýene bararam onda,
Men onda barasymy onda tanyşyp geldim.

Ezraýyl ne kişidir kast edesi janyma,
Men amanat yssyýla onda bitrişip geldim.

Imdi Ýunusa ne gam, aşyk melamat, betnam,
Küprem imana şol dem, onda degişip geldim.

**- 95 -**

Sensiň kerim, sensiň rahym, Alla, saňa sundum elim,
Senden artyk ýokdur umum, Alla, saňa sundum elim.

Ajal geldi, wada ýetdi, bu ömrüm kadahy doldy,
Kimdir ki içmeden galdy, Alla, saňa sundum elim.

Gözleri göge süzüldi, janym göwrämden üzüldi,
Dilim dadysy bozuldy, Alla, saňa sundum elim.

Uş biçildi kepen donum, hezrete ýönteldi ýönüm
Ajap nije ola halym, Alla, saňa sundum elim.

Urdular suwum ýylady, kowum-gardaş jümle geldi,
Esen galsyn kowum-gardaş, Alla, saňa sundum elim.

Geldi salajam saralar, dört ýaňa sala beriler,
Il namazyma düýrüler, Alla, saňa sundum elim.

Çün jynazadan çaşdylar, üstüme toprak saçdylar,
Hep goýubany gaçdylar, Alla, saňa sundum elim.

Edi tamug, sekiz uçma, her biriniň bardyr ýoly,
Her bir ýolda ýüz müň jarçy, Alla, saňa sundum elim.

Geldi Müňkür ile Nekir, her birisi sordy bir dil,
Ylahy sen jogap bergil, Alla, saňa sundum elim.

Görüň, ajap oldy zaman, köňülden eýläňiz pygan,
Öler çün eneden dogan, Alla, saňa sundum elim.

Ýunus, tap, uzat bu sözi, Allahyňa tutgul ýüzi,
Didardan aýyrma bizi, Alla, saňa sundum elim.

## - 96 -

Meniň munda kararym ýok, men munda gitmäge geldim,
Bezirgenem, matagym çoh, alana satmaga geldim.

Men gelmedim dawa üçin, meniň işim söýgi üçin,
Dostuň öýi köňüllerdir, köňüller ýapmaga geldim.

Dost esrigi däliligim, aşyklar biler näligim,
Degşiriban ikiligim, birlige ýetmäge geldim.

O hojamdyr, men gulyýam, dost bakjasy bilbiliýem,
Ol hojamyň bakjasyna şat olup ötmäge geldim.

Munda biliş olan janlar, onda bilişerler imiş,
Bilişiban hojam ile, halym arz etmäge geldim.

Ýunus Emre aşyk olmuş, magşuga derdinden ölmüş,
Gerçek äriň gapysynda halym arz etmäge geldim.

## - 97 -

Gökde pygamber ile magraja çykan menem,
Ashaby-Suffa ile ýalynjak olan menem.

Sabyr ile kanagaty hoş berip idim onlara,
Kyrkyny bir köýnege kanagat kylan menem.

Ol kyrkdan birisine çaldym idi neşderi,
Kyrkyndan gan akdyryp ybrat gösteren menem.

Omary – Hattap ile çoh adl-u dat işledim,
Ogly ile pysk içinde hadda basylan menem.

Abdyrazzak ol derwüş ýoldaş edindi meni,
Hallajy – Mansur ile dara asylan menem.

Ybrahym Edhem bakdy, täj-u tagty byrakdy,
Hak ýoluna uýakdy, ol syrry duýan menem.

Musa pygamber ile müň bir kelime kyldym,
Isa pygamber ile göklere çykan menem.

Adymy Ýunus dakdym, syrymy äleme çakdym,
Mundan ileri dagy dilde söýlenen menem.

**- 98 -**

Dost elinden öler isem, hiç gümansyz gaýry gelem,
Ganymat görüň bu demi, jan şükrana bere gelem.

Janyn daryg tutan kişi, dost katyndan yrak düşer,
Pida kylam ýüz müň jany, yraklykdan bäri gelem.

Jirjisleýin ol dost meni ýetmiş gez öldürer ise,
Müň gez dagy ölsün diýse, ýüz müň gez ileri gelem.

Ýüz müň gez dogam uýagam, dost burçunda jöwlan kylam,
Hem munda olam, hem onda, munda-onda bara gelem.

Ýawy kylyndym, ne çäre, ýüwürerem tün-gün awara,
Soranlara jogap budur, isteýiban sora gelem.

Müň ýyl toprakda ýatarsam, hiç kowmaýam «Enel-Haky»,
Ne wagt gerek olar ise, yşk nepesin ura gelem.

Ynanmaýan, gel sinäme, dost adyny aýyt,   gygyr,
Kepen donun para kylyp, topragymdan tura gelem.

Mundan beýle ne olasy, degil, akyl şerh etmeýe,
Ýunus aýdar, aşyklara dost habaryn bere gelem.

**- 99 -**

Hak Çelebim, Hak Çelebim, sençileýin ýok, Çelebim,
Günälerimiz ýarylga, eý, rehmeti çoh, Çelebim.

Gullar seniň, sen gullaryň, günäleri çoh bunlaryň,[1]
Uçmagyňa sal bunlary, münsünler Byrak, Çelebim.

Ne ýoksul, ne baýlardasyň, ne köşk-u saraýlardasyň,
Girdiň misginler köňlüne, edindiň durak, Çelebim.

Ne ylmym bar, ne tagatym, ne güýjüm bar ne takatym,
Meger senden enaýatym, kyla ýüzüm ak, Çelebim.

Ýunusy sen ýarylgagyl bu günämi gullar ile,
Eger ýarlygamaz iseň, goý gaty pyrak, Çelebim.

---

[1] Bunlar — bular.

## - 100 -

Meniň janym oýanykdyr, dost ýüzüne bakan menem,
Hem deňize garyşmaga yrmak olup akan menem.

Yrmak kibi men şaglaram, kä gülerem, kä aglaram,
Nebsit jigerin dograram, kibr-u kine ýykan menem.

Gyrdym bu nebsiň çerisin, bir etdim borj-u barysyn,
Päk eýledim içerisin, mülketini ýuwan menem.

Men hezrete tutdum ýüzüm, ol yşk era açdy gözüm,
Görkezdi maňa kend-özüm, aýaty-küll[1] diýen menem.

Şa didaryn gördüm aýan, hiç gümansyz belli beýan,
Kapyr ola ynanmaýan, ol didara bakan menem.

Meniň durar bu jümle iş, hikmetim ile ýaz-u gyş,
Men bilerem ýad-u biliş, yrylmasyz duran menem.

Bu jümle janda oýnaýan, damarlarynda gaýnaýan,
Külli dillerde söýleýen, külli dili diýen menem.

Nemrut odun Ybrahyma men bag-u bossan eýledim,
Küpür ýüzünden doguban ýene ody ýakan menem.

Ol Hallajy-Mansur ile söýlär idim «Enel-Haky»
Hem ýene onuň boýnuna dar urganyn dakan menem.

---

[1] Aýaty-küll — aýaty-külli bolmaly. Şygryň bogun sanyny deňlemek üçin gysgaldylypdyr.

Ol Hak habyby Mustapa magraja edejek sapar,
Ol janymy häk eýledim, ol syryny duýan menem.

Şimdi adym Ýunus durar, ol demde Ysmaýyl idi,
Ol dost üçin Arafata gurban olup çykan menem.

Çarh meniň hökmümdedir, her kanda men oturmyşam,
Mülk meniňdir, hökm edeliň, ýapan menem, ýykan menem.

Sagd menem, sagyd menem, Ýunus dagy meniňledir,
Ylmy-ledundyr ussadym, ol esrary duýan menem.

**- 101 -**

Aldy meniň köňlümi, ne boldugym bilmezem,
Ýawy kyldym men meni, isteýip bolymyzam.

Köňülsiz girdim ýola, halym hoş gelmez dile,
Bir dem derdim diýmäge bir dertli bolymyzam.

Şükürem, derdim ile, sataşdym güle-güle,
Dertliler bolarsyňyz, men meni bolymyzam.

Aýdarlar ise maňa «Seniň köňlüň kim aldy?»
Nije habar bereýin, aglaram, aýdymyzam.

Bu meniň köňlüm alan doludyr jümle älem,
Her ýere bakar isem, onsyz ýer görimezem.

Aýyk olup oturma, aýyksyzlar getirme,
Sewerem yşk esrigin, men aýyk olymyzam.

Ýunusa kadah sunan, «Enel-Hak» demin uran,
Bir jurga sundy maňa, içdim aýylymyzam[1].

## - 102 -

Owwal menem, ahyr menem, janlara jan olan menem,
Azyp ýolda galdyklara, häzir medet eden menem.

Bir karara tutdum karar, syrymy meniň kim duýar,
Jahyl meni kanda görer, köňüllere giren menem.

Gün deminde katra uran, bir nazarda dünýä duran,
Gudratyndan han düşeýin, yşk nobatyn uran menem.

Düz düşedim bu ýerlere, göwsi urdum bu daglara,
Saýwan eýledim göklere, gaýry tutup duran menem.

Dagy ajap aşyklara ykrar-u din-iman oldum,
Halkyň köňlünde küpr ile, yslam ile iman menem.

Halk içinde dirlik düzen, dört kitaby dogry ýazan,
Ak üstüne gara düzen, ol ýazylan Gurhan menem.

Dost ile birlige biten, buýrugy ne ise tutan,
Mülk bezeýip dünýä düzen, ol bakjaban heman menem.

[1] Aýylymyzam — asly: aýylmazam görnüşinde.

Hamzany Kapdan aşyran, elin, aýagyn çöşüren[1],
Köpleri tagtdan düşüren hikmet yssy soltan menem.

Ýunus degil muny diýen, kendulygydyr söýleýen,
Kapyr olar ynanmaýan, owwal-ahyr heman menem.

**- 102 -**

Ajap degil seniň üçin müň jan pida kylar isem,
Seniň barlygyň jan ýeter, hoşdur jansyz galar isem.

Seniň dadyň almaýana, sözüm ajap kelejidir,
Ne janym bar, ne diriýem, bir dem sensiz olar isem.

Niçe ki men seni söwem, ajal eli yrmaz maňa,
Haçan sunar Ezraýyl el, men seni janlanar isem.

Ger suratym düşer isem, nije zowal ire maňa,
Ol gadymy kimse wenin, nije düşüp durar isem.

Dagy elest bilermidiň, men aşykdym sen magşuga,
Gözüm çaşy bakmaz meniň, ýüz müň Käbe görer isem.

Dagy jahana gelmeden janym ony söwer idi,
Minnet degil Ýunus saňa, nije tapy kylar isem.

[1] Çöşdürmek — çözmek, çöşdürmek.

## - 104 -

Eý, ýaranlar, eý, gardaşlar, soruň maňa, kanda idim?
Yşk deňizine doluban, derýaýy-ummanda idim.

Ol kim meni beklär idi, her kandasam saklar idi,
Yşk urgany ujundaky gandaldaky janda idim.

Ýere binýat urulmadan, ýer, gök melaýyk dolmadan,
Lowh-u galam çalynmadan mülki ýaradanda idim.

Ýüz ýetmiş müň perişdeler sap baglaýyp durar anlar,
Jebraýyly görenimde, ol uly diwanda idim.

Dört kitaby okamadan, aýryp seçmek olmadan,
Men okadym sapagymy, Gurhanda hananda idim.

Gaýgy eli irmez idi, gussa gözi görmez idi,
Endişe şährinden daşda bir uly mekanda idim.

Togsan müň Hak kelamyny söýleşejek Habyp ile,
Otuz müňi syr olajak, men ol syr olanda idim.

Meniň kibi bu jahana ýüz müň geler-se, az ola,
Meniň gelişim şimdidir, uçmada — Ryzwanda idim.

Ýyldyz idim munça zaman, gökde melaýyk arzyman,
Jepbary-älem höküm eder, men ol zaman onda idim.

Men bu suratdan ileri adym Ýunus degil eken,
Men ol idim, ol men idi, bu yşky sunanda idim.

## - 105 -

Tehi görmäň siz meni, dost ýüzün görüp geldim,
Baky döwran, ruzygär dost ile sürüp geldim.

Oldur söýlenen dilde, barlyk dostuňdyr golda,
Barlygym köp ol ilde, men munda garyp geldim.

Bezirgenem, matam çoh, destgirim ussadym Hak,
Meň zyýanym yssyýa, onda deňeşip geldim.

Ýer-u gök ýaradyldy, yşk ile binýat oldy,
Topraga nazar kyldy, eks urdy, döräp geldim.

Gördüm ýedi tamugyn, onda sekiz uçmagyn,
Gorkudan günähimi onda syzdyryp geldim.

Isa oldum gudratdan, bahana bir owratdan,[1]
Enaýat oldy hakdan, öli dirgirip geldim.

Adam olup durmadym, nebsiň boýnun burmadym,
Ýaňyldym bugdaý iýdim, uçmadan sürlüp geldim.

Musa ile Tura çykdym, müň bir keleme kyldym,
Bu halk bizi nä bilsin, onda bilinip geldim.

Nuh oldum tupan üçin, çoh dyryşdym din üçin,
Dinime dönmeýäni suwa gark edip geldim.

---

[1] Owrat — bu ýerde: Merýem söz öňünde tutulýar.

Ýalan degildir sözüm, bak ýüzüme, aç gözüň,
Dah örtülmedi yzym, uş ýoldan urup geldim.

Jirjis olup basyldym, Mansur oldum asyldym,
Hallaç pamygy kibi munda atylyp geldim[1].

Eýýup oldum tenime, jepa kyldym janyma,
Çagyrdym soltanymy, gurtlar doýurup geldim.

Zekerýa oldum, gaçdym, baryp agaja geçdim,
Ganym dört ýana saçdym, depäm dildirip geldim.

Ýalyňyz[2] Subhan idi, pygamberler jan idi,
Ýunus hut pynhan idi, surat degşirip geldim.

**- 106 -**

Erenleriň hümmetini men maňa ýoldaş eýleýem,
Her kançara barar isem, jümle işim hoş eýleýem.

Goýam bu dünýäýi, gidem, çün ahrete sapar edem,
Ol uçmada hüýrileri men maňa ýoldaş eýleýem.

Tenime ýumşak geýmeýem, jümlesinden paryg olam,
Düşegimi toprak edem, ýassygymy daş eýleýem.

Uram, ýykam nebs öýüni, oda ýana hyrs-u howa
El göterdim, şundan gaýry nebs ile söweş eýleýem.

---

[1] «Odum ile külümi göge sowuryp geldim» diýen nusgasy-da bar.
[2] Ýalyňyz — ýalňyz:

Tenim dagy, janym dagy hiç bilmedi «Enel-Haky»,
Şindiýe dek bilmez ise, şundan soňra duş eýleýem.

Bu gün gülen kişi munda, ýaryn aglaşarlar onda,
Rowan döküp gözýaşyny, ýassygymy ýaş eýleýem.

Misgin Ýunus çagyryr, diýr: «Aşykyýam misginleriň»
Derwüş degil ise daşym, içimi derwüş eýleýem.

**- 107 -**

Owwal-gadym öňden-saňa zowaly ýok soltan menem,
Ýedi yklyma höküm edip, ýeri-gögi tutan menem.

Men bu ýeri ýaradajak, ýer üstüne gök durajak,
Uly deňiz möwç urajak, Nuha tupan beren menem.

«Kün!» diýdim bu ýere, boldy, gökler dagy karar kyldy,
Ýüz müň dürli adam geldi, getirip gidiren menem.

Ýusup ile çaha inen, tereziýe altyn uran,
Keffesine[1] basaduran Müsür yssy soltan menem.

Sopy ile sopy olan, sapy ile sapy olan,
Bil baglaýyp, tagat kylan ol kerim-u rahman menem.

---

[1] Keffe - arapça «keferet» diýen sözden bolup, günäden arassalanmak, günä üçin berlen sadaka diýen manyny aňladýan bolsa gerek.

Kapdan Kaba hökm eýleýen, döwleri hökmüne goýan,
Ýele münüp seýran kylan bu mülke Süleýman menem.

Tapdyk diýem jümle dile, ynanmyşam degme gula,
«Ýunus dagy hut kim ola?» bu sözleri diýen menem.

**- 108 -**

Ondan bäri köňüldim, dost ile bile geldim,
Bu äleme çykajak, bir ajap hala geldim.

Ol dost açdy gözümi, görkezdi kend-özümi,
Köňlümdäki razymy söýledim, dile geldim.

Gör, ne ýuwadan uçdum, bu halka razym açdym,
Yşk duzagyna düşdüm, tutuldym, ele geldim.

Duzaga düşen gülmez, aşyklar rahat olmaz,
Söýlerem dilim bilmez, bir ajap ile geldim.

Men munda geldim bu dem, gaýry ilime gidem,
Sanma ki munda menem, altyna, mala geldim.

Degilem kal-u kylda, bu ýetmiş iki dilde,
Halym, ahwalym näde, bu mülke sora geldim.

Ne haldaýam ne bilem, duzakdaýam, ne gülem,
Bir garypja bilbilem, ötmäge güle geldim.

Gül Muhammet diridir, bilbil onuň ýarydyr,
Ol gül ile ezeli jahana bile geldim.

Mesjitde, medresede çoh ybadat eýledim,
Yşk oduna ýanyban, ondan hasyla geldim.

Gudrat surat ýapmadan, perişdeler tapmadan,
Älemi halk tutmadan ileri ýola geldim.

Ýene Ýunusa[1] sordum, aýdar: «Hak nurun gördüm!»,
Ilk ýaz güneşi kibi, möwç urup daga geldim.

## - 109 -

Hiç bilmezem gezek kimiň, aramyzda gezer ölüm,
Halky bossan edinmişdir, söýdügini üzer ölüm.

Bir nijäniň bilin büker, bir nijäniň mülkün ýykar,
Bir nijäniň ýaşyn döker, bar güýjüni üzer ölüm.

Biriniň alar gardaşyn, rowan döker gözde ýaşyn,
Hiç oňarmaz bagry başyn[2], haýyr işden bezer ölüm.

Ýigidi goja kylynça, goýmaz kendüýi bilinçä,
Birini goýup gelinçä, gözlerini süzer ölüm.

Hany onuň söýdük ýary, kyl tagatyň, ary ýöri,
Misgin Ýunus aýda dura, aždarhalar ýudar ölüm.

---

[1] Ýunusdan
[2] Baş — ba:ş; ýara.

## - 110 -

Bu pena mülkünde men, nije-nije haýran olam,
Nije bir handan olam, ýa nije bir girýan olam.

Gäh peleklerde meleklerden dilegler eýleýem,
Gähi arş-u şems ile gerdun olam, gerdan olam.

Ädimim ätdim ýedi dört, on sekizden men öte,
Dokuzy ýolda goýup, şa emrine perman olam.

Dost perah kyldy, perahdan men teberra eýledim,
Surata ynsap olam, hem jan olam, hem gan olam.

Gäh bir müfti, müderris, gäh mumeýýiz, gäh tämiz,
Gäh müdepbir nakys-u gäh nakysla nogsan olam.

Gäh batny - Hut içinde Ýunus ile söýleşem,
Gäh çykam arş üzre, müň jan olam, Selman olam.

Gäh inem esfellere, şeýtan ile şerler düzem,
Gäh çykam arş üstüne, seýran olam, jöwlan olam.

Gäh eşiderem, eşitmezem, yşymyzam ajap,
Niçe bir nisýan olam, haýwan olam, ynsan olam.

Gäh makulat-u, meşrugat-u, takryr-u beýany,
Gäh maksurat olam, gäh sahyby — Keýwan olam.

Niçe bir suratda ynsan-u sypatda janawer,
Niçe bir tilki olam, ýa gurd-u, ýa arslan olam.

Niçe bir tejrit-u, territ-u, müjerret münferit,
Ýa niçe jyn, niçe yns-u niçe bir şeýtan olam.

Niçe bir yşk meýdanynda nebs atyn segirtdirem,
Ýa nije bir başymy top eýleýip, çowgan olam.

Gäh birlik içre birlik eýleýem ol bir ile,
Gäh dönem, derýa olam, katra olam, umman olam.

Gäh dowzahda ýanam, Pyrgawun ile Haman olam,
Gähi jennete baram, gulman ile Ryzwan olam.

Gähi bir gazy olam, efreň ile jeň eýleýem,
Gäh dönem, efreň olam, nysýan ile ysýan olam.

Gäh bir mejhul olam, merdut olam, Nemrut olam,
Gäh baram Japar olam, Taýýar olam, perran olam.

Niçe bir amy olam, namy olam, jamy olam
Niçe bir gämi olam, nakam olam, nadan olam.

Gäh ola otlar ýakam, diller ýykam, janlar ýakam,
Gäh baram, arşa çykam, gäh şah-u, gäh soltan olam.

Niçe bir dertler ile otlara ýanam, ýakylam,
Niçe bir şakyr olam, zakyr olam, myhman olam.

Terk edem bu häk-u bady, bara ähline ýene,
Şeş jähetden[1] men çykam, bijism olam, bijan olam.

[1] Şeş jähet — alty tarap: aşak, ýokary, ileri, gaýra, gündogar, günbatar.

Niçe bir Jirjis-u Birjis olam-u Myrryh olam,
Niçe bir Jalinus-u Bukrat olam, Lukman olam.

Bu dokuz arslan-u ýedi ewren-u dört aždarha,
Bunlaryň-la jeň edem, Rüstem olam, dessan olam.

Bir demi asuda, bir dem gaflat ile hurd-u ham,
Bir demi aşufta olam, Mejnun olam, haýran olam.

Köňlümiň genjine renjiler irmediň, bir ýol bolam,
Ýa huw derýaýa girem, bireň-u biýelwan olam.

Ýa niçe bir men diýem, sensiň diýem, utanmadyň,
Ýa niçe deňsiz olam, dilsiz olam, haýran olam.

Gäh baram palçyk olam, gähi dönüban girdi-häk,
Gäh baram, göwher olam, ýakut olam, merjan olam.

Adamylykdan çykam, uçam melekler mülküne,
Lown olam, bilown olam, gäh kewn olam, bikän olam.

Gäh müfti olam Hudanyň emrine müň jan ile,
Gäh dönem, asy olam, Musa olam, Ymran olam.

Gähi duram Dawut olam, tagty Süleýman olam,
Kä dönem, gümra olam, hemra olam, hijran olam.

Gäh zyndandan çykam, azat olam, abat olam,
Gäh ýene derban olam, mahbus olam, zyndan olam.

Dar olam, girdar olam, Mansur olam, berdar olam,
Ten olam, hem jan olam, hem hyn olam, hem aň olam.

Gäh beýabany-harab-u, gäh serab-u, gäh turap,
Gäh ýene magmur olam, gäh jyn olam, gäh jan olam.

Gäh yzzat-le azyz-u mömin olam, döwletli men,
Gäh baram, erkan olam, rehbin olam, ruhban olam.

Gäh dönem hamuş olam, bihuş olam, serhoş olam,
Gäh dönüp pür reň ilen hem bag-u hem bossan olam.

Ýunusa Tapdyk-u, Saltyk-u Barakdandyr nesip,
Çün köňülden joş kyldy, men nije ki pynhan olam.

Ýunus imdi bu sözi sen aşyga diý aşyga,
Kim saňa men sydk olam, hem derd-u hem derman olam.

Gäh halys olam, gäh muhlys olam uş Furkan ile,
Gäh rahman-u rahym olam, ýa haýýu mennan olam.

Gäh dönem, bir şems olam, zerrämde ýüz müň arş olam,
Gäh ýene tugýan olam, älemlere tupan olam.

Owwaly «Huw!», ahyry «Ýa, Huw, ýa, huw, ylla, huw!» olam,
Owwal-ahyr ol kala-ýu men aleýha fan olam.

**- 111 -**

Käbe-ýu but-iman menem, çarh uruban dönen menem,
Bulut olup, gözge agan, ýagmyr olup ýagan menem.

Ýaz ýaradyp, ýer don eden, köňlümiz öýi hanadan,
Hoşnut ata-ýu eneden, gulluk gadryn bilen menem.

Ýyldyrym olup şakyýan[1], kakaýyp nebsin dakyýan,
Ýeriň garnynda berkän şol awuly ýylan menem.

Hamzany Kapdan aşyran, elin, aýagyn çişiren,
Gözsüzleriň gözündäki boz-pusarak duman menem.

Et-u deri, süňük çatan, höküm eýleýip diri tutan,
Gudrat beşiginde ýatan, hikmet süýdün emen menem.

Aşyk olan gelsin bäri, görkezeýin dogry ýoly,
Makamymdyr köňül şary, yrylmaýyp duran menem.

Ýere-göge binýat uran, yrylmadan gaýym duran,
Yrmaklara köl çagyran adym Ýunus, umman menem.

**- 112 -**

Men seni söýdügimi eşitsinler has-u a:m,
Söýleşen söýleşsin, sensiz diriligim haram.

Kim seniň lezzetiňden jany dat almaz ise,
Ýörer bir jansyz surat älem halyndan bigam.

Men bu dem seni gördüm, nijesi sabr eýleýem,
Seni bir dem görmäge muştakdyr jümle älem.

[1] Şakyýan — çakýan.

Seni gören kişiýe ne hajat hüýr-u kasyr,
Seni söýmeýän jana tamugdyr jümle makam.

Iki jahan barlygy ger meniň olar ise,
Sensiz maňa gerekmez, yş seniňledir tamam.

Müň ýyl ömrüm olar ise, harç edem bu gapyda,
Men gerçek aşyk isem, gerek bu ýolda ölem.

Çohlar Ýunusa diýr: «Nijedir yşk esrikligi?»
Nätsin ezel bezminde şeýle çalyndy galam.

**- 113 -**

Meni aňmaklyga menden farygam,
Näderem, aňyban bes ne laýygam.

Meniň ýoldaşlygym edebe sygmaz,
Edepsiz kişiýe neçün rafygam.

El tutmaz, aýak durmaz jahana düşdüm,
Ne karar, ne mekan, ne hut tefrygam.

Bu jümle egleýen döküldi, galdy,
Ne esrik, ne humar, ne hut aýygam,

Ne sabr-u ne säkün, ne hut bejit iş,
Ne ädim ederem, ne hut darygam.

Bu gün jahana geldim, uş giderem,
Sanasyň bir öýe gondum, gonagam.

Hany Ýunus, hany jünbüş, hereket,
Ne sermaýam ola, ne bar, ne ýogam.

**- 114 -**

Men ol ýary söýdügimi nije bir gizleýe bilem,
Köňlüme sygmaz nädeýin meger razym ile diýem.

Dilim tutuban ýörenligim ýatlygyma delilmiş,
Ýakam ýatlyk perdesini-hyjabymy men gidirem.

Onuň ile ahwalymy älemlere bildireýin,
Çagyryban muştylaýam, älemi üstüme düýrem.

Aşyklaryň köňli-gözi, magşukaýa açyk olar,
Men köňlümi gul eýleýem, başed ki magşuka irem.

Janym gurban kylam oňa, ger jan kabul kylar ise,
Haçan ise ölesiýem, niçe munda diri duram.

Şükrana, janym üstüne, men dost üçin öler isem,
Ölmek lazymdyr hemmäýe, men ölümden kança baram?

Ylm-u amal sözi degil Ýunus dili söýledigi,
Dil nä biler dost habaryn, men dost ile niçe birem.

**- 115 -**

Nädeý ki ol magşuk ile men razymy bir eýleýem,
Gark olam muşahydaýa, hakdyr kim nefir eýleýem.

Kimdir ki ony görüban gizlenip bile ahwaly,
Görkez maňa ol kişini, men dagy el bir eýleýem.

Bu halaýyk aýdar maňa: «Sakla ony jan içinde,»
Bir zerresi ýüz müň jahan, aýt nije syr eýleýem?

Şunuň kibi çäbik nazar, bir nazarda ýüz müň Musa,
Sermest-u haýran hemmesi, diý: «Nije tedbir eýleýem?»

Parz degildir hemmelere Turda mynajat eýlemek,
Men kandaýam dost ondadyr, her bir ýeri Tur eýleýem.

Hedaýat erdi hemmäýe höwesinden geçmezlere,
Towpyk ýüzün ýere urup, yşkymy şirgär eýleýem.

Muhakkyklar göre durur Ýunus göz ile gördügin,
Düýşüm degil söýledigim, nejm ile tagbyr eýleýem.

**- 116 -**

Teperrüç eýleý bardym, sabahyn sinleri gördüm,
Garyşmyş gara topraga, şu näzik tenleri gördüm.

Çüremiş toprak içre ten, sin içinde ýatar pynhan,
Boşanmyş damar, akmyş gan, batmyş kepenleri gördüm.

Ýykylmyş sinleri, dolmuş, hep öýleri harap olmuş,
Hemme endişeden galmyş, ne duşwar hallary gördüm.

Ýaýlalar ýaýlamaz olmuş, gyşlaglar gyşlamaz olmuş,
Bar tutmuş, söýlemez olmuş, agyzda dilleri gördüm.

Kimisi zowk-u eşretde, kimi saz-u beşaretde,
Kimi bela-ýu mähnetde, tün olmuş günleri gördüm.

Sogulmyş şol gara gözler, belersiz[1] olmuş aý ýüzler,
Gara topragyň astynda gül düýren elleri gördüm.

Kimisi boýnuny egmiş, tenini topraga salmyş,
Enesine küsüp gitmiş, boýnun buranlary gördüm.

Kimi zary galyp aglar, zebaniler janyn daglar,
Tüteşmiş synalary, oda çykan dütleri gördüm.

Ýunus muny kanda gördi, gelip bize habar berdi,
Aklym bardy, bilim çaşdy, näteki bunlary gördüm.

**- 117 -**

Hakdan maňa nazar oldy, Hak gapysyn açar oldum,
Girdim Hakyň haznasyna, dür-u göwher saçar oldum.

Döwlet täji başa gondy, yşk kadahyn maňa sundy,
Suwsadygymça men dagy her dem ony içer oldum.

Esretdi, yşka düşürdi, men ham idim, yşk bişirdi,
Aklym başyma düşürdi, haýr-u şerden seçer oldum.

Haýra döndi meniň işim, endişeden azat daşym,
Nebsim başyny kesiban, şer işlerden gaçar oldum.

[1] Belermek — görünmek, aýan bolmak. Bu ýerde: aý ýaly ýüzler tanar ýaly bolmandyr diýen manyda.

Göçenler menzile ýetdi, bardy, onda karar etdi,
Ömür geçdi, kowul ýetdi, barlygymdan naçar oldum.

Misgin Ýunus, bilişeli, jan-u köňül berişeli,
Tapdygyma irişeli, gizlin razym açar oldum.

**- 118 -**

Gözüm seni görmek üçin, elim saňa barmak üçin,
Bu gün janym ýolda goýdum, magşar owaz bermek üçin.

Bu gün janym ýolda goýam, magşar owazyn beresiň,
Arz eýleme uçmahyňy, hiç arzym ýok uçmah üçin.

Maňa uçma nämä gerek, hergiz köňlüm oňa bakmaz,
Uşbu meniň zarlygym degil ahy bir bag üçin.

Uçma uçmahym diýdigiň, möminleri eltedigiň,
Bir öý ile ençe hüýri, höwesim ýok guçmak üçin.

Munda dagy berdiň bize ogul-u gyz jüft-u halal,
Ondan geçdi arzuw, tamam, meniň ahym didar üçin.

Sopulara ber sen ony, maňa sen gerek, sen gerek,
Men niçe terk edem seni şol bir öý-u çertek üçin.

Ýunus, hasrat durur saňa, hasratyňy görkez oňa,
Işiň zulum degil ise, dat eýlegil barmak üçin.

## - 119 -

Çoh-çoh şükür sen Çelebe, maksadyma irdim bu gün,
Muştagydym munça zaman, pirim ýüzün gördüm bu gün.

Gaýgy meni almyş idi, janym zebun olmuş idi,
Gördüm pirimiň ýüzüni, ol gaýgyny sürdüm bu gün.

Gelsin ýardan aýra düşen, gurbat ilde bagry bişen,
Dost bakjasy içindäki yşk bezmine girdim bu gün.

Ýunus aýdar, dost guluýam, dost bakjasy bilbiliýem,
Söýleýeýin şundan gaýry, gülzaryma girdim bu gün.

## - 120 -

Eý ýaranlar, eý gardaşlar, ajal içre, ölem bir gün,
Işlerime puşman olup, kend-özüme gelem bir gün.

Ýanlaryma gona elim, söz sözlemez ola dilim,
Garşyma gele malym, nätdim ise, görem bir gün.

Oglan gider danyşmana, saladyr dosta, duşmana,
Şol dört tekbir namaz ile dagy tamam kylam bir gün.

Bäş garyş biz durur donum, ýylan - içýan iýe tenim,
Ýyl geçe obrula sinim, unudylyp galam bir gün.

Başyma tikerler heje, ne erte bilem, ne gije,
Älemler umydy hoja, saňa perman olam bir gün.

Ýunus Emre, sen bu sözi, dagy tamam etmemişsiň,
Täk ýöriýeýin, neýleýem, ussadyma gelem bir gün.

## - 121 -

Suratdan gel sypata, ýolda sapa bolasyň,
Hyýallarda galmagyl, ýoldan mahrum galasyň.

Bu ýolda ajaýyp çoh, sen ajaba aldanma,
Ajaýyp onda ola, dost ýüzüni göresiň.

Yşk guşagyn guşangyl, dostuň ýoluna bargyl,
Müjähede çekersiň, muşahade göresiň.

Mundan yşkyň şährine üç ýüz deňiz geçerler,
Üç ýüz deňiz geçiban, ýedi tamug bolasyň.

Ýedi tamugda ýangyl, her birinde kül olgul,
Wujudyň onda goýgul, aýry wujut bolasyň.

Hakykatdyr Hak şary, ýedidir gapylary,
Dergahynda ýüz dürli gerek gudrat göresiň.

Owwalky gapysynda bir kişi durar onda,
Saňa aýdar: «Teslim bol!», sen misginlik bolasyň,

Ikinji gapysynda, iki arslan bardyr onda,
Nijeleri gorkuzmyş, ölmäsiň kim gorkasyň.

Üçünji gapysynda üç öwreň bardyr onda,
Saňa hemleler eder, olmasyň, kim dönesiň.

Dördünji gapysynda dört pirler bardyr onda,
Bu söz saňa rumuzdyr, gör, kim delil bolasyň.

Bäşinji gapysynda bäş ruhban bardyr onda,
Dürli matalar satar, olmasyň, kim olasyň.

Altynjy gapysynda bir hüýr oturar onda,
Saňa aýdar: «Gel bäri!», olmasyň, kim barasyň.

Çün sen onda barasyň, ol hüýriýi alasyň,
Bir waýadan ötüri, ýolda mahrum galasyň,

Ýedinji gapysynda, ýediler oturar onda,
Saňa diýrler: «Gutuldyň, gir, dost ýüzün göresiň!»

Şu diýdigim sözlerim wujutdan daşda degil,
Tepekkür kylar iseň, jümlesinde bolasyň.

Ýunus uşbu sözleri Hak barlygyndan söýlär,
Istär iseň känini, misginlikde bolasyň.

**- 122 -**

Çarhypelek ýok idi, janlarymyz bar eken,
Biz ol wagty dost idik, Ezraýyl agýar eken.

Nije ýyllar biz onda jem idik jan ganynda
Hakykat äleminde magrypat söýlär eken.

Çelep yşky jandady, bu bilişlik ondady,
Adam, Howa kanda idi, biz onuň-le ýar eken.

Düýn geldi Safy-Adam, dünýäýe basdy gadam,
Iblis aldady ol dem, uçmada gezer eken.

Janlar onda bilişdi, ol dem köňül alyşdy,
Älem halky garyşdy, deňizler gaýnar eken.

Ne gök bar idi, ne ýer, ne zeber bardy, ne zir,
Goňşy idik jümlämiz, nur dagyn ýaýlar eken.

Ne ogul bardy, ne gyz, wahyt idik onda biz,
Ýunus, dostdan habar biýr, yşk ile köýner eken.

## - 123 -

Zynhar bermegil köňül dünýä paýyna bir gün,
Dünýäýe köňül beren düşe taýyna bir gün.

Guşlaryň ýuwasyny kimse dogan[1] edinmez,
Ol ilde haçan dura, gide ýaýyna bir gün.

Gör ahy niçeleri topraklar guçmuş, ýatyr,
Bizi-de onlar kibi ala goýnuna bir gün.

Şol guşuň kim ýuwasy dogan gatynda ola,
Ol ondan gaçynsa-da, gide ýaýyna[2] bir gün.

[1] Dogan — bu ýerde: doglan ýer manysynda gelýär.
[2] Ýaý — asyl mekan. (Beýtden jan nireden gelen bolsa, şol ýere-de gitmeli diýen many aňlanylýar.

Misgin, biçäre Ýunus, gördüm, bildim diýmegil,
Tut erenler etegin, düşgül soýuna bir gün.

**- 124 -**

Lä şerike okarsyň, soňra şerik gatarsyň,
Bire iki diýmegi kimden pitwa tutarsyň?

Çün Gurhan gökden indi, ony Alla buýurdy,
Ondan habar biýr maňa, ha kitapdan ötersiň?!

Okarsyň tefsir kitap, niçe bina-ýu igrap,
Howp-u reja sende ýok, eýle kim bir tutarsyň.

Ylym okamak, bilmek, kend-özüňi bilmekdir,
Kend özüňi bilmeseň, bir haýwandan betersiň.

Ylym okamak manysy ybrat almakdyr anjak,
Çün ybrat almadyň, sen görmediň, daş atarsyň.

On iki müň hadysy jem eýledi Mustapa,
Ony eşitdiň meger, şerh ile söz satarsyň.

Kylarsyň ryýa namaz, ýazygyň çoh, haýryň az,
Diňle neýe barar söz, jähennemde ýatarsyň.

Halka pitwa berersiň, ýa sen neçün tutmarsyň?
Ylmyň bar, amalyň ýok, ha günähe batarsyň.

Sen fakyhsyň, men pakyr, seni hiç tanamyz ýok»,
Yhlas ile gelersiň, bizden nesne ütersiň.

Bu düzülen tertibi aýratynmydy diýrsiň,
Başarmaz iseň, hoja, endişeden ýitersiň.

Eşit Ýunus, sözüňden, ybrat algyl özüňden,
Eger kabul edersiň bir kaç[1] dagy gatarsyň.

## - 125 -

Ondan ýegräk ne bardyr, kişi bile kend-özüm,
Kend-özün bilen kişi hemmelerden ol güzin.

Kişi gerek çoh bile, ol gerek öwüt ala,
Menzile irsem[2] diýen, bilersiň hazyn-hazyn.

Bu ýol ýawlak uzakdyr, dünýe oňa duzakdyr,
Bu duzaga ugraýan kowmaýa kylawuzyn.

Men emin olam diýen, ýa eminlik isteýen,
Geçsin bu kal-u kyldan, topraga ursun ýüzün.

Kim äre gulluk ede, ol azapdan gutula,
Mutlak ol, ýarylkanar, kim görerse är ýüzün.

Ýunus, bir habar berer, eşidenler şat olar,
Genje ugrasam diýen yzlasyn eren yzyn.

---

[1] Bir kaç — birnäçe, ençeme.
[2] Irmek — barmak, ýetmek.

**- 126 -**

Ol dost bize gelmez ise, men dosta gaýry baraýyn,
Çekeýin jebr-u jepaýy, dostumyň ýüzün göreýin.

Sermaýamyz bir jan idi, ony dagy aldy bu yşk,
Ne sermaýa bar, ne dükan, bazara neýe baraýyn.

Gurulmyş dükan-u bazar, dost içine girmiş, gezer,
Günähim çoh, köňlüm syzar, men dosta çoh ýalbaraýyn.

Köňlüm aýdar: «Dost meniňdir»,
gözüm aýdar: «Dost meniňdir»,
Köňlüm aýdar göze: «Sabyr et, bir dem habarym soraýyn?»

Hak nazar saldygy jana bir göz ile bakmak gerek,
Oňa kim ol nazar kyldy, men ony nije ýireýin[1].

Tapdyk aýdar: «Bu Ýunusa yşk Haka irse gerek,
Hemmelerden ol ujadyr, men oňa nije ireýin?!»

**- 127 -**

Hak bir göwher ýaratdy kendiniň gudratyndan,
Nazar kyldy göwhere, eredi haýbatyndan.

[1] Ýirmek — ýigrenmek, irmek.

Ýedi gat ýer ýaratdy ol göwheriň nurundan,
Ýedi gat gök ýaratdy ol göwheriň bugundan.

Ýedi deňiz ýaratdy ol göwher damjasyndan,
Daglary mäkäm kyldy ol deňiz köpüginden.

Muhammedi ýaratdy mahlukat şefkatyndan[1]
Hem Alyny ýaratdy möminlere pazlyndan.

Gaýyp işin kim biler meger Gurhan ylmyndan,
Ýunus içdi, esridi ol göwher deňizinden.

**- 128 -**

Şeýle haýran eýle meni, yşkyň oduna ýanaýyn,
Her kançara bakar isem, gördügim seni sanaýyn.

Hem meni okar subhanym işigine tün-gün ýönem,
Onda çykar meniň günüm, munda näýe egleneýin.

Ýedi tamug diýdikleri gatlanmaýa bir ahyma,
Sekiz uçma aldamaýa, munda niýe aldanaýyn?

Ýüz müň hüýri geler ise, aldamaýa bu ahyma[2],
Yşkyň köňlüm ýagmalady, senden nije usanaýyn.

---

[1] Şefkat — şepagat-biriniň etmişini geçirtmek üçin ara düşmeklik, araçalyk, goldamaklyk.
[2] Ahy — doganym, gardaşym. Osman imperiýasynda dini, harby hem hünärmenler toparlarynyň doganlaşma guramasy.

Seniň yşkyň duýdy janym, terkini urdum jahanyň,
Hergiz bilinmez mekanyň, seni kanda araýaýyn.

Her dem söýlener habaryň, hergiz bilinmez eseriň,
Göter ýüzüňden perdeýi, didaryňa köýüneýin.

Ylmy-hikmet okaýanlar, yşkdan pakyr durar, bunlar,
Mansur oldum, asyň meni, her dillerde söýleneýin.

Ýunus diýmedi bu sözi, jana doldy dost owazy,
Kördür müňkürleriň gözi, munda kime görkezeýin.

**- 129 -**

Eý, dost, seni söýenden, aklym gitdi, galdym men,
Yrmaklary seýr edip, deňizlere doldum men.

Bir zerre yşkyň ody gaýnadar deňizleri,
Düşdüm yşkyň oduna, tutaşyban ýandym men.

Ol janda ki yşk ola, onda gussa olmaýa,
Bu yşk maňa gelenden, gussam gitdi, güldüm men.

Bilbile aşyk olmuş gyzyl gülüň ýüzüne,
Gördüm erenler ýüzün, hezar dessan oldum men.

Bu yşky maňa berdiň, men näderem kend-özüm,
Içim, daşym nur doldy, dosta aşyk oldum men.

Bir gury agaç idim, ýol üzre düşmüş idim,
Är maňa nazar kyldy, täze juwan oldum men.

Ýunus, gerçek aşyksyň, adyňy misgin goýgul,
Jümlesinden ygtyýar, misginlikde boldum men.

**- 130 -**

Egriligiň goýaýsaň, dogry ýola gelesiň,
Kibr-u kine çykargyl, ärden nesip alasyň.

Ne berseň eliň ile, şol barar seniň ile,
Men diýsem ynanmarsyň, baranyňda göresiň.

Köňülde pos oturar, onda seni ýitirer,
Içerde şah oturar, girmersiň, sen göresiň.

On ikidir hüjresi, ýedi derwezesi bardyr,
Onda iki dilber bar, bilmersiň, ki sorasyň.

Bar gardaşyňy öldür, dagy owratyň boşa,
Oňa ki gäbiň geýdir, Haky aýan göresiň...

Biçäre Misgin Ýunus yşkdan dawa kylarsyň,
Dostdan habar gelejek, ýüz sürüýe barasyň.

**- 131 -**

Janlar janyny buldum[1], bu janym ýagma olsun,
Yssy-zyýandan[1] geçdim, dükanym ýagma olsun.

[1] Bulmak — tapmak.

Men menligimden geçdim, gözüm hyjabyn açdym,
Dost waslyna erişdim, gümanym ýagma olsun.

Ikilikden usandym, birlik hanyna[2] gandym.
Derdi-şerabyn içdim, dermanym ýagma olsun.

Barlyk çün sapar kyldy, dost ondan bize geldi,
Weýran köňül nur doldy, jahanym ýagma olsun.

Geçdim bitmez sagynçdan, usandym ýaz-u gyşdan,
Bossanlar başyn buldum, bossanym ýagma olsun.

Ýunus, ne hoş diýmişsiň, bal-u şeker iýmişsiň,
Ballar balyny buldum, kowanym ýagma olsun.

**- 132 -**

Eger yşky söwersiň, jan olasyň,
Köňüller tagtyna soltan olasyň.

Söýersiň dünýäýi, mähnet bolasyň,
Erenler syryny haçan duýasyň?

Tiken olma, gül ol eren ýolunda,
Tiken olar iseň, oda ýanasyň.

---

[1] Yssy-zyýan — peýda-zyýan.
[2] Han — saçak diýen manyda gelýär.

Nyýaz üçin buýurdy Hak namazy,
Nyýazdan waý saňa, gapyl olasyň.

Erenler nepesin hasa edip sen,
Eger nebsiňe uýarsyň, penasyň.

Ybadatlar başydyr terki-dünýä,
Eger möminsiň, oňa ynanasyň.

Ataň-eneň hakyn ýitirdiň ise,
Ýaşyl donlar geýesiň, dolanasyň.

Eger goňşy haky boýnuňda ise,
Jähennemde ýaryn baky kylasyň.

Ýunus bu sözleri erenden aldy,
Saňa dagy gerek ise, alasyň.

* * *

Köňüle gireni gönenen diýrler,
Köňüle sen-de gir, kim gönenesiň.

**- 133 -**

Yşk iliniň habaryn diýsem eşidemisiň?
Ýoldaş olup, ol ýola sen bile gidemisiň?

Ol iliň bagy olar, şerbeti, agy olar,
Kadah tutmaz ol agy, noş edip ýudamysyň?

Ol iliň zawadasy, jepa tuta gidesi,
Şeker aýryga sunup, sen agy dadamysyň?

Ol ilde Aý, Gün olmaz, Aý, Gün gädilip dolmaz,
Tertipler terk ediban yşmar unudamysyň?

Uşbu tenim tertibi od-u ýel, toprak, suwdur,
Ýunus, sen jogap eýle, suwda, toprakdamysyň?

**- 134 -**

Ylmyňda gark olaly, uş men meni bilmerin,
Dil ile söýleýiban waspyňa iremerin.

Sypatyň gelmez dile, kandalygyň kim bile,
Sungyň saýmak dil ile men hiç laýyk olmaryn.

Hem owwalsyň, hem ahyr, hemme ýerlerde zahyr,
Hiç makam ýokdur sensiz, men neçün göremerin?

Görmediň däli oldum, ýaňyldym günä kyldym,
Essim-aklym aldyrdym, esredim aýylmaryn.

Çün kim meni esretdiň, jan-u köňül iletdiň,
Aýyrma meni senden, bulaşdym ýat olmaryn.

Maňa jany sen berdiň, Ezraýyla buýurdyň,
Senden artyk kimsäýe amanady bermerin.

Eý, Ýunusy ýaradan, hyjap göter aradan,
Sadykam ýoluňda men, ýalan dawa kylmaryn.

## - 135 -

Aşyklara ne diýem yşk habaryndan şirin,
Yşk ile diňleýäne aýdaýyn birin-birin.

Owwal ýer, gök ýok idi, bar idi yşk binýady,
Yşk gadymdyr ezeli, yşk getirdi nä baryn.

Owwal-ezel bezminde kim dost ýüzün gördi ise,
Onuň janydyr aşyk, sor ondan yşk habaryn.

Yşky hiç bir nesneýe mesel baglasam olmaz,
Dünýäde, ahyrýetde ne tutasy yşk ýerin.

Amanatdyr sagyngyl yşk habaryny zynhar,
Degme ýerde oturyp, söýleme yşk esraryn.

Jöwheriler gatynda hem kada beýlemiş,
Gadryny bilmezlere görkezmedi göwherin.

Ýunusyň howsalasy, yşk dolmuşdyr synasy,
Derdini gizlemedi, geňsiz söýlär yşk dilin.

## - 136 -

Munça köňül aldyryp, jahana soltanmysyň?
Hökmüň janlara geçer, jan içinde janmysyň?

Bakyşyň müň jan alar, derdiň ýürekde galar,
Görenler haýran galar, aşyga gyýanmysyň?

Uçan guşlar uçunar, seni ýel görse durar,
Döwler hökmüňe girer, Bylkys, Süleýmanmysyň?

Ýüzünden Gün tutular, Aý dogmaga utanar,
Görenler mestan galar, Ýusuby-Kenganmysyň?

Öli görse, diriler, kalbyna jany geler,
Toprakdan owaz geler, Isa bin Merýemmisiň?

Yşkyň dine şur eýlär, arslana zynjyr eýlär,
Gaty daşy mum eýlär, Perhady zamanmysyň?

Yşkyň Haky irgirer, ol gözler didar görer,
Görenler baş indirer, Ybrahym Edhemmisiň?

Ýüzüň didar nurydyr, saçyň magraç tünidir,
Gören janyn unudar, Pahry-älem senmisiň?

Ýunus, söwdügiň gözle, yşk ýoluny keý yzla,
Razy köňülde gizle, sen söze beýanmysyň?

**- 137 -**

Sen janyňdan geçmediň, janan arzuw kylarsyň,
Bilden zünnar kesmediň, iman arzuw kylarsyň.

«Men arafe nefsehu» diýrsiň, ylla degilsiň,
Melaýykdan ýokary seýran arzuw kylarsyň.

Tif-l-i new-reste kibi etegiň at edinip,
Ele çowgan almadyň, meýdan arzuw kylarsyň.

Biläýmediň sen seni, sadapda ne göwhersiň,
Müsüre soltan olmadan, Kengan arzuw kylarsyň.

Ýunus, indi her derde Eýýup kibi sabyr eýle,
Derde gatlanaýmarsyň, derman arzuw kylarsyň.

**- 138 -**

Dost ýüzüni görseňiz siz, nije karar kylsyn bu jan,
Ýagmaýa berer ol demde ýüz müň zahyt din-u iman.

Tagna urmaň aşyklara, herne hala döner ise,
Perman olmaz ki kendiýe, muşahadiýe gark olan.

Jan-u köňül, pähm-u akyl yşk möwjüne gark oljak,
Bes niçe aňsyn ol kişi, ýazyg-u muzd, yssy-zyýan.

Janyňda gözi ýok kişi görmez eýse dost ýüzüni,
Gözsüz niçe pähim eýlesin ne reňdedir uşbu jahan.

Ýüz müň mälik-u salatyn dost ýüzüni göreý idi,
Terk edeýe tagtyny-ýu, yzzat-u leşger, hanyman.

Aşyk niçe harap ise, welaýaty arta durar,
Onuň üçin ki daýyma weýrandadyr genji-nahan.

Aýnyl-ýakyn gören kişi yrmaz gözün dost ýüzünden,
Niçe göre bilsin ony bu söýgüden daşda duran.

Ýunusa bu yşk gyzgyny goýmaz dilini tutmaga,
Aşyk-le magşuk razyny dürüst diýmeýe lisan.

**- 139 -**

Ol dürri-ýetimemem ki görmedi meni umman,
Bir katraýam, ylla ki ummana menem umman.

Gel möwji-ajaýyp, gör, derýaýy-nahan gözle,
Zi bahry-nihaýatsyz katrada olar pynhan.

Dem urmaz idi Mansur towhydy «Enel-Hakdan»
Yşk daryna dost zülpi asmyş idi meni urýan.

Munda diýmeden Mejnun, Leýli adyny mewzun,
Ne Leýli idim onda, ne Mejnun idim haýran.

Bu älemi-hesretde sen Ýusub-u men Ýakup,
Ol älemi-wahdatda ne Ýusub-u ne Kengan.

Adym Ýunus oldugy bu jism belasydyr,
Adym sorar olar sen, soltana menem soltan.

«Ýi», «nun», «sin»[1] ulaşmadan jan kalba düşmediň,
Yşk dadyla mest geldim, hem mest giderem mundan.

---

[1] «Ýi» (ý), «nun» (n), «sin» (s) — «Ýunus» sözüni ýazmak üçin ulanylan arap harplarynyň atlary.

## - 140 -

Ol jan haçan öläýse, sen oňa jan olasyň,
Ölmüş köňül dirile, onda ki sen olasyň.

Ölmeklik dirlik ola, ölümsiz dirlik bola,
Ölmüş köňül dirile, şonda ki sen olasyň.

Sen oldugyň köňüller her dem jany ýeňiler,
Güýç olmaz ol diwanda, häkimi sen olasyň.

Jan bedenden uçajak, menziline göçejek,
Ol jahana göçejek, göze aýan olasyň.

Tozuny ýel almaýa, bir zerre yrylmaýa,
Aşyk jany ölmeýe, magşugy sen olasyň.

Ýunus, sen aşyk iseň, yşka muwapyk iseň,
Gorkma, ger aşyk iseň, ne olar sen, olasyň.

## - 141 -

Hakdan gelen şerbeti içdik, alhamdylylla,
Şol gudrat deňizini geçdik, alhamdylylla.

Şol garşyky daglary, meşeleri, baglary,
Saglyk, sapa çaglary, aşdyk, alhamdylylla.

Guraýypdyk, ýaş bolduk, aýakdadyk baş bolduk,
Ganatlandyk guş bolduk, uçduk, alhamdylylla.

Bardygymyz illere, şol sapa köňüllere,
Baba Tapdyk manysyn saçdyk, alhamdylylla.

Bäri gel, baryşalyň, ýat isek, bilişeliň,
Atymyz eýerlendi, aşdyk alhamdylylla.

Indik, Rumy gyşladyk, çoh haýr-u şer işledik,
Uş bahar geldi, gaýra göçdük, alhamdylylla.

Dirildik, pynar olduk, irkildik yrmak olduk,
Akdyk deňize dolduk, daşdyk, alhamdylylla.

Tapdygyň tapysynda, gul olduk gapysynda,
Ýunus misgin çig idi, bişdik, alhamdylylla.

**- 142 -**

Zynhar köňül öýünde tutma ýowuz endişe,
Birege guýy gazan akybet kendi düşe.

Kendiýe ýaramazy biregiýe sanan ol,
Ady musulman onuň, kendi meňzär keşişe.

Goýmadygyň nesneýi sunuban götermegil,
Goýmadygyň götermek bu dura uýatly pişe.

Ýaryň Hak didaryny göre bilmez üç kişi:
Bir diňçi, bir kowujy, biri gambazdyr peşe.

Ýunus, bir nesihaty tutan ýowuz olmaýa,
Bir niçe öwüt durar, diňleseň başdan-başa.

## - 143 -

Hoşdur eger ýörär isem yşk oduna ýana-ýana,
Bes ýanmadan nije olam, çün yşk ody düşdi jana.

Bu işler tamam olajak, hylwat olar magşuk ile,
Magşuk ýüzün gören kişi gerek ýana-ýu tükene.

Her nesne kim çig olajak, ot olmaýynça bişmez ol,
Meniň diriligim çig idi, yşk ody oldy bahana.

Meniň dost ile bazarym ýaradylalydan degil,
Söýer idik magşukany heniz gelmeden jahana.

Yşk soltany Tapdyk durur, Ýunus guldur ol gapyda,
Gedalaryna lutp eýlemek hem kadadyr soltana.

## - 144 -

Aşyk oldum erene irmek ile,
Haky bildim, men äri görmek ile.

Äre irdim, ärde bildim maksadym,
Bolmadym men daşardan sormak ile.

Her ýere bakdym ise, är oturar,
Köňlün aldym, ýüz ýere sürmek ile.

Hakdan imiş janlara jümle nesip,
Olmaz imiş Käbeýe barmak ile.

Käbe seniň işigiňdir, eýle bil,
Bolaýmarsyň ýol çekip, barmak ile.

Pynar idim, erenler kyldy nazar,
Deňiz oldum, dört ýana yrmak ile.

Üýn geldi: «Ýunus!» diýe, turdum öre,
Gözüm açdy, gulagym urmak ile.

**- 145 -**

Köňül näde dolana magşugy bulmaýynça,
Kimse aşyk olarmy köňülsiz galmaýynça.

Köňüldir söýen ony, ýesir eýleýen seni,
Kimi azat eýlärsiň, sen azat olmaýynça.

Boýny zynjyrly geldik, keý gaty ýesir olduk,
Är nazar eýlemedi, halymyz bilmeýinçä.

Ýedi nyşan gerekdir hakykata irene,
Söwdügi girmez ele söwdükler barmagynça.

Sözi Ýunusdan eşit, kibir kylma tut öwüt,
Ymarat olmaýasyň, tä harap olmaýynça.

## - 146 -

Waslat halyn aýdar isem waslat halyn bilenlere,
Ýedi dürli nyşan gerek hakykata irenlere.

Bu ýedisinden birisi egsik olarsa olmaýa,
Bir nesne egsik gerekmez bu sarp ýola baranlara.

Owwal nyşany bu durur: ýigrenmeý jümle milleti,
Ýigrenenler ýersiz galdy, ýer degmez ýigrenenlere.

Ikinji nyşany bu: hiç nebsini semritmeýe,
Zynhar siz ondan olmaňyz nebsine gul olanlara.

Üçünji nyşany budur: jümle höweslerden geçe,
Höwes äri ýolda goýar, ýetmez ýola baranlara.

Dördünji nyşany oldur: dünýäden münezzäh ola,
Dünýä seni saýry eýlär, ne gul kaýsy saýrylara.

Ýunus ýedi nyşan diýdi, üçüsini gizlin goýdy,
Ony dagy diýiberem, gelip hylwat soranlara.

## - 147 -

Misginlikde boldular, kimde ärlik bar ise,
Merdiwandan ýetdiler, ýüksekden bakar ise.

Köňül ýüksekde gezer, dembe-dem ýoldan azar,
Daş ýüzüne ol syzar, içinde nä bar ise.

Ak sakgally pir goja, bilmez ki haly nije,
Iýmek iýmesin hoja, bir köňül ýykar ise.

Sagyr eşitmez sözi, gije sanar gündizi,
Kördür müňkiriň gözi, älem münewwer ise.

Köňül Çelebiň tagty, köňüle Çelep bakdy,
Iki jahan betbagty, kim köňül ýykar ise.

Sen saňa ne sanarsyň, aýryga-da ony san,
Dört kitabyň manysy — budur eger bar ise.

Bildik gelenler geçmiş, gonanlar gaýra göçmüş,
Yşk şerabyndan içmiş, kim many duýar ise.

Ýunus, ýoldan yrmasyn, ýüksek ýerde durmasyn,
Synlap syrat görmeýesin, söýdügi didar ise.

**- 148 -**

Istedigimi boldum äşgäre jan içinde,
Daşarda istän kendin, kendi nahan içinde.

Gaýymdyr hiç yrylmaz, aňsyz kimse dirilmez,
Ädim-ädim ýer ölçär, hökmi rowan içinde.

Bu tilsimi baglaýan, jümle dilde söýleýän,
Ýere-göge sygmaýan, girmiş bu jan içinde.

«Tutuň!» diýe çagyrar, ogry dagy çagyrar,
Bu ne ajaýyp ogry, bu çagyran içinde.

Syýasat meýdanynda galabadan bakan ol,
Syýasat kendi olmuş, girmiş meýdan içinde.

Gudrat gylyjyn almyş, nebsiň boýnuny çalmyş,
Nebsini depelemiş, elleri gan içinde.

Saýry olmuş iniler, Gurhan üýnüni diňlär,
Gurhan okaýan kendi, kendi Gurhan içinde.

Dürli-dürli ymarat, köşk-u eýwan ýapan ol,
Gara nykap tutunmyş kümüş külhan[1] içinde.

Başdan aýaga deňin Hak nury seni tutmuş,
Hakdan aýry ne bardyr, galma güman içinde.

Bir iseň, birlige bak, ikiýi elden byrak,
Bütin many bolasyň sydk-u iman içinde.

Orujyňa guwanma, namazyňa daýanma,
Jümle tagat täk olar näz-u nyýaz içinde.

Girdim köňül şährine, daldym onuň bahryna,
Yşk ile gider eken, yz boldum jan içinde.

Bu yzymy yzladym, sagym-solum gözledim,
Çoh ajaýyplar gördüm, ýokdur jahan içinde.

Ýunus, seniň sözleriň manydyr bilenlere,
Söýleýeler sözleriň döwri-zaman içinde.

[1] Külhan — bu ýerde: ojak manysynda.

## - 149 -

Jan olgul jan içinde, galma güman içinde,
Istedigiň bolasyň ýakyn zaman içinde.

Rukug, sujuda galma, amalyňa daýanma,
Ylm-u amal gark olar näz-u nyýaz içinde.

Ikiligi terk etgil, birlik makamyn tutgul,
Janlar jany bolasyň uşbu dirlik içinde.

Oruç-namaz, zekat, haç jürmi jenaýat durar,
Pakyr mundan azatdyr hasy-hawas içinde.

Şerigat goraýjydyr hakykat ordasynda
Seniň üçin goranar, hasyl orda içinde.

Aýnyl-ýakyn görüpdir, Ýunus Mejnun olupdyr,
Bir ile bir olupdyr, hakkal-ýakyn içinde.

## - 150 -

Derwüş olan kişiler ajap näde dirile,
Ýol tagazasy budur, bir ola her bir ile.

Ikilik eýlemeýe, hiç ýalan söýlemeýe,
Älem bulanar ise, bulanmadan durula.

Ajap oýla kim ola, bulanmadan durula,
Öýlelik istär iseň, ýoldaş olgul är ile.

Är ile ýoldaş olan keý olasy köňülden,
Älem ýoldaş olar-da olarmyka dil ile.

Dilen nesne ne gelmez, suw ile köňül ýuwunmaz,
Gerçegiň gelenleri iderler bir gyl ile.

Tün-u günin çekerler, ol gyl üzülsin diýe,
Ömrüň onda berkemiş, idiler bir gyl ile.

Inçe sanmaň ol gyly, güzap sanmaň bu ýoly,
Erenler geldi geçdi, her biri bir hal ile.

Her kim haly hallandy, beg oldy ol gullandy,
Ýunus, sen gul olawer, beg söýleşer gul ile.

**- 151 -**

Eý, gopuz ile çeşte[1], aslyň nedir, ne işde?
Saňa sowal soraram, aýdyber maňa uşda.

Aýdar ki: «Aslym agaç, goýuň kirişi bir kaç,
Gel eşretim diňle, geç, akly kowma beleşde».

Aýdarlar maňa haram, men ogurlyk degilem,
Çünki aslym mismildir, ne bar imiş kirişde?

Maňa kiriş diýdiler, yşka giriş diýdiler,
Meniň adym yşk berdi, men durmazam kulmaşda.

---

[1] Çeşte — alty tarly saz guraly; tanbur.

Şatlygy ile geldim, uşbu äleme doldum,
Mürewwete düzüldim, goýdular bu döwüşde».

Agaç, deri tirildi, kiriş ile bir oldy,
Yşk deňizine daldy, bahana ýok bu işde.

Möwlana söhbetinde saz ile eşret oldy,
Aryp manyýe daldy, çün biledir perişde.

Perişdeýi aňmakdan bilesiň myrat nedir,
Gije-gündiz biledir seniň ile her işde.

Ol perişdeler ady Kiraman Kätibindir,
Ýazmakdan usanmazlar, armazlar ýaz-u gyşda.

Birisi sag omzuňda, birisi sol omzuňda,
Birisi haýryň ýazar, birisi şer jünbüşde.

Kagyzlary tükenmez, ne hut mürekkepleri,
Aşynmaz kelemeleri, gaýymlardyr ol işde.

Hem meýhanaýa barar, hem buthanaýa girer,
Bular saklarlar seni, sen gapylsyň bu işde.

Ýunus, imdi Subhany wasp eýlegil köňülde,
Aýry degil arypdan bu gopuz ile çeşde.

## - 152 -

On sekiz müň älem halky jümlesi bir içinde,
Kimse ýok birden artyk söýlener dil içinde.

Jümle bir oňa birler, jümle oňa giderler,
Jümle dil ony söýlär, her bir menzil içinde.

Jümle göz ony gözlär, kimse ýok nyşan berer,
Gören kim, görmeýen kim, galdyk müşgül içinde.

Kim gördi ony aýan, kim diýe nagş-u nyşan,
Sözi «Len teranydyr»[1] Musaga Tur içinde.

Togsan müň Hak kelamy, altmyş müňi am-u has,
Otuz müňi hassul-has, ol durar syr içinde.

Ol durar ol gizlin söz, aryp söýlär tün-gündiz,
Hiç bir nyşan tutmady hüýr-u kusur içinde.

Ýunus, sen dilär iseň, dosty görem diýr iseň,
Aýandyr görenlere, ol köňüller içinde.

## - 153 -

Esrapyl sury urula, ýeriň ýüzi degşirile,
Harap ola ýaş-u gury, çarhy pelek-de ýoýula.

[1] «Len terany» — «meni hiç görmersiňiz».

Kimse, nä galmaýa munda, pena ola hepisinde,
Mykaýylyň dykgatynda şol Hak terezi gurula.

Aýan ola çün jümle iş, gutulmaýa ýad-u biliş,
«Gel, eý, pylan ibni pylan!» hep at ile çagyryla.

Jümle halaýyk hep bite, er ýüzüni düp-düz tuta,
Höküm eýleýe Jepbar wagty-magşar depe hep sürüle.

Gopa kyýamatyň howly, ikinji nefhanyň kowmy,
Üçünji nefha içinde ýer-u gök ýüzi ýaryla.

Çün gele syddyk-u zagyp, aşyklara ýokdur howup,
Ýaryň ki magşar gününde ýewme ýeşfegu[1] gurula.

Ýunus, bar, ýaragyň eýlen, ýol gorkuly, geý, oňlan,
Öňüňde katran deňizi, gyldan Syrat-da gerile.

**- 154 -**

Kimse doýmaz bu nazara, yşk ile kim penje ura,
Bu nazara garşy duran hanymanyn garka bere.

Çün elini yşka ura, yşk okuna kimdir dura?
Gök ýüzünde melaýygy yşk ony indire ýere.

Gör, Harut, Marut ne idi, hezretde perişde idi,
Nesibin yşka aldyryp, makamyn Zähräýe bere.

[1] Ýewme ýeşfegu — şepagat güni.

Apdestimiz, namazymyz, dogrulykdyr tagatymyz,
Yşk ile bagladyk kamat, sapymyzy kim aýyra?

Mesjit, medrese oldugy, päk jemagat kylyndygy,
Halaýyk sap-sap durdugy yşk şükranasydyr zire.

Içimde ýanar yşk ody, köňlümde onuň hasaty,
Yşk odunyň tütüninden Ýunusyň meňzi sarala.

**- 155 -**

Bimekanam bu jahanda, menzilim, duragym onda,
Soltanam täç ile tagtym, hülle-ýu Byragym onda.

Eýýubam sabyrly boldum, Jirjisem ki müň gez öldüm,
Men bu mülke tenha geldim, bikülli ýaragym onda.

Bilbilem uş öte geldim, dilde menşur tuta geldim,
Munda müşküm sata geldim, keýigem otlagym onda.

Kim ne bile ne guşam, şol aý ýüzli ýara duşam,
Ezeliden men serhoşam, içmişem, aýagym onda.

Däliýem, pendi tutmazam, degme ýere men gitmezem,
Uşbu sözi eşitmezem, tutmuşam gulagym onda.

Syr sözi äşgäre olmaz, onda ot ýanar bilinmez,
Tün-u gün ýanar sönünmez, bu meniň çyragym onda.

Men bu mülke taglym kyldym, edi kere jöwlan urdum,
Muhammet nuryny gördüm, bu meniň mekanym onda.

Ýunus, bu pikire doldy, hep jahany arda saldy,
Wallahy, hoş lezzet aldy, dolmuşam damagym onda.

**- 156 -**

Uş ýene nazar oldy bu biziň janymyza,
Muhammet binýat urdy din-u imanymyza.

Pygamberler serweri, din diregi Muhammet,
Gör, ne göwherler guýdy bu biziň ganymyza.

Geliň amal edeliň, elimiz irer eken,
Ajal irer aňsyzyn, ir girmez sanymyza.

Eý, daryga, nädeliň, bizde amal olmaz ise,
Hyşm edip ýapyşalar bu kepen donumyza.

Soragçylar gelerler, sorag-hasap alarlar,
Garaňky sin içinde otura ýanymyza.

Ölüm hakdyr bilersiň, neçün gapyl olarsyň?
Ezraýyl kast edesi günäli janymyza.

Misgin Ýunus bu sözi öz-özünden aýytmaz,
Hak Çelep berip idi sapagyn dilimize.

## - 157 -

Ýene bu bady-nowbahar hoş nowg ile esdi[1] ýene,
Ýene gyşyň sowuklygy puzullygyn kesdi ýene.

Ýene rehmetdir bikyýas, ene eşret oldy demsiz,
Ýene geldi bu ýaňy ýaz, gutly gadam basdy ýene.

Ýene ýaňy hazynadan ýaňy halat geýdi jahan,
Ýene berildi ýaňy jan, ot-u agaç sesdi ýene.

Ölmüş idi ot-u şejer, diriliban gaýry biter,
Müşrüklere nukte ýiter, bar eýledi nesli ýene.

Ýene sähra-ýu murgyzar, hoş akar esrik bu suwlar,
Jahanlara saçdy nisar jümle-älem dosty ýene.

Ýene ýer ýüzi donanyp[2], dony gat-gat reňe batyp,
Bilbil güle garşy turup, jan pudaga asdy ýene.

Sözüm ýaz-gyş üçin degil, wallah, düýş üçin degil,
Aşyklaryň jurgasyndan Ýunus kadah susdy ýene.

## - 158 -

Bir ymarat görke maňa kim soňy weýran olmaýa,
Gazan şol maly, kim senden dökülip gaýra galmaýa.

---

[1] Esmek — öwüsmek.
[2] Donanmak — geýinmek, dolanmak.

Döküle altynyň, malyň, aýry ile ala halalyň,
Senden gaýra galan malyň saňa, bil, asly kylmaýa.

Ol mal ki, ol Halylydyr, haýyrlara elter seni,
Ol mal ki, ol Karunydyr, yssy hiç rahat olmaýa.

Ysrapyl suruny ura, daglar, depeler sürüle,
Bir garynja jogabyny müň Süleýman beräýmeýe.

Bu dünýä hep yssyz gala, altyny, maly döküle,
Sebil olubany ýene, hergiz yssysy bolunmaýa.

Heý, Ýunus Emre, ölünçe bar, ýöre dogry ýoluňça,
Dünýäsini terk edenler ýaryn Hezretde ölmeýer.

**- 159 -**

Saňa diýrem, eý, weli, tur erte namazyna,
Eger degilsiň öli, tur erte namazyna.

Azan okar muýezzin, çagyrar Alla adyn,
Ýykma diniň binýadyn, tur erte namazyna.

Agar perwaza guşlar, tesbih okar agaçlar,
Hümmet alan gardaşlar, tur erte namazyna.

Namazy kyl, zikr eýle, eliň göter, şükür eýle,
Ölejegiň pikir eýle, tur erte namaza.

Namaz kyl ýarag olsun, ahyrýetde gerek olsun,
Sinlekde çyrag olsun, tur erte namazyna.

Namaz kyl ymam ile, ýatmagyl güman ile,
Gidesiň iman ile, tur erte namazyna.

Çyka gide jan dagy, şeýle gala ten dagy,
Derwüş Ýunus sen dagy, tur erte namazyna.

**- 160 -**

Ol dost üçin aglar isem, gözüm ýaşyny kim syla?
Ýaşym nije diňe meniň beýle ajaýyp dert ile.

Eý, ýaranlar, geliň bäri, aňladaýyn ahwalymy,
Ýa şu meniň bu derdimiň dermanyny kim kyla?

Älem derman olar ise, sensiz derman olmaýmasa,
Sensiz derman nije ola, çün köňülde dost söýüle.

Ölüp sinä girer isem, etim, tenim çüýremeýe,
Aýrylmaýan söwdügimden, çün giderin söýmek ile.

Ylmy-sadyk diýilmeden, heniz elest buýrulmadan,
Ol men idim, men ol idi, bes bu nijesi kesile?

Ýaranlarym aýdar maňa: «Seni neçün görmedik biz?»
Pyrkata düşdi suratym bir menzilden bir menzile.

Ol dost ile meniň işim ölüp dagy bitmäýmese,
Bu nije ola, kim bite, kim köňülde dost söýüle?

Ysrapyl sury urajak, her bir surat nebsim diýe,
Men Ýunusy hiç aňmaýam, Tapdygy getirem dile.

**- 161 -**

Aňmamysyň şol güni sen, gözüň nesne görmez ola,
Düşe suratyň topraga, diliň habar bermez ola.

Çün Ezraýyl ine tuta, yssy kylmaz ene-ata,
Kimse dözmez o haýbata halkdan medet ermez ola.

Oglan gider danyşmana, saladyr dosta, duşmana,
Soňra galmaň puşeýmana, saňa yssy kylmaz ola.

Owwal gele şol ýuwujy, ardynja şol suw guýyjy,
Eltip ki kepen saryjy, bular halyň bilmez ola.

Agaç ata mündürerler, sinä ýaňa göndererler,
Ýer aldyna indererler, kimse aýry görmez ola.

Üç güne dek oturarlar, hep işiňi bitirerler,
Ol dem dile getirerler, aýry kimse aňmaz ola.

Ýunus misgin bu öwüdi, sen saňa berseň ýeg idi,
Bu şimdi ki mahlukata asyl yssy kylmaz ola.

**- 162 -**

Zihi şirin hüýli dilber, duragy rowan içinde,
Jan öýüni ol almyşdyr, aýry ne sygar onda.

Jan içinde dosty bolan aýry ýerde ne istesin,
Ony daşda sananlaryň ömri geçdi parakende.

Onuň yşkynyň gözgüsi kendide görkezdi bizi,
Köňül esrik Haka aşyk, esir olmuş bu dermanda.

Ony maňa[1] sorar iseň, bu ýönüm dostdan ýaňadyr,
Her ne halda ýörir isem, mährim arta durar günde.

Bu suratda kim bar dagy ýönüň aýry ýana döner,
Meniň barlygym dost aldy, eserimdir galan munda.

Ony menden soranlara, nije nyşan aýdaberem,
Dil ile kim aýda bile, bu yşkyň duragy kanda?!

Zihi ylahy döwletdir, kime ýoldaş olar ise,
Kim dost ile sürdi ömri bu arada, bu mekanda.

Dost ýüzüni gören kişi, kend-özüni goýasydyr,
Dünýä tutan gelen haryp, tussag olar bu erkanda.

Nije şirin durar, gel, gör, ki gojalar ýigit eýlär,
Aýylmady esrikligi, ne şur eder bu meýdanda.

Ýunus, gel, gör aşyklary, nije ýawy baryp durar,
Dünýä ahyret elden goýup, ne berende, ne alanda.

[1] Maňa — «menden» diýen manyda.

## - 163 -

Many beratyn aldyk, uş ýene elimize,
Yşk sözün berip idi patyşa dilimize.

Yşk sözlerin söýlär jan, janlary eýlär haýran,
Jahyllar gire bilmez, bu biziň syrymyza.

Syrymyza girmezler, inen ýoldaş olmazlar,
Degmeler haldaş olmaz bu biziň halymyza.

Halymyza haldaş ol, syrymyza syrdaş ol,
Müşgiliň aýan olsun, baş inder ulymyza.

Bu bir genji-nahandyr, nestir degmeler munda,
Nije ördek, nije gaz, hoş iner kölümize.

Şol ýakymy biz ýakdyk, dünýäýi elden goýduk,
Ahyreti kabul etdik, şükür biz ulymyza.

Ýunus, sen bahry olgul, nur deňizine dolgyl,
Bu hak sözleri algyl, iresiň ganymyza.

## - 164 -

Göreniň haly döner nyşansyz binyşana,
Ýesir etdiň jümle halky syrp içildi peýmana.

Sen munça syrat birle pynhan eken, eý, serwer,
Aşyklara döwletsiň, meşhur olduň jahana.

Sözüň eşiden gulak, äm-säm oldy, galdy sak,
Jümle köňüller mutlak «Sadyk — diýdi — men saňa!»

Seniň-le bir dem birlik, oldur jahandan ärlik,
Senden aýry dirilik oldy hemme efsana.

Seniň hikmetiň yrak, sensiň janlara durak,
Sen ýandyrdygyň çyrag, bildik ebedi ýana.

Hasy-höwes babysyň, aşyklar kitabysyň,
Mutlak didar gapysyň, görenler mahluk saňa.

Ýer-gök gaýym durdugy, deňizler möwç urdugy,
Jenneti - hüýr oldugy, jümle saňa bahana.

Dagy ýer-gök ýok idi, jümle söz mensuh idi,
Aşyklar topar idi, ol binyşan Subhana.

Bu göz kend-özün görmez, nyşan nyşanyň bermez,
Ýunusyň akly irmez, inen oldy diwana.

**- 165 -**

Kimiň näsi bar, kim saňa bere gylyç ýöretmäge,
Jümle-älem eliňdedir, kim ne biler el gatmaga.

Beren, alan sen olajak, kim jünbüş eýleýe bile,
Her kandasy gudrat seniň pir-u ýigit oýnatmaga.

Jümle haznalar seniňdir, kim dilär ise, beresiň,
Kimiň ne zähresi bardyr, destursyz ädim ätmäge.

Jümle-älemler üstüne haýr-u şeri sen ýasadyň,
Hyşm-u rehmet howaladyr kendi aslyna gatmaga.

Towpyk - enaýat olmasa, kim sebäp eýleýe bile?
Her kandasa gudrat seniň her işe el uzatmaga.

Iblis-u şeýtan kim ola, munda puzullyk eýleýe?
Ýerli ýerine sen goýduň, gul geldi gulluk kylmaga.

Eý, ýaranlar, siz bu sözi diňläň köňül, gulak ile,
Jan dodagy halys gerek birlik şerabyn datmaga.

Birlik diýen gatynda ki sen-men diýmek hiç ýok durur,
Ýunus, dilini ýumşatdyň bu towhydy aýtmaga.

**- 166 -**

Kime ki dost gerek ise, aýdaýyn ne kylasyny,
Terk eýleýe kend-özüni, aňmaýa ne olasyny.

Resmi durar aşyklara dost ýolunda gurban olmak,
Minnet tutar[1] jümle aşyk janyny yşk alasyny.

Her kim aşyk olmadysa, gutulmady mekr elinden,
Hemmesini yşk ereder, dünýä ahrýet belasyny.

Laýyk degildir degme jan dost ýolunda harç olmaga,
Umyt tutar jümle aşyk dosta gurban olasyny.

---

[1] «Minnet» eder manysynda.

Dostdan ýana giden kişi kend-özünden geçmek gerek,
Dost ýagmalar jan şährini, alyp köňül galasyny.

Dost ýoluna gönelene, gaýry dönmek olmaý eýse,
Bilmemisiň bu hemmesi senden gaýry galasyny.

Surat gözi ne göredir dost mejlisi kandalygyn,
Jan gulagydyr eşiden bu aşyklar nalasyny.

Bu dünýäde dostdan artyk, Ýunus, nesneýi söýmedi,
Bilmezmisiň gaýratsyza dost-u duşman gülesini.

**- 167 -**

Maňa namaz kylmaz diýme, men bilerem namazymy,
Kylar isem, kylmaz iýsem, ol Hak biler nyýazymy.

Dostdan artyk kimse bilmez kapyr, musulman kimdigin,
Men kylaram namazymy, Hak geçer diýse näzimi.

Ol näzi dergähde geçer, many şerabyndan içer,
Hyjapsyz jan gözün açar, kendi sylar dost gözüni.

Dost mundadyr belli beýan, dost didaryn gördüm aýan,
Ylm-u hikmet okaýanyň muňa deňindir azymy.

Her dem dost ýolun bolmaýyp, gizli many şerh eýleýip,
Degme aşyk şerh etmeýe, meniň bu gizli razymy.

Sözüm manysyna iriň, binyşandan habar beriň,
Dertli aşyklara soruň meniň bu dertli sözümi.

Dost isteýen gelsin maňa, görkezeýin dosty oňa,
Budur sözüm öňden-saňa, men bilerem kend-özümi.

Ýunus, imdi söýle haky, müňkir tutsun saňa daky,
Bişip durar Hakyň nany, aryplar datsyn duzumy.

## - 168 -

Çelep berip, eýa, saňa bir gün ajal serheňini,
Gele görüne gözüňe, azdyra meňziň reňini.

Aýda saňa amanaty, yssy dilär, tabşyraýyn,
Ala senden amanaty, ede seniň-le jeňini.

Amanaty senden ala, göwräňe guwraýyş sala,
Weballar boýnuňda gala, nebsiň ura gülbangyňy.

Malyň-u baryň, eý, paşa, hysmyň, kowmuň üleşe,
Ilederler seni sinä, göresiň ýeriň teňini.

Seni sinäňde goýalar, «Menzil mübärek!» diýeler,
Üstüňe tiz-tiz ýumalar, dünýäniň häki-seňini.

Garaňky ýerde olasyň, amalyň ile galasyň,
Ah ediban çoh çalasyň sen puşmanlygyň heňini.

Ýunus, imdi tobaýa gel, jan sendekän eýle amal,
Yşk ile gel guşanawer bu derwüşlik palanyny.

## - 169 -

Bir sowalym bar saňa, eý, derwüşler ejesi:
«Meşaýyh ne buýurar, ýol habary nijesi?»

Bergil sowala jogap, tutalyň, olsun sogap,
«Şugla kime görkezer yşk öýüniň bajasy?»

Owwal gapy şerigat, emri nehiý bildirer,
Ýuwa günäleriňi her bir Gurhan hejesi.

Ikinjisi tarykat, gulluga bil baglaýa,
Ýoly dogry barany ýarylgaýa hojasy.

Üçünjisi magrypat, jan, köňül gözüň açar,
Bak many saraýyna, arşa deňin ýujasy.

Dördünjisi hakykat, ýere egsik bakmaýa,
Baýram ola gündizi, gadyr ola gijesi.

Bu şerigat güýç olar, tarykat ýokuş olar,
Magrypat sarplyk durar, hakykatdyr ýujasy.

Derwüşiň dört ýanynda dört uly gapy gerek,
Kança ýan bakar ise, gündiz ola gijesi.

Oňa iren derwüşe iki jahan keşf olar,
Onuň sypatyn öwer ol hojalar hojasy.

Dört hal içinde derwüş gerek syýasat çeke,
Menzile irmez galar ýol äri ýuwajasy.[1]

Kyrk kişi bir agajy dagdan güýjün[2] indire
Ýa munça mürit-muhyt Syrat nije geçesi?

Küpür ok atar eken, imanyň urma, sakyn,
Ýogsa syrsaň göweji, sepil olar göweçisi.

Dört gapydyr kyrk mukam, ýüz almyş menzil bar,
Oňa irene açylar welaýat derejesi.

Aşyk Ýunus, bu sözi muhal diýe söýlemez,
Many ýüzün görkezer bu şahyrlar, gojasy.

**- 170 -**

Hak nury aşyklara her dem nuzul degilmi?
Kime kim nuzul degmez, Hakdan magzul degilmi?

«Minel-kalbi ilel-kalb[3] ýol bar» diýmişler ärler,
Her köňülden köňüle rast dogry ýol degilmi?

Garga ile bilbili bir kapasa goýsalar,
Biri-biri söhbetinden daýym melul degilmi?

Eýle kim garga dilär bilbilden aýrylmaga,
Bilbiliň-de maksady billahy ol degilmi?

---

[1] Ýuwaja — ýuwa; höwürtge. Bu ýerde: öýdeçil adam diýen manyda.
[2] Güýjin — güýçli.
[3] «Ýürekden ýürege».

Jahyl ile arypyň meseli şuňa meňzär,
Jahyl gatynda iman mälim mejhul degilmi?

Ýetmiş iki milletiň sözüni aryp biler,
Misgin Ýunus sözleri daýym usul degilmi?

**- 171 -**

Yşk bezirgeni sermaýa jany,
Bahadyr, gördüm jana gyýany.

Zihi bahadyr jan terkin urur,
Gylyçmy keser hümmet geýeni.

Hemmesin bir gör, kemterin är gör,
Öli görmegil palas geýeni.

Tiz çykararlar fewkal-alaýa,
Müň Isa kibi dünýä goýany.

Aşyk olanyň nyşany bardyr,
Melamat olur belli beýany.

Çün Mansur gördi, ol «Menem!» diýdi,
Oda ýakdylar, eşitdiň ony.

Oda ýandyrdyň, külün sowurdyň,
Eýlemi gerek, seni söýeni?

Zynhar, eý, Ýunus, gördüm diýmegil,
Oda ýakarlar, gördüm diýeni.

**- 172 -**

Haçan kim ol dilber meniň gözlerime tutaş oldy,
Aldy essim-aklymy, köňlüme ýoldaş oldy.

Köňlüm aýdar: «Menem guly», janym aýdar: «Menem guly»,
Hiç bilmezem kimiňdir, ol ýerde söweş oldy.

Bu ikisi arasynda diýdim: «Döwlet meniň imiş»,
Hiç danyşygym ýok eken, başym onuň-le hoş oldy.

Her kançara bakar isem, oldur gözüme duş olan,
Öňüm-ardym, sagym-solum genç ýaz oldy, ger gyş oldy.

Hydyr-u Ylýas degil eken, ölmez dirilige sataşdym,
Hergiz iýmez-içmez eken, içim dop-doly aş oldy.

Jümle älemiň köňlünde bardyr onuň mahabaty,
Ony jandan söýmeýäniň bil kim imany daş oldy.

Seniň yşkyň ody meger syçramaýa kimesneýe,
Bir zerre degdi Ýunusa, jahan içinde paş oldy.

**- 173 -**

Ýer, gök ýaradylmadan Hak bir göwher eýledi,
Nazar kyldy göwhere, sygmady döwür eýledi.

Göwherden bug çykardy, ol bugdan gök ýaratdy,
Gök ýüzüniň bezegin çoh ýyldyzlar eýledi.

Göge aýtdy: «Dön!» diýdi. «Aý, Gün ýörsün!» diýdi.
Suwa magallak goýdy, üstüni ýer eýledi.

Ýer çaýkandy, durmady, bir dem karar kylmady,
Ýuja-ýuja daglary Hak çöksüler eýledi.

Ezraýyl gökden indi, bir owuç toprak aldy,
Dört perişde ýugurdy, bir pygamber eýledi.

Çün jan göwräýe girdi, asgyrdy, öri turdy,
El göterdi şol gadar, Haka şükür eýledi.

Alla aýdar Adama: «Şükür erdiň bu deme,
Bu dünýäde ne duýduň, diliň näýe söýledi?»

«Ýok eken, bar eýlediň, toprak eken jan berdiň,
Gudrat dil ile aňdyň, dilim söýlär eýlediň».

Bu söz Haka hoş geldi, gulun eziz eýledi,
Ne geçdise köňlünden, berdi häzir eýledi.

Bu söz Ýunusa kandan, kim bere habar jandan?
Meger ol soltan lutpy oňa nazar eýledi.

**- 174 -**

Çelep Adam jismini toprakdan bar eýledi,
Şeýtan geldi, Adama tapmaga ar eýledi.

Aýdar: «Men otdan-nurdan, ol bir owuç toprakdan»,
Bilmedi kim Adamyň için göwher eýledi.

Zahyr gördi, Adamyň batynyna bakmady,
Bilmedi kim Adamy halka serwer eýledi.

Kyrk ýyl galypy ýatdy, ady älemi tutdy,
Gör şeýtany bugzyndan ne pitneler eýledi.

Adam toprak ýatmyşdy, at älemi tutmuşdy,
Pikirine bak Iblisiň, ýagny hünär eýledi.

Ol ýöreýän atlary sürdi Adam üstüne,
Adama mekr eýleýip, ýagny zeper eýledi.

Adamyň göbeginden Çelep ýaratdy ony,
«Waf!» diýip turdy, urdy, gaçdy, güzer eýledi.

Çün gitdi Adam ähdi, ýetdi Musanyň wagty,
Iblise uşbu işler ýawlak eser eýledi.

Musa göneldi Tura, Haka mynajat ede,
Gördi kim, bir akar suw Musa nazar eýledi.

Musa aýdar: «Göreýin, uşbu suw nirden geler?
Ger beýle akar ise, zir-u ziber eýledi».

Ileri bardy Musa, Lagyn otyrmyş, aglar,
Gözüniň ýaşy imiş, ol suw pynar eýledi.

Musa sordy Lagyna: «Agladygyň nedendir?»
«Nädeýin aglamadan işimi zar eýledi.

Mukarrapdym Musa men ol Hakyň dergähinde,
Göterdi, urdy ýere, işimi şer eýledi.

Bargyl, aýtgyl, ýa, Musa, rehmet eýlesin maňa,
Toba kylyp işine hoş ystygfar eýledi».

Musa irdi hajata, Hak ile mynajata,
Unutdy amanaty, söz muhtasar eýledi.

Çelepden erdi neda: «Hany amanat?» diýdi,
Ol nedaýa janyny Musa nisar eýledi.

Bargyl, aýtgyl Musa, rehmet edeýin oňa,
Sežde etsin Adama çün ystygfar eýledi.

Musa geldi Lagyna, diýdi Hakyň buýrugyn,
Seždeýi eşidijek, döndi, inkär eýledi.

Men ondan umar idim, derdime derman kyla,
Derdim dagy artdyrdy, ýagny timar eýledi.

Men eger tapsam oňa ol wagtyn tapar idim,
Şimdi hut toprak olup, zir-u ziber eýledi.

Adam Iblis kim ola, işi işleden Çelep,
Aý-u Güni ýaradyp, leýl-u nahar eýledi.

Many nedir, Iblisden puzullyk durar bizde,
Duýduňsa uşbu sözden syry äşgär eýledi.

Çelep aýdar: «Şol gula enaýat menden ola»,
Ne şeýtan azdyradyr, ne kimsä kär eýledi.

Alty müň ýedi ýüz ýyldan geçen Adamy
Dile getirdi Ýunus, söz muhtasar eýledi.

**- 175 -**

Meniňleýin gören kişi meň söwdügimiň ýüzüni,
Däli ola, daga düşe, ýawy kyla kend-özüni.

Men niçesin diýe bilem jemaly tertibin onuň,
Kim jan dodagydyr dada onuň gylyjy duzuny.

Her ne ýere barar ise ol şirin hüýli dilberim
Ýetmiş iki millete ol geçirer dürli näzini.

Kişi neýi söýer ise, dilinde sözi ol olar,
Keksiz sözleýesim geler daýyma onuň sözüni.

Kişi kendiligi ile dosta laýyk olmaz imiş,
Muhabbet burçunda goýmuş aşyklaryň ýyldyzyny.

Dertsizlere meniň sözüm meňzär gaýa ýaňysyna,
Haldaşy biler kişiniň köňlünde gizlin razyny.

Bu Ýunusyň gördügini eger Zöhre göreý idi,
Çeňini[1] elden byragyp, unudaý idi sazyny.

[1] Çeň — saz guraly.

## - 176 -

Biz bizi bilmez idik, bizi ýaradan eýledi,
Äşigäre bizi kyldy, kendiýi pynhan eýledi.

Biz bile pynhan idik, gaýry sen-u men idik,
Mutlak bigüman idik hem bigüman eýledi.

Topraga gudratyndan surat-u hat baglady,
Dört perişde ýugurdy, Adam ondan eýledi.

Çün ýaratdy Adamy, bileý idik biz kamu,
Bu kamu has-u amy bir magdandan eýledi.

Asly magdanda idik, gaýgysyz gany idik,
Şol binyşan jahandan şeýle nyşan eýledi.

Görgül Çelep pazlyny, ýykmaz asy köňlüni,
Ýüz müň ýigrimi dört müň ol terjiman eýledi.

Hemme bir ýere gider, kimse nijesi ýiter,
Iki birdir, bir biter, gör, bir näden eýledi.

Adamdan muňa deňin, ne ili bar, ne ýakyn,
Iýmek ile geýmegi bir däneden eýledi.

Çün nebis oldy howala, dagytdy degme ýola,
Datly oldy newala, ol sen-u men eýledi.

Seni ne bile pylan, ne söýlär ise ýalan,
Dünýä çirkine galan, işin güman eýledi.

Elestede bileýdik, göz açdyk «Beli!» diýdik,
Iýidik, Ýunus idik, hemme birden eýledi.

**- 177 -**

Dostdan habar sorar iseň, güzap degildir dost işi,
Belli biliň hiç nesnedir bu jahanda dostsuz kişi.

Her kim ki dost ýüzün göre, «Dost, dost!» diýe janyn bere,
Ol wagtyn ol dosta ire, unyda jümle teşwişi.

Kim baha bolaýsa oňa, ol gygyrar ondan ýaňa,
Döwlet erdi ondan maňa, hajat degil huma guşy.

Dost işi ajap iş durar, jan deňize dalmyş durar,
Jansyzlara bir düýş durar, gel, ýorasyň bu düýşi.

Dost yşkydan älem doldy, her bir aşyk ondan oldy,
Yşksyz biten çeçek, soldy, yşk iledir dostluk hoşy.

Nije diýeýin men ony, kabul etmez ýüz müň hany,
Oňa laýyk gymmat hany, ýokdur oňa laýyk kişi.

Yşky söýe aşyk gerek, nä olasy yşkdan ýegräk,
Yşkdyr ýere-göge direk, galany hep söz öküşi.

Ýunus, indi sen men eken, aşyklara ne sen-u men,
Ýoklukdamyş dosty söýen, goýuň aýryksy bakyşy.

## - 178 -

Ol Çelebiň yşky meniň bagrymy baş eýledi,
Aldy meniň köňlümi, syrymy paş eýledi.

Hergiz gitmez köňülden, hiç egsik olmaz dilden,
Çelep kendi nuruny gözüme duş eýledi.

Jan gözi ony gördi, dil ondan habar berdi,
Jan içinde oturdy, köňlümi arş eýledi.

Esrik oldy janymyz, dür döker lisanymyz,
Ol Çelebimiň yşky meni derwüş eýledi.

Men haçan derwüş olam, tä ki oňa iş olam,
Ýüz müň meniň kibiýi yşk hyrkapuş eýledi.

Ýunus imdi awynar, dosty görüp söýüner,
Erenler mähfilinde yşka jünbüş eýledi.

## - 179 -

Kem durur ýoksullykdan niçeleriň barlygy,
Munça barlyk bar eken, gitmez köňül darlygy.

Batmyş dünýä malyna, bakmaz ölüm halyna,
Batmyş Karun malyna, zihi iş duşwarlygy.

Bu dünýä kime galdy, kimi barhudar kyldy,
Süleýmana olmady onuň barhudarlygy.

Süleýman zenbil ördi, kendi emegin iýrdi,
Onuň ile bildiler anlar pygamberligi.

Gel imdi, misgin Ýunus, näň bar ýola harç eýle,
Gördüň eliňden gider bu dünýäniň barlygy.

**- 180 -**

Ol dost menden ýaňa hiç bilmezin nije bakdy,
Uşbu wujut şährine bir hoş nazar byrakdy.

Gözüm onuň ýüzünden nije gidire bilem,
Şol şirin gylyç ile köňlümi şeýle ýykdy.

Kimden köňül istärsem, sabry görkezer maňa,
Sabyr sermaýasyny muhapbet ody ýakdy.

Sabyr ile meniň işim nije baraýsa başa,
Janyma jan bagyşlar şol dostumyň nüwahty.

Söwdükli söwdükle bile gopadyr ýerden,
Bu iş ýaryna goýmaz, bu gün ki dem saýykdy.

Ýunus dost mürewwetin yrmaýa kend-özünden,
Kişi neýi söýerse, jany oňa uýakdy.

**- 181 -**

Doldur, bize sun kadahy, yşk şerabyndan, eý, saky,
Ol deňizden içir bize, ki ondan içer şyh-u faky.[1]

[1] Faky — dini kanunlary düşündirýän ruhany; fakyh.

Söhbetimiz ylahydyr, sözümiz Köwser suwudyr.
Şahymyz şahlar şahydyr, çalgymyzdyr dost pyraky,

Kim ki bir dem söhbet ola, müfti — müderris mat ola,
Bir ylahy döwlet ola, ondan içen oldy baky.

Hyrka ile haç ýol bermez, pereji ile alym olmaz,
Din diýanat olmaýajak, okasaň ýüz müň warygy.

Okadyň ýedi mushapy, tagat görkezersiň sapy,
Çünki amal eýlemediň, gerekse, bar, ýüz ýyl oky.

Müň gez haja bardyň ise, müň gez kaza kyldyň ise,
Bir gez köňül yrdyň ise, gerekse, ýüzi ýyl ýol doky.

Köňülmi ýeg, Käbemi ýeg, aýyt maňa akly iren,
Köňül ýeg durar, zire kim köňüldedir dost duragy.

Köňülleriň goňşularyň, esmerledi Hak resula,
Magraç gijesi dost ile bu keleji oldy baky.

Ýunus, seniň işiň budur, tutgul ulular etegin,
Dilärsiň, päk olasyň, köňüllerde olgul baky.

**- 182 -**

Saňa ybrat gerek ise, gel göresiň bu sinleri,
Ger daş iseň eriýesiň, bakyp görejek bunlary.

Şunlar ki çohdur mallary, gör, nije oldy hallary,
Soň ujy bir köýnek geýmiş, onuň-da ýokdur ýeňleri.

Hany mülke meniň diýen, köşk-u saraý begenmeýen,
Şindi bir öýde ýatarlar, daşlar olmuş üstünleri.

Bular öýe girmeýeler, zihd-u tagat kylmaýalar,
Bu begligi bolmaýalar, syra geçdi döwranlary.

Hany ol şirin sözlüler, hany ol güneş ýüzlüler?
Şeýle gaýyp olmuş bular, hiç bilinmez nyşanlary.

Bular bir wagt begler idi, gapyçylar gorar idi,
Gel, şindi gör, bilmeýesiň beg haýsydyr ýa gullary.

Ne gapy bardyr giresi, ne iýmek bardyr iýesi,
Ne yşk bardyr göresi, tün olmuşdyr gündizleri.

Bir gün seniň dagy, Ýunus, men-men diýdikleriň gala,
Seni dagy beýle kyla, näde kim etdi bunlary?

**- 183 -**

Ol geçidiň gorkusy uş meni ýoldan goýdy,
Geçmez degme kişiler, köprüsin gyldan goýdy.

Ol garaňky jähennem aşyga köşk-u saraý,
Gula onda sowal ýok, guly sowaldan goýdy.

Öküz daşyň üstünde, daşy balyk göterer,
Balyk suwuň içinde, binasyn ýelden goýdy.

Dostuň etegin tutan, dosty-le bazar eden,
Bazar eden dosty-le, bazaryn elden goýdy.

Ol Merýem ogly Isa, turup giderkän dosta,
Şol bir ýarymça iňňe Isany ýoldan goýdy.

Ýunus, diýmegil indi, dosty gerçek söýerin,
Dosty gerçek söýenler menligin elden goýdy.

**- 184 -**

Baňlady ol muwazzyn, turdy kamat eýledi,
Hezrete tutdy ýüzün, döndi niýet eýledi.

Hezrete bagly elim, «Fatyha» okar dilim,
Ol Haka büküp bilin, hoş rukugat eýledi.

Şu meniň hajatgähim, Tur dagy boldy meger,
Musalaýyn bu köňlüm, hoş mynajat eýledi.

Bir surat gördi gözüm, seždeýe bardy ýüzüm,
Ýykyldy tertiplerim, zuhdumy mat eýledi.

Ne doga, salam kylam, ne zikr-u tesbih kylam,
Bu bäş wagt namazymy, yşkyň garýet eýledi.

Gör, Ýunusy neýledi, hoş habarlar söýledi,
Aşyk idi magşuga, dad-u perýat eýledi.

## - 185 -

Men men-de seýr eken ajap syra irdim ahy,
Bir siz dagy siz-de görüň, dosty men-de gördüm ahy.

Men-de bakdym, men-de gördüm meniň ile bir olany,
Suratyma jan olany kimdigini bildim ahy.

Men istedim bildim ony, ol men isem ýa men hany?
Seçmedim men ondan meni, bir gezden ol oldum ahy.

Surat toprakdyr diýeni köňlüm kabul etmez ony,
Bu topragyň jöwherini hezrete yr gördüm ahy.

Müňkür kişi duýmaz muny, dertlileriň syzar jany,
Men dost bagy bilbiliýem, ol bakjadan geldim ahy.

Magşuk bizimledir bile, aýry degil gyldan gyla,
Ýyrak sapar bizden gala, dosta ýakyn boldum ahy.

Degme bir ýol känden maňa, dagylmaýam degme ýaňa,
Gutly oldy bu saparym, hoş menzile irdim ahy.

Mansur idim men ezelde, onuň üçin geldim munda,
Ýak külümi, sowur ýele, men «Enel-Hak» diýdim ahy.

Ne oda ýanam, dagylam, ne dara çykam, bogulam,
Işim bitinçä ýöriýem, teperrüje geldim ahy.

Mungym oldum, ýoksul eken, meniň oldy köwn-u mekan,
Ýerden göge, magryp, maşryk, ere-göge doldum ahy.

Näde kim men meni bildim, bu oldy kim Hakgy boldum,
Gorkym ony bilinçädi, gorkudan gutuldym ahy.

Ýunus, kim öldürer seni, beren alar ýene jany,
Bu janlara hökm edeni, kim idigin bildim ahy.

**- 186 -**

Ezelden bar idi janymda bu yşk ody,
Äşgäre etmez idim, bilerdim ki dost goýdy.

Dört kitaby şerh eden bulmady[1] yşka çäre,
Ne begler, ne soltanlar, ne müderris, ne kazy.

Ýer, gök oýnar, yrylmaz, eller öser deprenmez,
Her nesne mäkäm olar, ki yşk olajak binýady.

Yşk eneden dogmady, kimsäýe gul olmady,
Hökmüne kyldy ýesir jümle biliş-u ýady.

Yşka mejnun olanlar yssy, zyýandan paryg,
Gorkmaz yssy-sowukdan, bes ne biläýse ody?

Ezelden meniň pikrim, «Enel-Hak» idi zikrim,
Heniz dagy dogmadan ol Mansury — Bagdady.

Yşk jeňine düşeniň melamat olar işi,
Onuň üçin betnamdyr misgin Ýunusyň ady.

---

[1] Bulmady — « tapmady» diýen manyda.

## - 187 -

Eşidiň, eý, ýaranlar, öýe derwüşler geldi,
Jan şükrana bereliň, öýe derwüşler geldi.

Her kim gördi ýüzüni, unudar kend-özüni,
Ylmy-batyndan öter, öýe derwüşler geldi.

Derwüşler uçar guşlar, deňiz kenaryn gyşlar,
Zihi döwletli başlar, öýe derwüşler geldi.

Derwüşler ýüzi suwly, görenler olar däli,
Batyny arşdan uly, öýe derwüşler geldi.

Seýdi Balum ilinden, şeker damar dilinden,
Dost bakjasy ýolundan, öýe derwüşler geldi.

Ýunus guluň ugursyz, hiç kimsesi ýok, ýalyňyz,
Pida olsun janyňyz, öýe derwüşler geldi.

## - 188 -

Diniň imanyň bar ise, hor görmegil derwüşleri,
Jümle älem muştak durur görmeklige derwüşleri.

Aý-u Güneş muştak durar derwüşleriň söhbetine,
Perişdeler tesbih okar, zikr eder derwüşleri.

Tersalar tapyýa geler, hökm isläri zebun olar,
Daglar-daşlar sežde kylar, görmek istär derwüşleri.

Ol älem faky Mustapa, ol magdany sydk-u sapa,
Ondan istär iseň sapa, sen hoş tutgul derwüşleri.

Ynjyda sen, ah edeler, ömrüň gülün gurydalar,
Gözsüz olasyň, ýiteler, tä bilesiň derwüşleri.

Ýer-gök aýdar: «Hyrka haky, hümmetleri bolsun baky,»
Ol patyşa oldy saky, esrediler derwüşleri.

Gökden inen dört kitaby günde müň gez okar iseň,
Wallah, didar görmersiň, söýmez iseň derwüşleri.

Ýunus aýdar, bu yşk geldi, ölmüş janym diri kyldy,
Sen, men diýmek dilden galdy, göräýseňiz derwüşleri.

**- 189 -**

Menzili yrak bu ýoluň, bu ýola kim barasy?
Müşgüli çoh bu ýoluň, muny kim başarasy?

Bu ýola ýarag gerek, egsik gerek, çoh gerek,
Keý demir ýürek gerek, bu sarp ýola barasy.

Inçe Syrat köprüsi sypatymyş bu ýolda,
Dosta giden kişiniň dogrulykdyr çäresi.

Kimde kim dogrulyk bar, Hak Çelep ony söýer,
Iki jahana ýarar ol äriň sermaýasy.

Dogrulyk manjanygy istygpar daşy ile,
Dogry bardy, atyldy, ýykyldy nebis galasy.

Iman aldawçylary, biliň, çohdur bu ýolda,
Nebsine uýanlaryň gitmez ýüzi garasy.

Ýüz müň yryýaçysy biliň, bardyr bu ýoluň,
Nebis öldürmiş är gerek ol çeriýi gyrasy.

Ýunus, imdi saladyr, gel, gideliň ýokluga,
Gözleriň laýyk ise, dost didaryn göresi.

**- 190 -**

Nije bir besleýesiň bu kad ile kamaty,
Düşdüň dünýä zowkuna, unutdyň kyýamaty.

Düýrüş, gazan, iý, iýdir, bir köňül ele getir,
Ýüz Käbeden ýegräkdir bir köňül ymaraty.

Usly degil, dälidir ýuja saraýlar ýapan[1],
Akybet weýran olar jümläniň ymaraty.

Ýüz müň pygamber gele, hiç şepagat olmaýa,
Waý, eger olmaz ise Allahyň enaýaty.

Nebsin musulman eden Hak ýola dogry barar,
Ýaran oňa olaýsa Muhammet şepagaty.

Ýunus imdi sen dagy gerçeklerden ola gör,
Gerçek erenler imiş jümläniň zyýaraty.

---

[1] Ýapmak — gurmak.

## - 191 -

Yşkyň ody düşdi jana, eritdi ýürek ýagyny,
Kesdi hewasetiň kökün, oda ýandyrdy bagyny.

Gazdy gahar gazmasy-la janda jepa ojagyny,
Çaldy nebsimiň boýnuna hümmet äri pyçagyny.

Rehmet suwy ile ýuwdy köňlüm öýün ap-aryja,
Hyzmat gapysyndan oňa sundy, şükür, aýagyny.

Her kim bize ýarar ise, Hak dilegin bersin oňa,
Urmaklyga kast edeniň, düşem, öpem aýagyny.

Misgin köňlüň yşk elinden iki büküldi wujudy,
Toba gapysyndan sundum oňa iman taýagyny.

Gel imdi, eý, misgin Ýunus, hewaseti elden byrak,
Çelebim ruzy eýle, bize kanagat bujagyny.

## - 192 -

Erenler bir deňizdir, aşyk gerek dalasy,
Bahry gerek deňizden girip göwher alasy.

Ýene biz bahry olduk, deňizden göwher aldyk,
Serrap gerek göwheriň gymmatyny bilesi.

Ýöre, bar, alsam ola, ne simsarlyk satarsyň,
Aly kibi är gerek uşbu syra iresi.

Muhammet Haky bildi, Haky kendide gördi,
Jümle ýerde Hak häzir göz gerekdir göresi.

Bile ryzkyňy Hakdan, «Nahnu kasamna[1]» pynhan,
Nebsin bilmiş är gerek, göz hyjabyn sylasy.

Diýdim uşbu nepesi, aşyklar hökmi ile,
Bahyllyksyz är gerek bir karara durasy.

Alymlar kitap düzer, garaýy aga ýazar,
Köňüllerde ýazylar bu kitabyň süresi.

Ýöre, heý, sopy zorrak, ne saluslyk satarsyň,
Hakdan artyk kim ola gula dileg beresi.

Hak duragy köňülde, aýaty bar Gurhanda,
Arşdan ýokary janda yşk burçunyň külesi.

Şeýle däli olmuşam, bilmezden tünden güni,
Ýüregimde işledi yşk okunyň ýarasy.

Gel imdi, misgin Ýunus, tut erenler etegin,
Jümlesi misginlikde ýoklugymyş çäresi.

**- 193 -**

Yşkyň aldy menden meni, maňa sen gerek, sen gerek,
Men ýanaram túni, güni, maňa sen gerek, sen gerek.

---

[1] Nahnu kasamna — «Biz kasam» etdik ýa-da: «biz paýladyk».

Ne barlyga söýünerem, ne ýokluga gynanaram,
Yşkyň ile awunaram, maňa sen gerek, sen gerek.

Yşkyň aşyklar öldürer, yşk deňzine daldyrar,
Tejelli ile doldurar, maňa sen gerek, sen gerek.

Yşkyň şerabyndan içem, Mejnun olup daga düşem,
Sensiň tün-u gün endişäm, maňa sen gerek, sen gerek.

Sopulara söhbet gerek, ahylara ahret gerek,
Mejnunlara Leýli gerek, maňa sen gerek, sen gerek.

Eger meni öldüreler, külüm göge sowuralar,
Topragym onda çagyra, maňa sen gerek, sen gerek.

Ýunus durur meniň adym, gün geldikçe artar odum,
Iki jahanda maksadym, maňa sen gerek, sen gerek.

**- 194 -**

Dilsizler habaryny gulaksyz diňleýesi,
Dilsiz, gulaksyz sözün jan gerek aňlaýasy.

Diňlemeden aňladyk, aňlamadan eýledik,
Girjek ýeriň bu ýolda ýoklukdyr sermaýasy.

Biz söýdük, aşyk olduk, söýüldik, magşuk olduk,
Her dem ýene dirlikde sizden kim usanasy.

Ýetmiş iki dil seçdi, aramyza söz düşdi,
Ol bakyşy biz bakdyk, ýermedik a:m-u hasy.

Misgin Ýunus, ol weli ýerde, gökde dop-doly,
Her bir daşyň astynda müň Ymran ogly Musa.

**- 195 -**

Nesihat kandylyndan bir yşarat göründi,
Tenim içinde janym ondan ýaňa süründi.

Nebsimiň aždarhasy döndi maňa hemle etdi,
Kanagat haý diýmezse, ýer-u gögi iýr indi.

Kanagaty ýar edin, uýma nebis dilegine,
Iresiň hakykata, ýeriň bulduň[1] tur indi.

Kanagat diýdigini eger sen tutmaz iseň,
Nebsiňe uýar iseň, sergezdan ol, ýör indi.

Ýunus, Hak tejellisin şygyr dilinden söýlär,
Janda göwher bar ise, Hakdan ýaňa ýör indi.

**- 196 -**

Patyşalar patyşasy ol gany
Emrile berip idi bize jany.

Od-u, suwy-ýu topragy ýel bile
Onuň ile binýat eýledi teni.

[1] «Bulmak» — bu ýerde: «tapmak» diýen manyda.

Ýaratdy ýetmiş iki dürli dili,
Arada üstün goýdy musulmany

Biz musulman Muhammet ummatyna
Halat berdiň bize din-u imany.

Jan nurdandyr, nura garyşar iseň,
Aýyp eýleme surat olursa pany.

Zekerýa agaja sygynmagyn
Byçgy ile iki dildirdiň ony.

Eýýubyň gurda iýdirdiň tenini,
Sabyrly boldy, o dagy dermany.

Ýakuby agladyp, aldyň gözlerin,
Ýusuby Müsüriň etdiň soltany.

Hemmeýe söz sözleder ybrat üçin,
Ýunusy-da söýleder ol subhany.

**- 197 -**

Nije bir besleýesiň bu kad ile kamaty,
Düşdüň dünýä zowkuna, unutdyň kyýamaty.

Maly-mülki goýuban kanda gidersiň misgin,
Ança ýatasyň sende görinçä kyýamaty.

Iki perişde ine, gele, garşyňa dura,
Günäleriňi ýaza, sala boýnuňa biti.

Günäleriň tartalar, ondan Syrat elteler,
Zebanylar tutalar, pyganlar ola gaty.

Ata oguldan beze, bakmaýa ene gyza,
Şol gün geläýse başa, unutma arasaty.

Misgin Ýunus, sen dagy gerçeklerden olagör,
Erenler pişe edinmiş sabyr ile kanagaty.

**- 198 -**

Ömrüm, meni sen aldadyň, ah, nädeýin, ömrüm, seni,
Meni deprenmeze goýduň, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

Meniň barym hep sen idiň, janym içinde jan idiň,
Hem sen maňa soltan idiň, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

Köňlüm, saňa eglär idim, gül diýiban ýaýlar idim,
Garyp saýyp aglar idim, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

Gider imiş munda gelen, dünýä işi jümle ýalan,
Aglar ömrün ýawy kylan, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

Haýrym, şerim ýazylaýsa, ömrüm ýüpi üzüläýse,
Gidip surat bozulaýsa, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

Bäri gapydan geçmeseň, göçgünçi kibi göçmeseň,
Ölüm şerabyn içmeseň, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

Bir gün ola sensiz galam, gurda, guşa awy olam,
Çüýrüýiban toprak olam, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

Misgin Ýunus, bilmezmisiň, ýogsa nazar kylmazmysyň?
Ölenleri aňmazmysyň, ah, nädeýin, ömrüm, seni.

**- 199 -**

Kime köňül berer isem, meniň ile ýar olmady,
Halym bilip, derdim sorup, maňa wepadar olmady.

Hakdan meger takdyr idi, aşyk oldy köňlüm saňa,
Hiç kimseler mençileýin derde giriftar olmady.

Yşkdan şikaýatym ýokdur, kendi talygymdan durar,
Kendi ýolun aramaýan adam degil, är olmady.

Yşk bir uly hylgat durar, bir niçäýe berdi Çelep,
Birnäçeler galdy mahrum, yşkdan habardar olmady.

Yşk uludan nazar durar, aşyk jany didar durar,
Yşka düşmeýen köňüller weýran durar, şar olmady.

Ybrahyma Nemrut odun yşkdyr gülüstan eýledi,
Yşkdan çün erdi nazar, gülzar oldy, nar olmady.

Hak ýaratdy ýeri, gögi ol Adamyň dostlugyna,
«Löwläk» oňa delil oldy, onsuz ýer, gök bar olmady.

Yşkda kahrlar çoh olar, aşyklara gaýrat gerek,
Ýunus, aşyk olduň ise, aşyklarda ar olmady.

**- 200 -**

Musulmanlar, zamana uýatly oldy,
Halal ýeňmez, haram gymmatly oldy.

Okalan Gurhana gulak tutulmaz,
Şeýtanlar semredi, kuwwatly oldy.

Kime kim Taňrydan habar berersiň,
Kakyr başyn salar, hüçjetli oldy.

Şägirt ussat ile arbede kylar,
Ogul ata ile yzzatly oldy.

Pakyrlar misginlikden çekdi elin,
Köňüller ýykyban haýbatly oldy.

Pygamber ýerine geçen hojalar
Bu halkyň başyna zähmetli oldy.

Tutulmaz oldy pygamber hadysy
Halaýyk jümle Hakdan utly[1] oldy.

Ýunus, gel, aşyk iseň, toba eýle,
Nasyha toba ujy gutly oldy.

**- 201 -**

Geldi, geçdi ömrüm meniň şol ýel öwsüp geçmiş kibi,
Häle maňa şeýle gele şol göz açyp ýummuş kibi.

---

[1] Utly — uýatly, haýaly.

Uşbu söze Hak tanykdyr, bu jan göwräýe gonakdyr,
Bir gün çyka gide kapasdan misli guş uçmuş kibi.

Misgin Adam ogluny meňzetmişler ekinçiýe,
Kimi biter, kimi ýiter ýere tohum saçmyş kibi.

Bu dünýäde bir nesneýe ýanar içim, köýner özüm,
Ýigit eken ölenlere gök ekini biçmiş kibi.

Bir hastaýa bardyň ise, bir içim suw berdiň ise,
Ýaryň onda garşy gele Hak şerabyn içmiş kibi.

Bir misgini gördüň ise, bir eskiçe berdiň ise,
Ýaryň onda saňa gele, Hak şerabyn içmiş kibi.

Ýunus Emre, bu dünýäde iki kişi galar diýrler,
Meger Hydyr, Ylýas ola aby-haýat içmiş kibi.

**- 202 –**

**MYNAJAT**

Ýa, ylahy, ger sowal etseň maňa,
Jogabym uşbu idi onda saňa.

Men maňa zulum eýledim, etdim günäh,
Neýledim, nätdim saňa, eý, patyşah!

«Gelmediň, — diýdiň — hakyma kem diýe,
Dogmadyň, — diýdiň — asy Adam diýe.»

Sen ezelden meni asy ýazasyň,
Doldurasyň äleme owazasyn.

Menmi düzdüm meni, sen düzdüň meni,
Pür aýyp neçün getirdiň, eý, gany?!

Gözüm açyp gördügim zyndan içi,
Nebs-u howa pür-doly şeýtan içi.

Kapas içinde ölmäýin diýe aç,
Mismil-u murdar iýdim bir-iki – kaç.

Nesne egisdimmi mülküňden seniň?
Geçdimi hökmüm ýa hökmüňden seniň?

Ryskyň alyp, seni mätäçmi goýdum?!
Ýa iýip öňüňi, mätäçmi gondum?!

Gyl kibi köpri gerersiň, geç diýe,
Geçiban Köwser şerabyn iç diýe.

Gyl kibi köprüden adammy geçer,
Ýa üzüler, ýa taýynar, ýa uçar.

Gullaryň köpri gurarlar haýyr üçin,
Haýry oldur, kim geçerler seýr üçin.

Tä gerek binýady mäkäm ola ol,
Ol geçenler aýdarlar: «Şu dogry ýol».

Terezi gurduň, günähim tartmaga,
Kast edersiň meni oda atmaga.

Terezi oňa gerek, bakgal ola,
Ýa bezirgen, täjir-u attar ola.

Çün günä murdarlaryň murdarydyr,
Hezretiňde ýaramazlar käridir.

Bes neçün murdary açyp tartasyň,
Sen gerek lutp ile ony örtesiň.

Şindi diýrsiň: «Seni oda uraýyn,
Şeri birden, artyk ise göreýin.»

Şeri azaltmak gerekdir, haýry çoh,
Haýry olmaýanlar oldy, onda ýok.

Sen basarsyň, hut bilersiň halymy,
Bes ne hajat, tartarsyň amalymy?

Geçmedimi yntykamyn öldürip,
Çüýredip, gözüme toprak dolduryp.

Bir owuç topraga munça kyl-u kal,
Näýe gerek, eý, Kerimi Züljelal.

Gara gyldan çünki agardy ak gyl,
Bu jahan söwdalaryň elden goýgul.

Olmasyn bizden saňa aýry jogap,
Söz budur «wallahu» aglam bis-sowap.

Degmedi hiç Ýunusdan saňa zyýan,
Sen biler sen äşgäre-ýu nahan.



**Mukamyň döreýşi.** *Işanguly Işangulyýewyň çeken suraty.*

## «FATYH» NUSGASYNA GIRMEDIK ŞYGYRLAR

**- 1 -**

Ajap-ajap ne nesnedir bu dert ile pyrak maňa,
Janymy serhoş eýledi yşk awusy tirýek maňa.

Kimiň kim renji bar ise, derdine derman istesin,
Kesdi meniň bu renjimi, derman oldy bu dert maňa.

Yşk oduna ýan diýr iseň, köňüllere gir diýr iseň,
Garaňkylar aýdyň ola, ne kandyl-u çyrag maňa.

Gökden inen dört kitaby günde müň gez okar iseň,
Erenlere müňkür iseň, didar yrak senden ýaňa.

Misgin Ýunus erenlere tekepbir olma, toprak ol,
Toprakda biter küllüsi, gülüstandyr toprak maňa.

**- 2 -**

Ol kişiniň ýokdur ýary, uşbu jahan zyndan oňa,
Diýmesin kim «Men şadyýam» ýa şadylyk kandan oňa?

Şetdat ýapdy[1] uçmagyny, girmeden aldy janyny,
Bir dem aman berdirmedi ýedi yklym tutan oňa.

Diýmesin kim «Musulmanam, Çelep emrine permanam»,
Tutmaz ise Hak sözüni, peýda ýokdur dinden oňa.

Öýütmesin çün Gündogar, etim-tenim üşütmeýe,
Çün wujudyň dilik degil, şöhle irmez Günden oňa.

Är donuny geýibany dogry ýola gelmez ise,
Çykarsyn ol dony, ýogsa nogsan irer dondan oňa.

Ol kişi kim sagyr durar, söýleme Hak sözün oňa,
Ger diýr iseň, zaýyg olar, nesip ýokdur sözden oňa.

Ol kişi kim ýol äridir, garyp köňüller ýarydyr,
Bir söz diýem tutar ise, ýegdir şeker baldan oňa.

Ýunus, seniň guluň durar, belli bilersiň sen ony,
Goý, söýleýenler söýlesin, ne ýapyşar dilden oňa.

**- 3 -**

Menem ol yşk bahrysy, deňizler haýran maňa,
Derýa meniň katramdyr, zerreler umman maňa.

Kap dagy zerräm degil, Aý-u Güneş maňa gul,
Hakdyr aslym, şek degil, mürşütdir Gurhan maňa.

Çün dosta gider ýolum, mülki-ezeldir ilim,
Yşkdan söýlär bu dilim, yşk oldy saýwan maňa.

[1] Ýapmak — gurmak, etmek, bitirmek.

Ýok eken ol kim bargäh, bar idi ol patyşah,
Ah, bu yşk elinden ah, dert oldy derman maňa.

Adam ýaradylmadan, jan ki kalba girmeden,
Şeýtan lagnat olmadan, arş idi seýran maňa.

Ýaradyldy Mustapa, ýüzi gül, köňli sapa,
Ol kyldy bize wepa, ondandyr yhsan maňa.

Aşyk dilin bilmeýen ýa dälidir ýa dehri[1],
Men guş dilin bilerem, söýlär Süleýman maňa.

Ýunus Emreýem, bu ýolda egsikligin bildirer,
Diwana olmuş çagy, derwüşlik bossandyr maňa.

**- 4 -**

Ne bilsin bu yşky, usanlar-uýalar,
Ne barsyn bu ýola azyksyz ýaýalar.

Geliň, biz baralyň, Ýusuby göreliň,
Ki ýüzi nuryndan müň açlar doýalar.

Harabatylardan göründi çün kim yşk,
Näderler bu ary bu reňi ýuwhalar.

Melekler dagynda, sadyklar bagynda,
Ajalsyz ne gün bar, ömürler saýalar[2].

---

[1] Dehri — dünýewi; materailist.
[2] Saýalmak — peselmek, gysgalmak.

Biz bizi goýalyň, anlar biz olalyň,
Birligi duýanlar ikilik goýalar.[1]

Ýunus, sen bir olgul, köňülde syr olgul,
Ki derwüş olanlar bu syrdan duýalar.

**- 5 -**

Bu dünýäge köňül beren soň ujy puşman oluşar,
Dünýä meniň diýdikleri hem oňa duşman oluşar.

Eý, dostuny duşman tutan, gybat, ýalan söz sözleme,
Munda gammazlyk eýleýen, onda ýeri dar oluşar.

Çünki oluşar ýeri dar, gazançly gazanjy gatar,
Möminlere geldi habar, aşyklar didar görüşer.

Maksadymyz didar idi, şyhymyz gerçek är idi,
Owwal dagy ol bar idi, ahyr dagy bar oluşar.

Owwal-ahyr oldur ebet, hem dillerde «Küffen ahat»,
Öwlüýä geçdi dünýäden, bir sagat kime galyşar.

Alyň öwlüýäniň elin, dogry baryň Hakyň ýolun,
Many budur belli biliň, bildim diýen bilmemişler.

Ýunus, imdi bildim diýme, misginligi elden goýma,
Kimde misginlik bar ise, Hak didaryn ol görüşer.

---

[1] « Ikiligi goýarlar» diýen manyda gelýär.

## - 6 -

Taňry üçin janym jany, jepa ise, tapdyr, eter,
Seniň pyrakyňdan beter azap dagy barmy beter?

Yşkyň ody ýüregimde ýandygyna älem tanyk,
Kanda bir ot ýanar ise, nyşany bar, tütün tütär.

Yşkyň çeri saldy meniň köňlüm öýi yklymyna,
Janymy ýesir eýlediň, näder maňa ýagy tatar?

Ajal salam yklymlara, wesýet kylam aşyklara,
Magşukdan diýem sakyn, oýnar aşyk, köňlün atar.

Ajap bu meniň derdime ne üçin derman bolunmaz?
Kim boluşar derman oňa kişiýi kim bäri tutar.

Resmi durar soltanlaryň gullar günä eýleýejek,
Ýa edeplär ol guluny, ýa mezada berer, satar.

Ýunus, şikaýat eýleme, ýardan jepa gördüm diýe,
Jümle aşyklar hajaty magşuky katynda biter.

## - 7 -

Hak bir köňül berdi maňa, «Hä!» diýmediň, haýran olar,
Bir dem geler, şady olar, bir dem geler, giryan olar.

Bir dem sanasyň gyş kibi, şol zemheri olmuş kibi,
Bir dem beşaretden dogar, hoş bag ile bossan olar.

Bir dem geler sözleýemez, bir sözi şerh eýleýemez,
Bir dem dilinden dür döker, dertlilere derman olar.

Bir dem çykar arş üzere, bir dem iner tahtes-sera[1],
Bir dem sanasyň katradyr, bir dem daşar, umman olar.

Bir dem jahalatda galar, hiç nesneýi bilmez olar,
Bir dem dalar hikmetlere Jalinus-u Lukman olar.

Bir dem döw olar ýa peri, weýranalar olar ýeri,
Bir dem uçar Bylkys ile soltany-yns-u jan olar.

Bir dem barar mejlislere, ýüzün sürer onda ýere,
Bir dem barar deýre girer Injil okar, ruhban olar.

Bir dem geler Isa kibi, ölmüşleri diri kylar,
Bir dem girer kibr öýüne, Pyrgun ile Haman olar.

Bir dem döner Jebraýyla, rehmet saçar her mähfile,
Bir geler gümra olar, misgin Ýunus haýran olar.

**- 8 -**

Bu dem ýüzüm süre duram, her dem Aýym ýaňy dogar,
Her dem baýram durar maňa ýazym, gyşym, ýaňy bahar.

Meniň Aýym yşygyna bulutlar kölge kylmaýa,
Hem, gädilmez dolulygy, nury gökden ýere dogar.

Onuň nury garaňkyýy sürer köňül hüjresinden,
Bes garaňkylyk nur ile bir hüjreýe näde sygar?

---

[1] Tahtes-sera — ýeriň asty.

Men Aýymy ýerde gördüm, ne isterem gök ýüzünde?
Meniň ýüzüm ýerde gerek, maňa rehmet ýerden ýagar.

Sözüm Aý, Gün üçin degil, söýenlere bir söz ýeter,
Söwdügim söýlemez isem, söýmek derdi meni bogar.

N-ola[1], Ýunus, söýdi ise, çohdur Haky söýüjiler,
Söýenleri gördi idi, onuň üçin boýnun eger.

**- 9 -**

Ýar, ýüregim ýar, gör ki näler bar,
Bu halk içinde bize güler bar.

Goý, gülen gülsün, Hak biziň olsun,
Gapyl ne biler, Haky söýer bar.

Bu ýol uzakdyr, menzili çohdur,
Geçidi ýokdur, tereň suwlar bar.

Girdik bu ýola, yşk ile bile,
Gurbetlik ile bizi salar bar.

Her kim merdana, gelsin meýdana,
Galmasyn jana kimde hünär bar.

Ýunus, sen munda meýdan isteme,
Meýdan içinde merdanalar bar.

[1] N-ola — « nä ola», (näme bolar) diýen jümläniň gysgaldylan görnüşi.

## - 10 -

Dost, seniň yşkyň oky keý gaty daşdan geçer,
Yşkyňa düşen kişi jan ile başdan geçer.

Tüni-güni zar olar, yşkyň ile ýar ola,
Endişesi sen olan jümle teşwüşden geçer.

Yşkyňa düşenleriň ýüregi ýanar olar,
Kendini saňa beren tükeli işden geçer.

Dünýäniň mahabaty awuly aşa meňzär,
Ahyryn sanan kişi awuly aşdan geçer.

Başynda akly olan ahrete amal etmez,
Hüýrilere aldanmaz, göz ile gaşdan geçer.

Gerçek aşyk ol ola jan bermäge ol öýe,
Dosty-le bazar üçin nije müň başdan geçer.

Aryplara bu dünýä hyýal-u düýş kibidir,
Kendini saňa beren hyýal-u düýşden geçer.

Ýunusyň köňli gözi doludyr Hak söýgüsi,
Söhbet ygtyýar eden ýad-u bilişden geçer.

## - 11 -

Yşky-le gelen erenler içer awyny noş eder,
Topuga çykmaýan suwlar deňiz ile söweş eder.

Biz bu ýoldan üýşenmedik, erenlerden usanmadyk,
Kimseýi ýowuz sanmadyk her ne eder kolmaş eder.

Kolmaşa berdik sözüni, sözi-le dökdük ýüzüni,
Ýaban janawary kibi bilenler ondan şeş eder.[1]

Bu söhbete gelmeýenler, Hak nepesi olmaýanlar,
Sürüň ony, mundan gitsin, durar ise, çoh iş eder.

Jahyldyr manydan almaz, oturar karary gelmez,
Ölejegini hiç sanmaz, ýüz müň ýyllyk teşwüş eder.

Dag ne gadar ýüksek ise, ýol onuň üstünden aşar,
Ýunus Emreýem, ýolsuzlara ýol görkezdi-ýu hoş eder.

**- 12 -**

Dürli-dürli jepanyň adyny yşk bermişler,
Bu jepaýa gatlanan dosta hylwat ermişler.

Yşk durar dürli bela, döndürer haldan hala,
Dost elinden piýala hoş melamat olmuşlar.

Her kim yşka ulaşa, her dem gaýnaýa, daşa,
Kim dälidir, kim usly dört ýanynda durmuşlar.

Her kim yşk äri ise, yşka müşteri ise,
Yşk onuň ýary ise, janyna ot urmuşlar.

Misgin Ýunusyň jany, başynda serenjamy,
Yşka müňkür adamy bu meýdandan sürmüşler.

[1] Şeş etmek — gaça durmak, çekilmek.

## - 13 -

Bu dünýäniň meseli bir uly şara meňzär,
Weli biziň ömrümiz bir tiz bazara meňzär.

Her kim bu şara geldi, bir lahza karar kyldy,
Gaýry dönüp gitmegi gelmez sapara meňzär.

Bu şaryň owwal dady şähd-u şekerden şirin,
Ahyr ajysyny gör, şol zährimara meňzär.

Owwal köňül almagy huplara nisbet eder,
Ahyr ýüz döndermegi ajyz mekkara meňzär.

Bu şaryň hyýallary, dürli-dürli hallary,
Aldamyş gapyllary, jady aýýara meňzär.

Bu şarda hyýallaryň hetdi-ýu şumary ýok,
Bu hyýaly aldanan otlar dowara meňzär.

Bu şaryň soltany bar, jümleýe yhsany bar,
Soltan ile bilişen ýok eken, bara meňzär.

Kendi mukdaryn bilen, bildi kendi halyny,
Weli dagy yşk ile owwal bahara meňzär.

Biçäre Ýunusy gör, dert ile haýran olmuş,
Onuň her nepesi ki şähd-u şekere meňzär.

## - 14 -

Eşidiň, eý, ýaranlar, yşk bir güneşe meňzär,
Yşky olmaýan köňül mysaly daşa meňzär.

Daş köňülde ne biter, dilinde agy tütär,
Nije ýumşak söýlese, sözi söweşe meňzär.

Yşky bar köňül ýanar, ýumşanar muma döner,
Daş köňüller garalmyş sarp gaty gyşa meňzär.

Ol soltan gapysynda, hezreti tapysynda,
Aşyklaryň ýyldyzy her dem Çawuşa meňzär.

Geç, Ýunus, endişeden, gerekse bu pişeden,
Äre yşk gerek öňden, ondan derwüşe meňzär.

**- 15 -**

Bilermi siz, eý, ýaranlar, gerçek erenler kandadyr?
Kanda baksam, onda häzir, kanda istesem ondadyr.

Yşksyzlara meniň sözüm meňzär gaýa ýaňysyna,
Bir zerre yşky olmaýan, belli biliň, ýabandadyr.

Ýalançylyk eýlemegil, yşka ýalan diýmegil,
Munda ýalan söýleýäniň onda ýeri zyndandadyr.

Eý, kend-özüni bilmeýen, söz manysyny bilmeýän,
Hak barlygyn istär iseň, uş ylym ile Gurhandadyr.

Alla meniň diýdigine bermişdir yşk barlygyny,
Kimde ki bar bir zerre yşk, Çelep barlygy ondadyr.

Nijeler aýdar Ýunusa: «Gojaldyň sen yşky goýgul!»
Yşk bize ýaňy-la geldi, heniz dagy turwandadyr.

## - 16 -

Öwlüýä müňkirler Hak ýolunda asydyr,
Ol ýolda asy olan köňülleriň posudyr.

Tartdyk bu yşk jepasyn tä irinçä magşuga,
Zyra ki ol meniň derdimiň dowasydyr.

Heniz bu ýer olmazdan, gökler ýaradylmazdan,
Öwlüýäler watany patyşa galasydyr.

Möwlana Hudawendgär bize nazar kylaly,
Onuň görkli nazary köňlümiz aýnasydyr.

Keýikliniň ol Hasan söz aýytmyş kendiden,
Gudrat dilidir söýlär, kendiniň söz näsidir?!

Misgin ol ýere misgin gide, senden kibr-u kin,
Ruzgär geler-geçer, bes kime nä galasydyr?

Okyýyban ýazmadyň, ýaňylyban azmadyň,
Ýunus, bu yşk sözüni kim bildi, bilesidir.

## - 17 -

Misgin adam oglany nebse zabun olmuşdyr,
Haýwan janawer kibi otlamaga galmyşdyr.

Hergiz ölümin sanmaz, ölesi günün aňmaz,
Bu dünýäden usanmaz, gaflat öňün almyşdyr.

Oglanlar öwüt almaz, ýigitler toba kylmaz,
Gojalar tagat kylmaz, sarp ruzygär olmuşlar.

Begler azdy ýolundan, bilmez ýoksul halyndan,
Çykdy rehmet kölünden, nebis kölüne dalmyşlar.

Ýunus sözi alymdan, zynhar olma zalymdan,
Gorkadyryn ölümden, jümle dogan ölmüşdir.

**- 18 -**

Eý, dost, seniň yşkyň ody jigerim para, baş kylar,
Yşkyňdan ýanar ýüregim, ýandygym maňa hoş geler.

Yşkyň oduna ýandygym, aglamak oldy güldügim,
Dost, saňa zary kyldygym müňkirlere söweş geler.

Söýlär isem, sözüm söweş, söýlemesem jigerim baş,
Jahan doly durar gallaş, her birinden bir daş geler.

Gör, nije daşlar atylar, dost üçin başlar tutular,
Geler köňüle batylar, halymyza haldaş geler.

Biziň halymyzdan bilen, kimdir yşka müňkir olan?
Biziň söwdügimiz Hakdyr, bu halka göz-u gaş geler.

Nije-nije salatynlar zebun olar yşk elinde,
Her kim bu ýola düşerse, ol bu ýola ýuwaş geler.

Erenler muňa galmady, bardy ýoluna, durmady,
Haky gerçek söýenlere jümle älem gardaş geler.

Misgin Ýunus, bil sözüňi, dosta açyp şol gözüňi,
Haýsy burçdan bakar iseň, ol soltana güneş geler.

# - 19 -

Ýer ýüzünde gezer idim, ugradym milketler ýatyr,
Kimi uly, kimi kiçi, keý guşagy bekler ýatyr.

Kimi ýigit, kimi goja, kimi wezir, kimi hoja,
Gündizleri olmuş gije, ançylaýyn çohlar ýatyr.

Dogry barardy ýollary, galam tutardy elleri,
Bilbile meňzär dilleri, danyşman ýigitler ýatyr.

Uly-kiçi aglamyşlar, serwer ýigitler düşmüşler,
Baş ujynda ýaý symyşlar, gyrylyban oklar ýatyr.

Atlarynyň yzy tozly, öňleri tebil-bazyly,
Ile-güne hökmi ýazly, şu muhteşem begler ýatyr.

Gije-gündiz oglanjyklar söýlär eken bilbil kibi,
Aýrylmyşlar eneleri, sinlerini bekläp ýatyr.

Elleridir hynaly hep, garabaşlary şeker-leb,
Gargy kibi uzyn boýly, gül ýüzli hatynlar ýatyr.

El baglamyşdyr hemmesi, Hak-Çelepdendir umusy[1],
Nökerli[2] gyzdyr kimisi, alynmadyk çohlar ýatyr.

Ýunus bilmez kendi halyn, Çelepdir söýledir dilin,
Bir niçesi ýaňy gelen ak degirmi[3] ýüzler ýatyr.

---

[1] Umus — umyt.
[2] Nöker — hyzmatçy.
[3] Degirmi — tegelek, togalak ýüz.

## - 20 -

Sabahyn sinlere bardym, gördüm jümle ölmüş ýatyr,
Her biri biçäre olmuş ömrün ýawy kylmyş ýatyr.

Bardym bularyň gatyna, bakdym ajal haýbatyna,
Nije ýigit myradyna irmeýiban ölmüş ýatyr.

Iýmiş gurt-guş geler, niçeleriň bagryn diler,
Şol uşajyk neresseler gül kiminje solmuş, ýatyr.

Duzaga düşmüş tenleri, Haka ulaşmyş janlary,
Görmezmisiň sen anlary, nobat bize gelmiş ýatyr.

Esilmiş[1] hünji dişleri, dökülmiş sary saçlary,
Hemme bitmiş teşwüşleri emr-u nemde ermiş ýatyr.

Gitmiş gözüniň garasy, hiç işi ýokdur turasy,
Kepen biliniň parasy sünüge[2] sarylmyş ýatyr.

Ýunus, gerçek aşyk iseň, mülke surat bezemegil,
Mülke surat bezeýänler gara toprak olmuş ýatyr.

## - 21 -

Ylym ylym bilmekdir, ylym kendiň bilmekdir,
Sen kendiňi bilmeseň, ýa niçe okamakdyr?

Okamakdan many ne, kişi Haky bilmekdir,
Çün okadyň bilmersiň, ha biri gury emgekdir.

---

[1] Esilmek — dökülmek.
[2] Sünük — süňk.

Okadym bildim diýme, çoh tagat kyldym diýme,
Äri Hak bilmez iseň, hebes ýere ýelmekdir.

Dört kitabyň manysy bellidir bir elipde,
Sen «elip» diýrsiň, hoja, manysy ne bilmekdir?

Ýunus Emre, bir hoja, gerekse bar müň haçja,
Hemmesinden eýije bir köňüle girmekdir.

## - 22 -

Näteki, bu köňlüm öýi yşk elinden daşa geler,
Nije ýüksek ýörer isem yşk başymdan aşa geler.

Nije ki aýdaram, razym söýlemegil kimse, näýe,
Gider bu sabr-u kararym, dost öňüme düşe geler.

Heý nije sabyr eýläýse dost ýüzüni gören kişi,
Ol hakykat gördüm diýen kend-özünden çaşa geler.

Magşukanyň tejellisi dürli-dürli reňler olar,
Bir şiwede ýüz müň köňlüm hemişe joşa geler,

Ol dost ile meniň işim bulut ile güneşleýin,
Bir dem hyjaby sürüler, bir dem hyjap başa geler.

Ajap ýene misgin Ýunus yşkdan artyk söýdi meger,
Zyra ki bu yşkdan ýegräk hiç ýok durar başa geler.

## - 23 -

Eý, patyşa, eý, patyşa, her dem işiň düze durur[1],
Dünýä onuň bossanydyr, söýdügiňi üze durur.

Ýowuzlyk eýleme, sakyn, ajal saňa senden ýakyn,
Nijeleriň aslyn-kökün ýurt eýleýip boza durur.

Sen onda bararsyň onda, çoh ýarag eýlegil munda,
Janlar baky degil tende, diý «Bir kaç[2] gün geze durur».

Soragçy geler ýer ýyrtyp, sorar: «Taňryň kimdir?» diýe,
Uşbu janym ony duýup, süňeklerim syza durur.

Eý, Taňryny bir bilenler, jan Haka gurban kylanlar,
Öli degildir bu janlar, yşk köňlünde ýüze durur.

Men gördüm erenler uçdy, yşk kadahyn doly içdi,
Hak gatynda näzi geçdi, şeýle ýüzi uza durur.

Erenleriň guly iseň, ölümin aňadyr, Ýunus,
Nä erenler geldi - geçdi, nobat şimdi bize durar.

## - 24 -

Seniňle dirgligim, senden yrylmaz,
Haýat seniňledir, sensiz dirilmez.

---

[1] Düze durur — düzeder.
[2] Kaç, bir kaç — birnäçe.

Gözüm içinde sensiň bile bakan,
Eger sen bakmasaň, ýolum görülmez.

Meniň mynajatym senden ýaňadyr,
Saňa baran ýolum sensiz barylmaz.

Men meni senden aýry kanda bolam?
Sensiz bu hak nepes ömrüm sürülmez[1].

Sapar kylsam, maňa ýoldaş olarsyň,
Karar etsem, ýene sensiz durulmaz.

Barlygym sendedir, men bir aletwen,
Sun yssy, sunmasa, alet gurulmaz

Alet halky zebun emriň içinde,
Kimdir ki gulyga boýny burulmaz.

Bu benwen diýdigim eger men isem,
Neçün bu menlige elim urulmaz?

Ýaranlar saladyr, gapy açykdyr,
Bu gapyýa gelen mahrum sürülmez.

Ýunus bu towhyda gark oldy galdy,
Gaýra gelmeklige akly düýrülmez.

[1] Sürülmez — ýörülmez, dowam etmez.

## - 25 -

Ýa, Rep, bu ne dertdir derman bolunmaz?
Ýa bu ne ýaradyr zähmi bilinmez?

Meniň garyp köňlüm yşkdan usanmaz,
Barar, yşka düşer, hiç maňa dönmez.

Döner köňlüm, maňa öwüt berer çoh,
Aşyk olan köňül yşkdan usanmaz.

Aşyk ki jana galdy, aşyk olmaz,
Janyn terk etmeýen magşugy bolmaz.

Yşk bazarydyr bu janlar satylar,
Sataram janymy, hiç kimse almaz.

Aşyk bir kişidir, bu dünýä malyn
Ahyret gorkusyn bir çöpe saýmaz.

Bu dünä ol ahyretden içeri,
Aşygyň ýeri bar hiç kimse bilmez.

Aşyk öldi diýe sala bererler,
Ölen haýwan olar, aşyklar ölmez.

Begim, aryp iseň, bar sen ýoluňça,
Munda başlar ýite, ganlar soralmaz.

Erenler meýdany arşdan uludyr,
Salarlar çowgany, topy belermez.

Ýunus bu towhyda gark oldy gitdi,
Gaýra gelmeklige akly düýrülmez[1].

## - 26 -

Eger dilim mende ise, kimse maňa nesne diýmez,
Köňlüm ger rowanda ise, älemde karar eýlemez.

Eger gözüm bakar ise, bakdygyna akar ise,
Gördügin meniň diýrse, oda düşer, ar eýlemez.

Eger akyl başda ise, köňül-de ol duşda ise,
Ikisi bir işde ise, duşman maňa kär eýlemez.

Duşman meniň nebsim durar, tama ile hyrsym durar,
Tama ile hyrsa uýan köňüllerde ýer eýlemez.

Köňüllerde ýer eýlemek Muhammede gelmiş durar,
Mustapaýa ummat olan tamugda karar eýlemez.

Oldur bu işleri düzen, jümle nagyşlary ýazan,
Jan göwreden gidejekse, bu diller neçün söýlemez?

Öldüren ol, direlden ol, Ýunus, imdi Hak ile ol,
Hakdan artyk hiç kimse ki, ýok nesneýi bar eýlemez.

## - 27 -

Men derwüşem diýen kişi uşbu ýola ar gerekmez,
Derwüş olan kişileriň köňli giňdir, dar gerekmez.

---

[1] Bu goşgynyň ahyrky bendi öňdäki goşgynyň ahyrky bendi bilen deň gelýär. Umumylykda alanyňda-da bul iki goşgynyň many-mazmuny biri-birine golaý.

Halka meňzetmeýe işin, süre köňlünden teşwüşin,
Ýüz müňi birdir derwüşiň, arada agýar gerekmez.

Derwüş olan kişileriň misginlikdir sermaýasy,
Misginlikden özge bize mal-u, mülk-u şar gerekmez.

Är elini aldyň ise, äre köňül berdiň ise,
Ykrar ile geldiň ise, bes äre inkär gerekmez.

Ýunus, sen gördüň bir ýeri, artdyrma gördügiň biri,
Şudur, budur diýibany, derwüş tarymar gerekmez.

**- 28 -**

Bu bir ajaýyp haldyr, bu hala kimse irmez,
Alymlar dawa kylar weli, degme göz görmez.

Ylym ile, hikmet ile kimse irmez bu syra,
Bu bir ajaýyp syrdyr, ylma, kitaba sygmaz.

Älem ylmyn okaýan, dört mezhep syryn duýan,
Ejiz galdy bu ýolda, bu yşka elin urmaz.

Bu yşkyň syry ajap, bu yşky kyldy talap,
Meger ki bere Çelep, ony degme göz görmez.

Ony ol kişi görer, ol ajalsyzyň öler,
Bu nesibi ol alar, anlar ki jana galmaz.

Her kim galdy janyna, imeýesi hanyna,
Bardy düşdi haşarda, dagy bir jana galmaz.

Hadysdyr Mustapadan «Yşk ile ykrar» diýdi,
Müňde bir aryp muny bakyp okaýa bilmez.

Ýunus, janyňy terk et, bildikleriňi terk et,
Pena olmaýan surat şahyna wasyl olmaz.

**- 29 -**

Sopyýam halk içinde, tesbih elimden gitmez,
Dilim magrypet söýlär, köňlüm hiç kabul etmez.

Boýnumda ejazatym ryýa ile tagatym,
Endişäm aýry ýerde, gözüm ýoly göz etmez.

Söýlerem magrypeti, saluslanaram gaty,
Misginlige dönmäge köňlümden kibir gitmez.

Hoş derwüşem, sabrym ýok, dilimde inkärim çoh,
Gulagymdan gireni hergiz içim eşitmez.

Älem çyragdyr sadyr, köňlüm muny göz eder,
Nädeýin Hak gorkusy hergiz içimden gitmez.

Görenler elim öper, täj-u hyrkaýa bakar,
Şeýle sanarlar meni, zerreçe günä etmez.

Daşymda ybadatym, söhbetim hoş tagatym,
Iç bazara gelejek müň ýyllyk aýýar etmez.

Görenler sopy sanar, salam berer, utanar,
Ança iş goparaýdym el aýryban güýç ýetmez.

Daşym derwüş, içim boş, dilim datly, sözüm hoş,
Ylla etdigim işi dinim degşiren etmez.

Ýunus, egsikligiňi Allahyňa arz eýle,
Onuň keremi çohdur, sen etdigiň ol etmez.

**- 30 -**

Ýene geldi yşk ilçisi, ene doldy meýdanymyz,
Ýene teperrüçgäh oldy sagly-solly dört ýanymyz.

Ýene mähfiller düzüldi, ýene badýalar guruldy,
Ýene kadahlar sunuldy, esrik oldy bu janymyz.

Öý içi yşk ile doldy, uly-kiçi aşyk oldy,
Janlarymyz haýran oldy, dagyldy perişanymyz.

Birniçämiz Leýli oldy, birniçämiz Mejnun oldy,
Birniçämiz Perhat oldy, yşkdan habar duýanymyz.

Meýdanymyz meýdan oldy, janlarymyz haýran oldy,
Her dem Arşa seýran oldy, Hezret oldy diwanymyz.

Düşmüş idik, ol galdyrdy, birligin bize bildirdi,
Içimize yşk doldurdy, dürüst oldy imanymyz.

Sorar iseň yşk kandadyr, kanda istärsiň ondadyr,
Hem köňülde, hem jandadyr, hiç galmady gümanymyz.

Ýunus yşkyň waspyn söýlär, gerçeklere habar eýlär,
Mahrumlaryň jany köýner, äşgär oldy pynhanymyz.

## - 31 -

Gaýrydyr her milletden bu biziň milletimiz,
Hiç dinde bolunmady din-u diýanatymyz.

Bu din-u diýanatda, ýetmiş iki milletde,
Bu dünýä, ol ahretde aýrydyr aýatymyz.

Zahyr suwa batmadan, el-aýak deprenmeden,
Baş sujuda inmeden kylynar tagatymyz.

Ne Käbe-ýu, ne mesjit, ne rukug-u ne sujut,
Hak ile daýym bejit olar mynajatymyz.

Ger Käbeýe baralyň, ger mesjide gireliň,
Gerek suwle ýuwnalyň bellidir yllatymyz.

Suw nä gadar aryta çün ýowuz pyglyň bile,
Meger bizi päk ede Hakdan enaýatymyz.

Kimiň syryn kim bile, akyl ermez bu hala,
Ýary onda belli ola, musulman, mürtedimiz.

Ýunus, janyň ýeňile, ki dostlugyň aňyla,
Diňlenersiň yşk ile, bilesiň gudratymyz.

## - 32 -

Eşidiň, eý, ýaranlar, gymmatly nesnedir yşk,
Degmelere bitäýmez, hormatly nesnedir yşk.

Hem jepadyr, hem sapa, Hamzaýy atdy Kapa,
Yşk iledir Mustapa, döwletli nesnedir yşk.

Daga düşer, ýel eýlär, köňüllere ýol eýlär,
Soltanlary gul eýlär, jurgatly nesnedir yşk.

Kime kim yşk urdy ok, gussa ile gaýgy ýok,
Perýat ile ahy çoh pyrkatly nesnedir yşk.

Deňizleri gaýnadar, möwje geler oýnadar,
Gaýalary oýnadar, kuwwatly nesnedir yşk.

Akyllary çaşyrar, derýalary düşürer,
Nije jiger bişirer, keý otly nesnedir yşk.

Misgin Ýunus, neýlesin, derdin kime söýlesin,
Barsyn, dosty toýlasyn, lezzetli nesnedir yşk.

**- 33 -**

Many öýüne daldyk, wujut seýrini kyldyk,
Iki jahan seýrini jümle wujutda bildik.

Bu çyzganan gökleri, tahtes-sera ýerleri,
Ýetmiş müň hyjaplary jümle wujutda bildik.

Ýedi ýer, ýedi gögi, daglary, deňizleri,
Uçma ile tamugy jümle wujutda bildik.

Gije ile gündizi, gökde ýedi ýyldyzy,
Lowhda ýazgyly sözi jümle wujutda bildik.

Musa agdygy Tury, ýogsa «Beýtil-magmury»,
Esrapyl çalyn sury jümle wujutda bildik.

Töwrat ile Injili, Furkan ile Zebury,
Bulardaky beýany jümle wujutda bildik.

Bir ile iki, üçi, dört ile bäş-u alty,
Ýedi, sekiz, dokuzy jümle wujutda bildik.

Ýunusyň sözleri Hak, jümlämiz diýdik saddak,
Kanda iste, onda Hak jümle wujutda bildik.

**- 34 -**

Kim derwüşlik istär ise, diýem oňa nätmek gerek,
Şerbeti elinden goýup, awyny noş etmek gerek.

Gelmek gerek terbiýete, jümle bildiklerin goýa,
Mürebbisi ne diýr ise, bes ol ony tutmak gerek.

Tuta sabr-u kanagaty, tahammyl eýleýe gaty,
Terk eýleýe suraty, bildigiň unutmak gerek.

Dünýäden köňlüni çeke, eli ile arpa eke,
Ununa ýary kül gata, güneşde guratmak gerek.

Diýem oňa nije ede, nebsi dilegin bu ýolda
Haçan kim iftar eýleýe, üç günde bir etmek gerek.

Beýledir derwüş dirligi, goýa jümle aýrylygy,
Ondan boluşar ärligi, gaharlar çoh ýutmak gerek.

Bakma dünýä söýgüsine, aldanma halkyň sözüne,
Dönüp didar arzuwsyna, ol Haka ýüz tutmak gerek.

Ýunus, indi nedir diýrsiň, kimiň gaýgysyn iýrsiň?
Bir kişi bu sözi diýsin, oňa güýji ýetmek gerek.

**- 35 -**

Nädeliň bu dünýäýi, neýleýip-nätmek gerek?
Daýyma yşk etegin goýmaýyp tutmak gerek.

Çelebim bu dünýäýi gahar üçin ýaratmyş,
Gerçegin gelenleriň gahryny ýutmak gerek.

Ol ýarynky ýollary onda ýoldaş isteýen,
Bu dünýäde dostuny kylawuz tutmak gerek.

Uçma, uçma diýdigiň gullary ýeltedigin,
Uçmanyň sermaýasy bir köňül bitmek gerek.

Erenleriň ahyna dag-daş gatlanaýmady,
Galkany demir ise, oklary atmak gerek.

Ýunus, är nazarynda täze güller açylmyş,
Gerçek är bilbil ise, nazarda ötmek gerek.

**- 36 -**

Bu dünýäýe gelen kişi ahyr ýene gitmek gerek,
Mysapyrdyr watanyna bir gün sapar etmek gerek.

Wada kyldyk ol dost ile biz bu jahana gelmeden,
Bes ne gadar eglenemiz, ol wadamyz ýitse gerek.

Biz-de bararys ol ile, haçan ki wadamyz gele,
Kişi ki barjagy ýere köňlüni berkitse gerek.

Jan näýe ulaşar ise, akyl-da oňa harç olar,
Köňül neýi söýer ise, dil ony şerh etse gerek.

Ajapmydyr aşyk kişi magşugyny zikir ederse,
Yşk başyndan aşan çagy köňlüni zar etse gerek.

Ýunus, imdi söýer iseň, ondan habar bergil bize,
Aşygyň oldur nyşany magşugyn aýytsa gerek.

**- 37 -**

Eýa, köňül, açgyl gözüň, pikriň ýawlak uzatmagyl,
Bakgyl kendi diriligňe, kimse aýbyň göz etmesin.

Şeýle dirilgil halk ile, öljeksiňiz söýleşerler,
Baky dirlik budur, janym, ýowuz at ile gitmegil.

Dilär iseň bu dünýäýi ahyrete degşiresiň,
Tün-u gün kylgyl tagat, aýak uzadyp ýatmagyl.

Gördüň ki bir derwüş geler, ýüz ur onuň gadamyna,
Senden şeýhullah edejek, gaşyň, garagyň çytmagyl.

Söýlediginň kelejeýi eşitdigiň kibi söýle,
Kend-özünden zireklenip, biraz söz dagy gatmagyl.

Dünýä çerb-u şirin durar, adam gerekdir iýesi,
Kem nesneýe tama edip, kesip, gemirip ýutmagyl.

Nebse uýup bäş barmagyň bir gezden eltme agzyňa,
Kes birisin, bir misgine gerek ola, unutmagyl.

Ýunus, kim öldürer seni, beren alar ýene jany,
Ýaryn göresiň sen ony, är nazaryndan gitmegil.

**- 38 -**

Bir nazarda galmaýaly, gel dosta gideli, köňül,
Hesret ile ölmegil, gel dosta gideli, köňül.

Gel gideli jan durmadan, surat terkini urmadan,
Araýa duşman girmeden, gel dosta gideli, köňül.

Gel gideli, galma yrak, dost üçin kylaly ýarag,
Şyhyň gatyndadyr durak, gel dosta gideli, köňül.

Terk edeli il-u şary, dost üçin kylaly zary,
Ele getireli ýary, gel dosta gideli, köňül.

Bu dünýäýe galmaýaly, panydyr aldanmaýaly,
Bir eken aýrylmaýaly, gel dosta gideli, köňül.

Biz bu jahandan geçeli, ol dost iline uçaly,
Arzuw-howadan geçeli, gel dosta gideli, köňül.

Kylawuz ol, gul sen maňa, göneleliň dostdan ýaňa,
Bakmaýalyň öňe-saňa, gel dosta gideli, köňül.

Bu dünýä olmaz paýydar, aç gözüňi, janyň uýar,
Ol gul maňa ýoldaş-u ýar, gel dosta gideli, köňül.

Ölüm habary gelmeden, ajal ýakamyz almadan,

Ezraýyl hemle kylmadan, gel dosta gideli, köňül.

Gerçek erene baraly, Hakyň habaryn soraly,
Ýunus Emreýi alaly, gel dosta gideli, köňül.

**- 39 -**

Derwüşlik diýdikleri hyrka ile täç degil,
Köňlün derwüş eýleýen hyrkaýa mätäç degil.

Hyrkanyň ne suçy bar, sen ýoluňa barmasaň,
Bargyl ýoluňça ýöre, är ýoly kalmaç degil.

Diýrsiň Şyhyň yşkyla ýalaň aýak, baş açyk,
Är bar, diýrlik dirilmiş ýalaň aýak, aç degil.

Durmuş, magrypet söýlär erene Ýunus Emreýem,
Ýol äri-le ýoldadyr, ýolsuza ýoldaş degil.

**- 40 -**

Janlar pida ýoluňa, jan gaýgysy degil,
Sen jan gereksiň maňa, jahan gaýgysy degil.

Janlar içinde janym, sensiň genji-pynhanym,
Bize din-u imansyň, iman gaýgysy degil.

Ýuwdum, ýaramy syldym, ýaram kimdedir bildim,
Maňa ýaryň gaýgysy, ýaram gaýgysy degil.

Yşkyň meni paş etdi, saklaýam diýrdim weli,
Çün seni aýan gördüm, pynhan gaýgysy degil.

Derman olamy maňa, derdim meniň kim oňa?
Dertli baraýyn saňa, derman gaýgysy degil.

Geliň, aşyk olalyň, yşka jöwlan kylalyň,
Esrik olup ýatmyşam, jöwlan gaýgysy degil.

Yşkyň oky-demreni, dokunar ýüregime,
Yşk üçin men öleýin, demren gaýgysy degil.

Jan-u köňüli nätdim, yşkyň oduna atdym,
Sydky dagy unutdym, güman gaýgysy degil.

Yşkyň burçundan uçdum, jöwlan uruban geçdim,
Men dost ile boluşdym, jöwlan gaýgysy degil.

Bahr-u ummana dalmyşam, onda sadap bolmuşam,
Jöwher alyp gelmişem, umman gaýgysy degil.

Durdugym ýer Tur ola, bakdygym didar ola,
Ne hajat Musa maňa, sen, men gaýgysy degil.

Ýunusy öwütlärler, «Galk, kerwen geçdi» diýrler,
Men menzile irişdim, kerwen gaýgysy degil.

**- 41 -**

Müşgüli hal eýlemek degmäniň işi degil,
Bir kişiýe ber köňül, bu ýoluň daşy degil.

Öwlüýäniň köňlünden kesme «Şeýtan millahy»,
Saňa hümmet ol eýlär, göz ile gaşy degil.

Är oldur ki menzili her dem görkeze dura,
Degme arypyň bu düýşi, ýorma işi degil.

Hak tejelli kylmaga, jan aslyny bilmäge,
Köňülden sür siwaýy, nazary daşy degil

Bu kelamyň manysy öwlüýäniň hanydyr,
Iýdirmegil jahyla, ki zyra aşy degil.

Ýunus, bir tugun idi, gondy Tapdyk goluna,
Awuň şikara geldi, bu ýuwa guşy degil.

**- 42 -**

Seniň men diýmekligiň manyda usul degil,
Bir gapy gullaryna çaşy bakmak ýol degil.

Sen saňa ýarar iseň, bu sözden duýar iseň,
Kançara bakar iseň, diýmegil sen ol degil.

Ýetmiş iki milletiň hem magşugy ol durar,
Aşygy magşugyndan aýyrmaklyk päl degil.

Küpürini atar eken imanyň urma, sakyn,
Hyrs biziňle duşmandyr, bilişmidir il degil.

Uşbu sözden bir habar muhtasardyr muhtasar,
Et bir äri ygtyýar, gahatlykdan bol degil.

Beşe bu guş dilidir, muny Süleýman biler,
Saňa diýrem, eý, hoja, bu dil tehi dil degil.

Saga-sola bakmadan hoş söýlär Tapdyk,
Ýunus, ol gerçege aşyklar külli sagdyr, sol degil.

**- 43 -**

Tehi görme kimseýi, hiç kimse-de boş degil,
Egsiklik ile nazar erenlere hoş degil.

Köňlüňi derwüş eýle, dost ile biliş eýle,
Yşk äri şol manyda derwüş içi boş degil.

Derwüş biler derwüşi, Hak ýoluna turmuşy,
Derwüşler Humaý guşy, çaýkel-u baýguş degil.

Derwüşlik asly jandan geçdi iki jahandan,
Habar berer soltandan, bellidir ýat-küş degil.

Eý, Ýunus, Haky bilen, söýlemez hergiz ýalan,
Ikilik ile gelen dogry ýol bilmiş degil.

**- 44 -**

Bir gez köňül ýykdyň ise, bu kyldygyň namaz degil,
Ýetmiş iki millet dagy, eliň-ýüzüň ýuwmaz degil.

Erenler gelip-geçdiler, dünýäýi goýup göçdüler,
Howaýa gaýyp uçdular, Humaý guşdur, gaz degil.

Ýol oldur ki dogry bara, göz oldur ki Haky göre,
Är oldur alçakda dura, ýujadan bakan göz degil.

Dogry ýola gitdiň ise, är etegin tutduň ise,
Bir haýyr-da etdiň ise, biriňe müňdür, az degil.

Ýunus, bu sözleri çatar, san ki baly ýaga gatar,
Halka matalaryn satar, ýüki göwherdir, duz degil.

**- 45 -**

Hany maňa sabru-karar seniň sözüňi diňleýem?
Hany maňa aklu-bilim, duýubany seni söýem?

Hany maňa ol howsala, ki halymy bilmeýeler?
Hany maňa zor-u kuwwat, kim seniň yşkyňa doýam.

Janym seni söýeliden meniň halym hala döner,
Hany maňa usuly-din ylmyň edebin öwrenem?

Yzzat-u erkan eýi at, yşk ýoluna nogsan durar,
Men näderem eýi ady, çün terbiýet yşkdan iýrem.

Gerçek saňa aşyk isem, arlanmaklyk nämdir meniň?
Şükrana janymy berem, ger melamat donun geýem.

Zuhd-u tagat, usuly-din yşk hetdinden daşra durar,
Nisbet degildir oňa sežde-ýu, rukug-u kyýam.

Dost suraty gözgi durar, bakan kendi ýüzün görer,
Gelsin o kendisiz gelen, men razymy oňa diýrem.

Jan gözi ile bakan görer Ýunus göz ile gördügin,
Ýogsa ýaban gözi ile kimsä, näýe ne söýleýem?

## - 46 -

Dostdan habar geldi maňa, turaýyn ondan baraýam.
Gurbanlyga bu janymy bereýin, ondan baraýam.

Şol bir iki arşyn biziň ne ýeňi bar, ne ýakasy,
Geýim ediban egnime saraýam, ondan baraýam.

Jan alyjy hut geläýse, amanady ber diýäýse,
Men amanady yssyna bereýem, ondan baraýam.

Müňkir-u Nekir geläýse, ýer-u gök üýn-le dolaýsa,
Men bulara jogabyn, bereýem, ondan baraýam.

Ýazygym çoh, günä öküş, ýörer idim dünýäde hoş,
Etdiklerimiň hasabyn bereýem, ondan baraýam.

Besledigim näzik teni terk etmeýem diýrdim ony,
Gara topraga men ony goýaýyn, ondan baraýam.

Men bu ömür harmanyny döwdüm, getirdim uş ýana,
Ýunus aýdar, bu dükany düýreýin, ondan baraýam.

## - 47 -

Ger razymy söýlär isem, kimse dilim bilmez meniň,
Eger sabyr eýlär isem, köňlüm karar kylmaz meniň.

Eý, dostlar, eý uslular, siz aýdyň men nädeýin?
Ol dost ýüzün göreliden, aklym başa gelmez meniň.

Munuň kibi tertip ile meniň işim barmaz başa,
Elimden iş galdy ise, janymdan iş galmaz meniň.

Ne usluýam, ne däliýem, neýe meňzär işim meniň?
Yşk deňzine gark olup, köňlüm, gözüm doýmaz meniň.

Bu muhapbet ody meniň ýüregimde ýanar durar,
Deňize gark olar isem, söýnüp hata kylmaz meniň.

Ýyl on iki aý yşk güli ot içinde bitip durar,
Ýandygymça artar kokym, döwrüm geçip, solmaz meniň.

Jümle Haka ýol bardylar, sabyr ile Haka irdiler,
Yşkyň asly otdan durar, sabrym ile olmaz meniň.

Nije diýdim köňlüme: «Bar sabyr eýle, dek otur!»,
Şol dem dagy beter olar, öwüdimi almaz meniň.

Bu Ýunusyň çün suraty ölüp toprak olar ise,
Batynymdan yşk söýgüsi, biliň ki hiç gitmez meniň.

**- 48 -**

Men mende boldum, çün Haka şek-u güman nämdir[1] meniň?
Ol dost ýüzün görmez isem, bu gözlerim nemdir meniň.

Gelsin mynajat eýleýen, togsan müň hajat söýleýen,
Daşra[2] ybadat eýleýen görsün ki dost nämdir meniň?

Musa olup, Tura çykam, nur oluban gözden bakam,
Söz oluban dilden çykam sur-u nagma nämdir meniň?

---

[1] Nämdir — nämämdir.
[2] Daşra — daşara.

Musa barar, Tura çykar, onda barar, nura bakar,
Dostdan gaýry zerre gadar bu gözlerim görmez meniň.

Uş men meni jem eýledim, ol dosta iman eýledim,
Birligine kyldym kamat, ryýa tagat nämdir meniň?

Ol dost maňa ümmi diýmiş, hem adymy Ümmi goýmuş,
Dilim şeker, göwräm gamyş, bu söýleýen nämdir meniň?

Ümmi menem, Ýunus menem, dokuz atam, dörtdür enem,
Yşk oduna düşüp ýanam, satuw bazar nämdir meniň?

**- 49 -**

Jümle älem terkin urup, men dost terkin men urmazam,
Ondan aýry ýarym sagat men onsyzym men durmazam.

Ondan aýry diriligim dirlik degil durar meniň,
Gadym odur, görer meni, men ölüýem, men görmezem.

Hüýri gelip aýdar ise: «Köňül maňa bergil!» diýe,
Dostdan artyk kimesneýe men köňlümi men bermezem.

Dost diýe geçdi bu ömrüm, başarmadym dost gullugyn,
Goýam, başara ol meni, men hiç bir iş başarmazam.

Bir gezden ol oldum ahy, menden umyt ýokdur maňa,
Men olaýsam, bes ol hany, men bu syra men irmezem.

Dostlar öwüt berer maňa: «Gitgil onuň ýakynyndan!»,
Daha ýakyn baram meger, ondan aýry men barmazam.

Degmeler aýdar Ýunusa «Gatlan bu gün ýaryn» diýe,
Jäht edeýin bu günümi, ýaryna men ir görmezem.

## - 50 -

Ol Kadyry «Kün peýekun!»[1] lutp ediji rahman menem,
Kesmeden ryzkyny beren jümlelere soltan menem.

Nutfeden Adam ýaradan, ýumurtgadan guş döreden,
Gudrat dilini söýleýen zikr eýleýen subhan menem.

Kimini zahyt eýleýen, kimini pasyk eýleýen,
Aýyplaryny örtüji ol delil-u burhan menem.

Bir guluna atlar berip, awrat-u mal çohlar berip,
Hem biriniň ýok bir puly, rehm ediji Rahman menem.

Menem ebet, menem baka ol kadyry-haý mutlaka,
Hydyr ola ýaryn sakka, ony kylan gufran menem.

Dört dürli nesneden hasyl, biliň menem uşda delil,
Ot ile suw, toprag-u ýel binýat kylan Ýezdan menem.

Ete deri, süýek çatan, ten perdelerini tutan,
Gudrat işim çohdur meniň, hem zahyr-u aýan menem.

Hem batynam, hem zahyram, hem owwalam, hem ahyram,
Hem men olam men, ol menem, hem ol kerim-u han menem.

---

[1] Kün peýekun — Alla bir zadyň bolmagyna erada edende, «Bol!» diýär, ol ýerine ýetýär.

Ýokdur arada terjiman, ondaky iş maňa aýan,
Oldur maňa beren lisan, ol deňize umman menem.

Bu ýeri-gögi ýaradan, bu arşy-kürsi durduran,
Müň bir ady bardyr, Ýunus, ol sahyby-Gurhan menem.

**- 51 -**

Eý, dost, yşkyň deňizine girem, gark olam ýöriýem,
Iki jahan meýdan ola, döwranym sürem ýöriýem.

Girem deňize gark olam, ne elip, ne mim, dal olam,
Dost bagynda bilbil olam, güllerini tirem ýöriýem.

Bilbil olubany ötem, köňül olam, jeset tutam,
Başymy elime alyp, ýoluňa men baram ýörem.

Şükür, gördüm didaryny, aşdym wysalyň ýaryny,
Bu menlik, senlik şaryny terkini ki uram ýörem.

Ýunusdyr yşk awarasy, biçäreler biçäresi,
Sendedir derdim çäresi, dermanyny soram ýörem.

**- 52 -**

Senden geler jebri-jepa, men ah-u wah etmeýem,
Düşmüşem yşkyň oduna, ýanyp niçe düt etmeýem.

Uş ýörerem ýana-ýana, tüp jigerim döndi gana,
Yşkyňdan oldum diwana, uýuýuban ýatmaýaýam.

Seniň yşkyň deňizine düşübany gark olaýyn,
Hiç kimsäm ýok elim ala, kowma meni batmaýaýam.

Sekiz uçmanyň hürüsi geler ise bir araýa,
Saňa ummat olmaýany men anlara gatmaýaýam.

Ýunus Emre, sen bu sözi ýüz müň diýr iseň, az ola,
Aşyklara mälim halym, bary söz uzatmaýaýam.

**- 53 -**

Eý, ýaranlar, aýdyň maňa, men nijesi dolanaýyn,
Ne dürli tedbir edeýin, ýa nije sagynç sanaýyn.

Janymda ol but bitipdir, köňlümi ol alypdyr,
Heý, meni ol awydypdyr, aýry neýe baglanaýyn.

Öýle edipdir ol meni, men seçmezem tünden güni,
Alsyn teni, alsyn jany, goý, men oňa alynaýyn.

Men göwheriýem, känim ol, men bir gulam, soltanym ol,
Aklym-ujanym, köňlümem ol, ondan neçün usanaýyn.

Onsuzlygym maňa haram, ondan durar nagtym tamam,
Munçylaýyn lutp-u kerem, kanda bolup diňleneýin.

Oldur maňa Ýunus diýen, oldur meniň bagrym dilen,
Oldur meni mensiz goýan, hem men olam, bu men neýem?

**- 54 -**

Ilk adym Ýunus idi, adymy aşyk dakdym,
Terk edip ud-u edep, şeýle habar byrakdym.

Yzzata galmyş eken, aşyklyk nämdir meniň?
Men kendi elim ile ýüzüme gara ýakdym.

Ne bujak bar elimde, tekýe kylam men oňa,
Aşyklar, hanymanyny baş-le boýnuma dakdym.

Meniň kibi bezirgen kim sagynç ile baýar,
Bir pula güýjüm ýetmez, Müsür metagyn çatdym.

Isa ýarym iňňele ýol bolmady hezrete,
Meniň munça dilegle ýa kanda sygar rahtym?

Aşyklar mezhebinde şermisar oldy Ýunus,
Aşyk magşuga irdi, men dünýäýe uýakdym.

**- 55 -**

Girdim yşkyň deňizine, bahrylaýyn ýüzer oldum,
Geçdi diýban deňizleri, Hydyrlaýyn gezer oldum.

Jemalyňy gördüm düýşde, çoh aradym ýazda, gyşda,
Bile bilmän dagda-daşda, deňizleri süzer oldum.

Sordum deňiz mäligine, yrak degil salygyna,
Girdim köňül synygyna, köňülleri düzer oldum.

Weýran köňlüm eýledim şar, bunçalaýyn şar kanda bar?
Haznasyndan aldym göwher, dükan ýüzün bezär oldum.

Men ol dükandar gulyýam, göwherler ile dolyýam,
Dost bagynyň bilbiliýem, pudakdan gül üzer oldum.

Ol pudakda biter iman, iman bitse, gider güman,
Tün-gün işim budur heman, nebsime bir tatar oldum.[1]

Janym bu tene gireli, nazarym ýokdur altyna,
Düşdüm aýaklar aldyna, topraklaýyn tozar oldum.

Tenim toprak tozar ýolça, nebsim elter meni öňçe,
Gördüm nebsim burçy ýuja, gazma aldym, gazar oldum.

Gaza-gaza indim ýere, gördüm nebsiň ýüzi gara,
Hormaty ýok pygambere, bentlerini bozar oldum.

Bu nebis ile dünýä pany, bu dünýäýe gelen hany?
Aldatdyň, eý, dünýä, meni, işleriňden bezer oldum.

Ýunus, turdy, girdi ýola, hemme gurbetleri bile,
Kendi jigerim ganyle waspy-halym ýazar oldum.

**- 56 -**

Bu jahana gelmeden magşuk ile bir idim,
«Kul huallah[2]» sypatly bir binyşan nur idim.

Ol dem ki dirlik idi, Hak ile birlik idi,
Ol paýansyz döwürde ne Musa, ne Tur idim.

Bile idim hezretde, ol bakyýas gudratda,
Ne şärigim bar idi, nä kimse ile ýar idim.

[1] Tatar olmak — nebsiň duşman bolm,ak.
[2] Kul huallah — Aýt, ol Alla.

Ýer-gök ýarylmadan, «Kalu bela»[1] diňmeden,
Lowh galam çalynmadan magraçda kadyr idim.

Nije gez geldim-gitdim, telim surat ýaratdym,
Bu şindiki döwrede Ýunus olup, dür idim.

**- 57 -**

Meni munda beribiýan biler men ne işe geldim,
Kararym ýok bu dünýäde, giderem ýumuşa geldim.

Dünýäýe çoh gelip gitdim, erenler etegin tutdum,
Gudrat üýnüni eşitdim, gaýnaýyban joşa geldim.

Sert söz ile köňül ýykdym, ot oldum janlary ýakdym,
Syrymy äleme çakdym[2], äleme tomaşa geldim.

Men oldum Idrisi derzi, Şit oldum, dokadym bizi,
Dawudyň görkli owazy, ah edip, nalyşa geldim.

Aşyk oldum şol aý ýüze, nisar oldum bal agyza,
Nazar kyldym gara göze, syýah olup, gaşa geldim.

Musa oldum, Tura bardym, goç olup, gurbana geldim,
Aly olup, gylyç saldym, meýdana göreşe geldim.

Deňiz kenarynda owa[3], guýuda işleýän gowa,
Isa agzyndaky doga oluban men işe geldim.

---

[1] Kalu-bela — « Hawa» diýdiňiz.
[2] Bu ýerde «çakmak» sözi «ýaýmak» manysynda gelýär.
[3] Häzirki zaman türkmen dilinde «gözüň owasy» söz düzüminde saklanyp galypdyr.

Aý oldum, äleme dogdum, bulut oldum, göge agdym,
Ýagmyr olup, ýere ýagdym, nur olup, güneşe geldim.

Kal-u kyldan geçenlere, ýolda gözün açanlara,
Aňlaýyban seçenlere waka olup, düýşe geldim.

Menem dertliler dermany, menem ol magrypet käni,
Menem ol Musa Ymrany, Tur dagyndan aşa geldim.

Ýolum saňa oldy durak, sabahyn söýlenýändir Hak,
Ýunus Emre dilinde Hak olup dile düşe geldim.

**- 58 -**

Dost bakaly ýüzüme, men şahy görüp geldim,
Ol ýuja ýujasyna bigüman irip geldim.

Esirikligime bakma, adym däliýe dakma,
Esirikligim ezelden, eşreti sürüp geldim.

Ezelden bileý idim, «Elstu bila» diýdim,
Ol gadymy deňizden, sil olup, akyp geldim.

Eşretine irmişem, sala diýip durmuşam,
Jany, din-u imany şükrana berip geldim.

Nur maňa Isa oldy, erenler doga kyldy,
Bir, iki gez toprakdan men öre turup geldim.

Mansur aýdar «Enel-Hak», diýr «Suratym oda ýak!»
Diýňiz, dara gelsinler, men dary gurup geldim.

Sormaň Ýunusdan habar, dost kandasa, onda bar,
Habary gören berer, men ony görüp geldim.

**- 59 -**

Eý, maňa derwüş diýen, näm ola derwüş menem,
Derwüşlik ýaýlasyndan hereketim gyş meniň.

Kend-özümi görerem, sallanyban ýörerem,
Bugz-u, kibr-u adawat köňlümi almyş meniň.

Derwüş adyn edindim, derwüş donun dolandym,
Ýola bakdym, utandym, hep işim ýalňyş meniň.

Hyrkam, täjim gözlerim, pasyt işler işlerim,
Her ýanymdan gizlärem, müň bir pasyt iş meniň.

Ýoldan habar sorarlar, aýdaram ynanarlar,
Kalbym safy saparlar, waý, ne duşwar iş meniň.

Içerime bakarsyň, ýarym pulluk nesne ýok,
Daşarym gowgasyndan älemler dolmuş meniň.

Ýunus aýdar, ýaranlar, eý görjegim erenler,
Bu ýolda olan hallar Allaha galmyş meniň.

**- 60 -**

Deňizler olsa bir kadah, suwsuzlygym ganmaz meniň,
Iňňildilerim kesilmez, gözüm ýaşy diňmez meniň.

Gel baralyň biziň ile, tä giresiň bakjalara,
Magmur olmuş bossanlara, agýar gülüm tirmez meniň.

Biziň iliň bakjalary, daýym öter bilbilleri,
Açylmyş täze gülleri, gülüstanym solmaz meniň.

Mansur kadahym nije gez magşuka sundy maňa,
Dört ýanymdan ot urdular, kimse halym bilmez meniň.

Ýana-ýana kül oluban sen magşukanyň ýoluna,
Günde müň gez ýanar isem, dostdan ýüzüm dönmez meniň.

Janym yşkyň gullugyna Perhat olup tutdum başym,
Daýym daglary keserem, Şirinim hiç sormaz meniň.

Ýunus aýdar, eý, soltanym, yşkyň ile ýandy janym,
Ger kylar iseň dermanym, aýry janym ölmez meniň.

**- 61 -**

Men bir ajap ile geldim, kimse halym bilmez meniň,
Men söýlärem, men diňlärem, kimse dilim bilmez meniň.

Meniň dilim guş dilidir, meniň ilim dost ilidir,
Men bilbilem, dost gülüdir, biliň, gülüm solmaz meniň.

Ol dost maňa gelsin diýmiş, sundum kadah, alsyn diýmiş,
Aldym kadah, içdim şerap, aýry köňlüm ölmez meniň.

Ne Turum bar, ne duragym, hiç ýerde ýokdur kararym,
Haka mynajat etmäge belli ýerim olmaz meniň.

Sor durdugym ýeri maňa, gelersiň, görkezem saňa,
Bir zerreje Hakdan aýry gözüm nesne görmez meniň.

Tur dagynda bir tejelli, gör, Musaga näler kyldy,
Ýunus aýdar, Hak gatynda sözüm gury galmaz meniň.

**- 62 -**

Her haçanlar döner isem, yşk iledir işim meniň,
Oldur köňülde teşwüşim, hem yşkdyr ýoldaşym meniň.

Yşksyzlara köýner özüm, oň üçin paş olar razym,
Görersiňiz aşyklary, gaýnar içim-daşym meniň.

Bu yşk bize rahmanydyr, hem janymyzyň janydyr,
Onuň üçin şeýtan ile her dem bu söweşim meniň.

Meniň janym bir guş durar, göwräm onuň kapasydyr,
Dostdan habar geler ise, bir gün uçar guşum meniň.

Geldim, dünýäni seýr etdim, ýa bu gün, ýa ýaryn gitdim,
Men munda eglenmezem, munda bitmez işim meniň.

Ýunus aýdar, men aşygam, hem aşygam, hem sadygam,
Bu aýry aşyklar kibi ýokdur araýyşym meniň.

**- 63 -**

Giderem aklym başymdan çaşyban,
Ýanaram yşkyň oduna düşüban.

Ot byrakdyň janyma, tün-gün ýanar,
Ýanaram ýalyn-ýalyn tutaşyban.

Yşkdan ne bar, eger syndym ise,
Yşk ile kim synmady ugraşyban?

Aşyk olgul magşugyň didaryna,
Magşuk olgul yşk ile sarmaşyban.

Ýunus, janyň yşka ber şükranaýa,
Kimseler bilmez ýaryn isteşiban.

**- 64 -**

Bu ömrüm ýok ýere harç etmişem men,
Janymy, gör, ne oda atmyşam men.

Kimisi kimisiýe etmemiş ola,
Ony kim kendime men etmişem men,

Amalym rahtyny tirdim, göterdim,
Hemme yssym zyýana satmyşam men.

Jahanda bir synyk saksydan ötri,
Günäleri zyýana satmyşam men.

Amalym ne ki barsa, hem ryýadyr,
Ajapdyr yhlasy unutmyşam men.

Gijeýe iresini kimse ilmez,
Tuly-emel başyn uzatmyşam men.

Tükeli ömrümi harjyna sürdüm,
Zyýandan bellidir ne utmuşam men.

Biçäre Ýunusyň çohdur günähi,
Onuň dergähine ýüz tutmuşam men.

**- 65 -**

Ajap oldy halym bu yşk elinden,
Görmezem ýolum bu yşk elinden.

Bu jümle älemiň täji eken uş,
Aýaklarda gubaram bu yşk elinden.

Garyp bilbilleýin zary kylaram,
Akar gözden silim bu yşk elinden.

Gyzyl ýapraklaýyn meňzim sarardy,
Gararyban düşdüm bu yşk elinden.

Ýaryn-magşarda men ýyrtam ýakamy,
Nije zara gelem bu yşk elinden.

Näderem men ýaryň aslyndan artyk,
Büküldi kad-bilim bu yşk elinden.

Ýunus sen Tapdygyňa kyl dogalar,
Diýme kim ne kylam bu yşk elinden?»

**- 66 -**

Köňül, usanmadyň sen bu sapardan,
Çelebim saklasyn seni hatardan.

Kişi kim kişiniň gahryn çekinçä,
Gidip görünmezlik ýegdir nazardan.

Dogaly bagrymy dogrady gurbat,
Syzar, damar, jiger gany damardan.

Watan oldy tiken, gurbat gülüstan,
Awy içmek ýeg oldy naý-şekerden.

Ýunus göwsün açyp, dosta giderkän,
Çelebim saklasyn ony hatardan.

**- 67 -**

Eger yşky söýer sen, jan olasyň,
Köňüller tagtyna soltan olasyň.

Eger dünýä söýer sen, mübtelasyň,
Many syryna kandan iresiň?

Jahan köne saraýdyr, sen begisiň,
Nije bir eskiýe hasratlanasyň?

Ganatsyz guşlaýyn galdyň ýabanda,
Ganatly guşlara kanda iresiň?

Saňa ärden asa gerek bu ýolda,
Daýanarsyň asaýa daýanarsyň.

Sözi bu Ýunusyň gözellerdedir,
Eger aşyk olursaň oýanasyň.

**- 68 -**

Din-u millet goýdurdy ol meniň köňlüm alan,
Ony duýan kişiýe ne köňül galar, ne jan.

Duýmaýanlar halymy dinin goýdy diýr maňa,
Nähile din beslesin jansyz, köňülsiz galan.

Suratymda barlygym köňül ile jan idi,
Jümlesin ýagmalady maňa yşk bagyşlaýan.

Yşkyň serheňi meni kowmady hiç nesneden,
Ne yslamda, ne dinde aňylmaz küpr-u iman.

Şert-u parz olmaz onda jany yşkda galanda
Jogap sözi dil söýlener, nije bilsin bu lisan.

Elden iş byrakdyrdy, näteliksiz bakdyrdy,
Dostluk tijaretinde unutdyk yssy-zyýan.

Meni menlikden goýdy, barlyk depderin ýuwdy,
Howp-u reja görkezmez, haýr-u şer elden goýan.

Sormaň Ýunusdan habar, dost kandadyr onda bar,
Ýüz müň göwherden paryg yşk deňizine dalan.

**- 69 -**

Erenler nuhup eken, ýa müňkir oldugyň neden?
Keý sagyngyl datly janyň oklary çykmadan ýaýdan.

Kahyr erenler atydyr, gaýrat dagy halatydyr,
Erenler ýaýy gatydyr, oklary geçer gaýadan.

Bize muhup olanlary, Hakdan diläris onlary,
Dönüp müňkir olanlary, tiz çykarlar aradan.

Munda el, aýak öpüler, göreniň jany gapylar,

Garyp mysapyr ýapylar zawýa-ýu mesjit hanadan.

Awy içerse, noş olsun, süji içerse, hoş olsun,
Ýunus ile ýoldaş olsun, gelsin Allahyna giden.

**- 70 -**

Ol wagt ki bir olasyň, aýrylykdan galasyň,
Jansyz gel bu gapyýa, sen baky diri bolasyň.

Jan tuta geler iseň, ýa janym bar diýr iseň,
Jany şumar eder sen külli sagynjylasyň —

Munda ne sagynç şumar, ýa munda galar kim bar?
Çün beýle düşdi sapar, gerek ýolda galasyň.

Dert ile gelmeýinçä, dermana irişilmez,
Bir jan ýolda garasaň, müň-müň janlar bolasyň.

Galma pany sagynja, kast ile bakma genje,
Ýüz müň iki jahança ol deňli sen olasyň.

Dadarsyň yşk dadymdan, geçesiň zahyr dinden,
Aýralygyň; adyndan ol wagt ki gutulmasyň.

Ýa, Ýunus, hany aklyň, dileksiz sözlär diliň,
Paýany ýok bu ýoluň ýazyda dolanasyň.

**- 71 -**

Daşdyň ýene, däli köňül, suwlar kibi şaglarmysyň?
Akdyň ýene, ganly ýaşym, ýollarymi baglarmysyň?

Nädem elim irmez ýara, bolunmaz derdime çäre,
Oldum ilimden awara, meni munda eglärmisiň?

Ýawy kyldym men ýoldaşy, oňalmaz bagrymyň başy,
Gözlerimiň ganly ýaşy, yrmak olup şaglarmysyň?

Men toprak oldum ýoluňa, sen aşuga göz edersiň,
Şu garşyma gögüş gerip, daş bagyrly daglarmysyň?

Haramy kibi ýoluma arkury inen garly dag,
Men ýarymdan aýra düşdüm, sen ýolumy baglarmysyň?

Garly daglaryň başynda, salgym-salgym olan bulut,
Saçyn çözüp, meniň üçin ýaşyn-ýaşyn[1] aglarmysyň.

Esredi Ýunusyň jany, ýoldaýam, illerim hany?
Ýunus düýşde gördi seni, saýrymysyň, saglarmysyň?

**- 72 -**

Ajap şu ýerde olamy şeýle garyp meniňleýin?
Bagry başly, gözi ýaşly şeýle garyp meniňleýin?

Gezerem Rum ile Şama, ýokary illeri hemme,
Çoh istedim, tapmadym men şeýle garyp meniňleýin.

Kimseler garyp olmasyn, hasrat oduna ýanmasyn,
Hojam, kimseler olmasyn şeýle garyp meniňleýin.

Söýlär dilim, aglar gözüm, garyplara köýner özüm,
Meger ki gökde ýyldyzym şeýle garyp meniňleýin.

---

[1] Ýaşyn-ýaşyn — ýarym-ýaş, göz ýaşyny döke-döke.

Nije bu dert ile ýanam, ajal ire bir gün ölem,
Meger synamda bolam beýle garyp meniňleýin.

Bir garyp ölmüş diýerler, üç günden soň duýarlar,
Sowuk suw ile ýuwarlar şeýle garyp meniňleýin.

Heý, Ýunus Emre, biçäre, bolunmaz derdime çäre,
Bar imdi gez şardan şara şeýle garyp meniňleýin.

**- 73 -**

Eý, köňlümiň eglenjisi, aýyt maňa, neýläýeýin?
Yşkyňda oldum awara, derdim kime söýläýeýin?

Mülki-penadan geçeýin, ol dost iline uçaýyn,
Dalaýyn yşk ummanyna, deňizleriň bolaýaýyn.

Yşkyň ot urdy janyma, gelsin aşyklar ýanyma,
Dökeýin yşkyň hanyny, aşyklary toýlaýaýyn.

Girdim yşkynyň bagyna, bakdym soluma, sagyma,
Dürli çeçekler düýrüban güllerini ýaýaýaýyn.

Aşyk olaýyn ol güle, düşsün äleme gulgula,
Hezar dessan olubany dost bagyny ýaýlaýaýyn.

Ýyrtam ýakamy il-u şar, tün-gün kylam ah-u zar,
Degiban dertli başyma ahy-zarlar eýläýeýin.

Ýunus aýdar, erenleriň diriligini dirilmediň,
Güýjüm ýetdigimçä bary bir soýlaryny soýlaýaýyn.

## - 74 -

Ylahy bir yşk ber maňa kandalygymy bilmäýin,
Ýawy kylaýyn men meni isteýibany bolmaýyn.

Şeýle haýran eýle meni, bilmäýin men tün-u güni,
Isläýin ki daýym seni, aýry nagyşa galmaýyn.

Al, gidir menden menligi, doldur içime senligi,
Dirilikde soldur meni, baryban onda ölmäýin.

Söýlär isem gelmez dile, kim söge maňa, kim güle,
Bary ýanaýyn dert ile, halymy dile almaýyn.

Şol ýörerem ýana-ýana, jigerim gark oldy gana,
Yşkyň bir ok urdy jana, nije men zary kylmaýyn?

Seniň kokuň duýdy janym, terkin urdy jahanyň,
Hergiz bildirmez makamyň, seni nireden isläýin?

Bilbil olaýyn, öteýin, dost bakjasynda ýataýyn,
Bir gül olaýyn, biteýin, dagy aýratyn solmaýyn.

Mansurlaýyn dara meni, aýan görkez onda meni,
Gurban kylaýyn bu jany, yşka müňkir hiç olmaýyn.

Yşk durar derdiň dermany, yşk ýolunda goýdum jany,
Ýunus Emre aýdar muny, bir dem yşksyz men olmaýyn.

## - 75 -

Bu derwüşlik ýoluna yşk ile gelen gelsin,
Ýa derwüşlik nädigin bir zerre duýan gelsin.

Häli biz uşbu ýola gelmedik ryýa ile,
Bu melamatyň donun biz bile geýen gelsin.

Göz ile gördügini, örte etegi ile,
Bu ýol ki inçe ýoldur, ýüregi duýan gelsin.

Uly-kiçi erenler diýmiş bizi söýenler:
«Haýykmasyn giriýe, ol şaha gelen gelsin!»

Her kim söýer Allahy, rehmet kylar wallahy,
Dil söýgüsile olmaz, yşk ile köýen gelsin.

Uşbu sözi aýdandan bize nyşan gerekdir,
Söz muhtasary budur, janyna gyýan gelsin.

Ýunus, söz ile kimse kabylyýete geçmedi,
Budur wujut der miýan, ortaýa goýan gelsin.

**- 76 -**

Eý, ýaranlar, eý, gardaşlar, gorkaram men ölem diýe,
Öldügimi gaýyrmazam, etdigimi bolam diýe.

Bir gün görüner gözüme, aýbym urular ýüzüme,
Endişeden bez olmuşam «Nädem men, ne kylam?» diýe.

Eger gerçek gul imişsem, oňa gulluk kylaý idim,
Aglaýadym men dünýäde ýaryn onda gülem diýe.

Hemin geldim bu dünýäýe, nebsime gulluk eýleýe,
Eýi amal işlemedim, azapdan gutulam diýe.

Eý, biçäre Misgin Ýunus, günähiň çoh, neýleýesiň?
Sygyndym ol Allahyma, diýdi: «Afuw edem!» diýe.

**- 77 -**

Her kime kim derwüşlik bagyşlana,
Kalby gide, päk ola kümüşlene.

Nepesinden müşk ile anbar tütä,
Pudagyndan il-u şar imişlene.

Ýapragy dertli üçin derman ola,
Kölgesinde çoh haýyrlar işlene.

Aşygyň gözýaşy hem köl ola,
Aýagyndan söz bitip gamyşlana.

Jümle şahyr dost bakjasy bilbili,
Ýunus Emre arada dürraçlana[1].

**- 78 -**

Aklym başyma gelmedi, yşk şerabyn datmaýynça,
Kandalygymy bilmedim, gerçek äre ýetmeýinçä.

Kendi bilişile kişi hiç irişemi menzile?
Allaha iremez galar, är etegin tutmaýynça.

Bar, din-iman gerek ise, eýi diril bu dünýäde
Ýaryn onda bitmez işiň, bu gün munda bitmeýinçä.

---

[1] Dürraçlanmak — düre öwrülmek, dürleşmek.

Bilbil dagy aşyk güle, nazar Hakdan olar gula,
Bir keleji gelmez dile, köňüllerde ýanmaýynça.

Köňüllerde bu razymy, sagynmaz diýdim sözümi,
Aşyk ne gatlana söze, yşk matasyn satmaýynça.

Biçäre Ýunusyň sözün keý aşyk gerek aňlaýa,
O guş dilidir, neýlesin, ol diňlenmez ötmeýinçä.

## - 79 -

Bir şaha gul olmak gerek, hergiz mazul olmaz ola,
Bir yşk ýassanmak gerek, kimse elden almaz ola.

Bir guş olup, uçmak gerek, bir kenara geçmek gerek,
Bir şerbetden içmek gerek, içenler aýylmaz ola.

Çäbik bahry olmak gerek, bir deňize dalmak gerek,
Bir göwher çykarmak gerek, sarraplar bilmez ola.

Bir bakjaýa girmek gerek, hoş teperrüç kylmak gerek,
Bir güli ysgamak gerek, hergiz ol gül solmaz ola.

Kişi aşyk olmak gerek, magşugyny bilmek gerek,
Yşk oduna ýanmak gerek, aýry oda solmaz ola.

Ýunus, imdi bar, dek otur, ýüzüňi hezrete göter,
Özüň kibi bir är getir, hiç jahana gelmez ola.

## - 80 -

Bir söz diýeýin saňa, diňle, janyň bar ise,
Hantamalyk eýleme, aklyň saňa ýar ise.

Görüň, ýaryn egridir, näň[1] bar ise, ber gutul,
Uslulardan meseldir, eşitdigiň bar ise.

Ýaryň saňa mukabyl, huzurynda sujut kyl,
Çykar jigeriň iýdir, eger çäräň bar ise.

Aňsyz sözüň, gör, nedir, çoh söz haýwan ýüküdir,
Aryba bir söz ýeter, tende göwher bar ise.

Ekmek iýip, duz basmak, ol namartlar işidir,
Ekmek ony goýmaýa, duzuň haky bar ise.

Eýgilik äriň ýarydyr, ölse uçma ýeridir,
Senden soňra söýlener ne dirilikde bar ise.

Ýunus Misgin dälidir, hem sözünden bellidir,
Aýyplamaň, ýaranlar, egsikligi bar ise.

## - 81 -

Älem duşman olar ise, meni dostdan aýyrmaýa,
Dost kanda ise, men onda, hiç duşmanlyk gaýyrmaýa.

Dost ähli bizim ile, dost mundadyr, bize ne gam,
Ýüz müň jäht ederse, duşman dostuň mahfiýem durmaýa.

[1] Näň — nämäň, näme zadyň.

Duşman maňa näde bile, işim-güýjüm dostdan ýaňa,
Dost makamy jan içinde, duşmanyň eli irmeýe.

Soltanlar ajyzdyr onda, ne köňüldedir, ne janda,
Mahrumdyr jahanda, kim ki dost ýüzün görmeýe.

Kime kim dost gapy aça, duşmany elinden gaça,
Ýunus, agzy göwher saça, degme aryplar tirmeýe.

**- 82 -**

Äşgäre kyldym bu gün pynhanymy,
Jan beriban tapdym ol jananymy.

Jan, köňül haýran galypdyr magşuga,
Magşuk ile sürerem döwranymy.

Dert gerekdir, dert gerekdir, dert gerek,
Kim gerek derde berem dermanymy.

Bimekanam onuň üçin dünýäde,
Kimse ne bilmez meniň mekanymy.

Ony bildim-u näderem aýryny,
Ýagmaýa berdim bu gün dükanymy.

Top menem, çowgany aldym, çalaram[1],
Kim ala bu topdan ki meýdanymy?

Ýer meniňdir, gök meniňdir, arş meniň,
Gör, neneňsi germişem saýawanymy?

---

[1] Çalaram — uraram; uraryn.

Ýunus oldy ise adym bes ne ajap,
Okaýalar depder-u diwanymy.

**- 83 -**

Eý, ýaranlar, bu adamzat janym näge doldugyny,
Dil ile waspyn etmezem köňlümi kim aldygyny.

Köňlüm doly sygmaz dile, aşykdyr ol kim hal ile,
Yşk nijäni berdi ýele, aňlamaz nä oldugyny.

Aglamak, gülmek aşyga, dirilmek, ölmek aşyga,
Gahar-le lutpy bir biler, bilmez melul oldugyny.

Yşk Ýunusy eýledi lal, Ýunus gany yşka halal,
Kän baryn etsin paýmal, görmesin aýryldygyny.

**- 84 -**

Erenleriň köňlünde ol soltan dükan açdy,
Nije biziň kibiler, onda gonuban geçdi.

Jümle erenler uçdy, daglar, düzleri geçdi,
Yşk gazanyna düşdi, gaýnaýybany bişdi.

Bu dünýäniň meseli meňzär murdar göwräýe,
Itler murdara düşdi, Hak dosty goýdy, gaçdy.

Aşyk diýemmi oňa jan terkini urmady,
Oňa aşyk diýerler, kim melamata düşşdi.

Ýene esredi Ýunus Tapdyk ýüzün görenden,
Meger onuň köňlünden bir jurga şerbet içdi.

**- 85 -**

Istär idim Allahy, tapdym ise, ne oldy?
Aglar idim tün-u gün, güldüm ise, ne oldy?

Erenler meýdanynda togarlanar top idim,
Patyşa çowganynda galdym ise, ne oldy?

Erenler söhbetinde deste gyzyl gül idim,
Açyldym, ele geldim, soldum ise, ne oldy?

Alkyşlar, ulamalar medresede boldular,
Men harabat içinde boldum ise, ne oldy?

Eşit, Ýunusy eşit, ýene däli oldy hoş,
Erenler manysyna daldym ise, ne oldy?

**- 86 -**

Ondan bäri kim yşkyň meniňle ýoldaş oldy,
Rahman ýoluna meni görkezmäge baş oldy.

Janym üzere durdy, rahan çerisin düýrdi,
Şeýtan elini urdy, keý ýagma taraş oldy.

Yşk nebis ilne akdy, ne boldy ise ýakdy,
Kibir galasyn ýykdy, onda çoh söweş oldy.

Dost ýüzün aýan gördüm, syr habarlaryn sordum,
Diýdi «Gizlin, bilmersiň?», uş söýledim, paş oldy.

Yşk aldy elim meniň, görkezdi dogry ýolum,
Haka şükür, kim halym baýakydan hoş oldy.

Anlar ki göz açdylar, bu dünýäden geçdiler,
Ahrete ulaşdylar, menzilleri arş oldy.

Bular munda galdylar, dünýäge aldandylar,
Ýalançylar aldylar, hep bular kulmaş oldy.

Ölenler halyn bilmez, göz açyp öňün tirmez,
Misgin Ýunus Emräniň meger bagry baş oldy.

**- 87 -**

Ýene ýüzüni gördüm, ýene ýüregim ýandy,
Dost, seniň yşkyň ody ýüregimde daýandy.

Görkli ýüzüni gören, köňlüni saňa beren,
Belli tabynda duran ne doýdy, ne usandy.

Göwherdir seniň özüň, güneşden ary ýüzüň,
Şekerden datly sözüň, her kim gördi, utandy.

Şu köňlüm garyp idi, jigerim kebap idi,
Görkli ýüzüňi gördüm, içim-daşym bezendi.

Ýunus Emre bikarar, şol hup ýüze intizar,
Senden aýrylmaz nazar, baryp ýakyldy, ýandy.

## - 88 -

Yşk ile istär idik, ýene bildik ol jany,
Köýnek edinmiş geýer surat ile bu teni,

Girmiş suratda gezer, jümle işleri düzer,
Gaýra kendiýe söýlär göwher ile bu käni.

Bu dünýä bir bazardyr, suratlar olmuş dükan,
Bu dükana giriban oldur satan bu käni.

Birniçeler gaýgyrar, munça malym galdy diýr,
Beren oldur, alan ol, sormaz nedir zyýany.

Ýunus imdi sen senden, aýry degilsiň jandan,
Sen sende bolmaz iseň, kanda bolasyň onda?

## - 90 -

Halal kyldy magşuga aşyk kendi ganyny,
Magşuk nagşyndan okar yşk äri Gurhany.

Ýardan aýry olynça asylyp ölmek ýegdir,
Aşyk kendi baglaýyr boýnuna urganyny.

Gitmez aşyk gözünden hergiz magşuk hyýaly,
Nädem Zylyha berer Ýusubyň nyşanyny,

Dirlik budur aşyga magşuk ýolunda öle,
Sorarlar ise aýdam aşygyň burhanyny.

Bylkys ile Süleýman yşka düşdi bir zaman,
Isteýip bilmediler bu derdiň dermanyny.

Gökdäki Harut, Marut yşk üçin indi ýere,
Zöhre ýüzün görende, unutdy Rahmanyny.

Güzap görmäň siz yşky, kime ugrady ise,
Soltany ýykar tagtdan, ýitir hanymanyny.

Perhat bu yşk ýolunda başyn külüňe tutdy,
Hysrow Şirin derdinden dosta berdi janyny.

Leýli ile Mejnun işi ajap durar bu halka,
Abdyrazzak terk etdi yşk üçin imanyny.

Zamana biwepalary jepa kylar Ýunusa,
Bir dogry ýar bolaýsa, pida kylar janyny.

**- 90 -**

Bakdygym ýüzde gördüm Tapdygymyň nuruny,
Maksadym bu gün bildim, näderem men ýaryny.

Ýarynym bu gün maňa hoş baýram bu gün maňa,
Düýşde geler üýn maňa, eşidiň ahbaryny.

Dostuň habary ile nebsiň saňa ýar eýle,
Ýyk, dosta ýarag eýle bu wujudyň şaryny.

Wujuda gelmeýinçä kimse Haky bilmedi,
Bu wujutdan görkezdi dost bize didaryny.

Äriň didaryn gördüm, güman terkini urdum,
Dost bakjasyna girdim, görmäge gülzaryny.

Dostuň ýüzi gül maňa, aşygam bilbil oňa,
Gaýkymazam dört ýana, çün bildim yşk ärini.

«Elestu bi-rebbiküm»[1] Hakdan nida gelejek,
Möminler «Beli!» diýip, etdiler ykraryny.

Ýunus, küpür elinden şikaýata geldiler,
Eý, soltanym, gerçek är, kes, gidir zünnaryny.

**- 91 -**

Eý, ýaranlar, kim eşitdi aşyk toba etdigini?
Ýa kim eşitdi deňize ot düşüban düýtdügini?

Şahym, seniň yşkyň ody, düşdi köňül derýasyna,
Ajaplarlar gaýnaýyban magrypetler bitdigini.

Ýüz müň Isa ile Musa yşkynda sergezdan gezer,
Ajaplamaň meni dagy yşk näheňi ýuwtdugyny

Ýüzgeçlik[2] öwrenmeýen gul, goý, girmesin bu deňize,
Yşk derýasy düýpsüzdir, ajaplaman batdygyny.

Sarraplygy öwrenmeýen bu göwheri monjuk sanar,
Barar ýörer ýok nesneýe, bilmez näme satdygyny.

Her kim onuň didaryny munda aýan görmez ise,
Ýaryn ol sergezdan gezer, hiç bilmeýe nätdigini.

---

[1] Elestu bi-rebbiküm — Biz siziň Eýäňiz dälmi?
[2] Ýüzgeçlik — ýüzmegi.

Ýunus aýdar, är gulyýam, Tapdygymyz dost ýüzüdir,
Uşbu söze ynanmaýan ede bilsin etdigini.

**- 92 -**

Eý, ýaranlar, eý, gardaşlar, görüň meni, nätdim ahy!
Äre irdim, äri bildim, är etegin tutdum ahy!

Gorkar oldum bir Taňrydan, bizar oldum ýatly huwdan,
Uşbu işim sagynç ile men ýoluma gitdim ahy!

Gidirdim köňlümden kine, kine tutanyň ýok dini,
Eý, ýaranlar men bu sözi uludan eşitdim ahy!

Aşyk iseň, Misgin Ýunus, Hezrete tutgul ýüzüňi,
Aňlaýana göwher durar, söz sarrapa satdym ahy!

**- 93 -**

Söýerem men seni jandan içeri,
Ýolum ötmez bu erkandan içeri.

Nirä barar isem, köňlüm dolusyň,
Seni kanda goýam mundan içeri.

Ol bir dilber durar, ýokdur nyşany,
Nyşan olarmy nyşandan içeri?

Meni sorma menden, mende degilem,
Suratym boş ýörer dondan içeri.

Meni menden aňlana irmez elim,
Gadam kim basa soltandan içeri.

Tejelliden nesip erdi kimine,
Kiminiň maksady mundan içeri.

Seniň yşkyň meni menden alypdyr,
Ne şirin dert bu dermandan içeri.

Şerigat, tarykat ýoldur barana,
Hakykat, magrypat ondan içeri.

Süleýman guş dilin biler diýdiler,
Süleýman bar Süleýmandan içeri.

Unutdym, din-diýanat galdy menden,
Bu ne mezhep durar dinden içeri?

Gerçek eken Ýunus, duş oldy dosta,
Ki galdy gapyda ondan içeri.

**- 94 -**

Ýort, eý, köňül, sen bir zaman asuda, paryg, hoş ýöri,
Gorkma, gaýyrma kimseden gussa-ýu gamdan boş ýöri.

Hakykata bakar iseň, nebsiň saňa duşman, ýeter,
Bar indi o nebsiň ile uruş-tokuş, söweş, ýöri.

Nebisdir äri ýolda goýan, ýolda galar nebse uýan,
Ne işiň bar kimse ile, nebsiňe kaka[1], boş ýöri.

Dilär iseň, bu dünýäniň şerinden olasyň emin,
Terk eýle bu kibr-u kine, hyrkaga gir, derwüş ýöri.

Istär iseň bu dünýäde ebedi serhoş olasyň,
Yşk kadahyn doly göter ýyl-on iki aý serhoş ýöri.

Kimse bagyna girmegil, kimse gülüni tirmegil,
Bar kendi magşugyň ile bakjada el alyş ýöri.

Köňüllerde ik olmagyl, mägfillerde çig olmagyl,
Çag nesnäniň ne dady bar, gel, yşk oduna biş ýöri.

Ýunus, imdi hoş söýlärsiň, diňleýene şerh eýlärsiň,
Halka nesihat satynça är ol ýoluňça hoş ýöri.

**- 95 -**

Men ýörerem ýana-ýana, yşk boýady meni gana,
Ne akylam, ne diwana, gel, gör meni, yşk neýledi?

Gäh öserem ýeller kibi, gäh tozaram ýollar kibi,
Gäh akaram siller kibi, gel, gör meni, yşk neýledi?

Akar suwlar dek şaglaram, dertli jigerim daglaram,
Şyhym aňyban aglaram, gel, gör meni, yşk neýledi?

[1] Nebsiňe kakmak — nebsiňi bogmak, nebsiňi öldürmek.

Ýa elim al, galdyr meni, ýa waslyňa irdir meni,
Çoh aglatdyň, güldür meni, gel gör meni, yşk neýledi?

Men ýörerem ilden-ile, şyh soraram dilden-dile,
Gurbetde halym kim bile, gel, gör meni, yşk neýledi?

Mejnun oluban ýörerem, ol ýary düýşde görerem,
Oýanyp melul olaram, gel, gör meni, yşk neýledi?

Misgin Ýunus, biçäreýem, başdan-aýaga ýaraýam,
Dost ilinde awaraýam, gel, gör meni, yşk neýledi.

**- 96 -**

Bu yşk deňizine dalan, hajat degil oňa gämi,
Ýa hut kanda alalyň söhbet ile bu demi?

Dünýäligim ýokdur diýme, bu gussaýy öküş iýme,
Magşugy ger söýdüň ise, gidir köňlüňdäki gamy.

Meň söýdügim magşukaýy sen dagy bir görseň idiň,
Bermeýediň bu öwüdi, pida kylaýdyň bu jany.

Aşyk kişi bilmez öwüt, zyra yssy kylmaz öwüt,
Unudar ol kibr-u kine, terk eýlär gider dükany.

Gerçek aşyk olanlaryň ýüzünde nyşany olar,
Tünüň-günüň durmaz, akar gözleri ýaşynyň gany.

Bu jümle älem söýdügi şol din ile iman durar,
Wallahy, yşksyz gerekmez şol din ile imany.

Ýunus, ýüzüň galdyrmagyl aşyklaryň aýagyndan,
Eýle pida ýüz müň jany ondan tapasyň Subhany.

**- 97 -**

Ýok ýere geçirdim güni, ah, nädeýin, ömrüm seni?!
Seniňle olmadym gany, ah, nädeýin, ömrüm seni?!

Geldim-u geçdim, bilmedim, aglaýyp gussa iýmedim,
Senden aýrylam diýmedim, ah, nädeýin, ömrüm seni?!

Haýrym, şerim ýazylaýsa, ömrüm ýüpi üzüläýse,
Surat menden bozulaýsa, ah, nädeýin, ömrüm seni?!

Gidip ýene gelmeýesiň, gelip meni bilmeýesiň,
Bu menlige sermaýasyň, ah, nädeýin ömrüm seni?!

Hany saňa guwandygym, guwanyban ýuwanmadym[1],
Galdy külli gazandygym, ah, nädeýin, ömrüm seni?!

Misgin Ýunus, sen gidersiň, sen ajap sapar edersiň,
Hasrat ile sen galarsyň, ah, nädeýin, ömrüm seni?!

**- 98 -**

Bir sakydan içdik şerap, arşdan ýuja meýhanasy,
Ol sakynyň mestleri biz, janlar onuň peýmanasy.

Yşk oduna ýananlaryň külli wujudy nur olar,
Ol ot bu oda meňzemez hiç bildirmez zebanasy.

[1] Ýuwanmak, rahatlanmak, arkaýynlanmak, köşeşmek.

Biziň mejlis mestleriniň demleri «Enel-Hak» olar,
Müň Hallajy-Mansur kibi iň kemine diwanasy.

Ol mejlis kim bizde bardyr, onda jiger kebap olar,
Ol şemdir kim bizde ýanar Aý-u Güneş perwanasy.

Biziň mejlis bekrileri şol Şahy-Edhem kibidir,
Balh şähriçe ýüz müň ola her köşede weýranasy.

Ýunus, bu jezbe sözleriň jahyllary söýlemegil,
Bilmezmisiň jahyllaryň nije geçer zamanasy?

**- 99 -**

Çykdym erik dalyna, onda iýdim üzümi,
Bossan yssy, kakaýyn diýr «Ne iýrsiň hozumy?»

Agrylyk etdi maňa, böhtan eýledim oňa,
Jerçi-de geldi aýtdy: «Hany, aldyň gyzymy?»

Kerpiç goýdum gazana, poýraz ile gaýnatdym,
Nedir diýe sorana bandym berdim özüni.

Ýüplik berdim dokmaça, sarap ýumak etmemiş,
Bejit-bejit müşterler gelsin, alsyn bizini.

Bir serçäniň ganatyn kyrk gatyra ýükletdim,
Jübüt öküz çekmedi, şeýle galdy galany.

Bir siňek bir bürgüdi galdyryp urdy ýere,
Ýalan degil, dogrudyr, men-de gördüm tozuny.

Balyk derege çykmyş şepbik şiresin iýmäge,
Leglek kürre dogurmyş, bak-a munuň sözüni!

Gözsüze pyşyrdadym, ker sözümi eşitdi,
Dilsiz çagyryp söýlär dilimdäki sözümi.

Bir öküz bogazladym[1] kakytdym serip goýdum,
Öküz yssy geldi diýr: «Bogazladyň gazymy».

Mundan-da gutulmadym, näderini bilmedim,
Bir jerçi geldi, aýtdy: «Hany aldyň közümi!»

Pyşbaga sataşdym, gözsüz sepek ýoldaşy,
Sordum «Sapar nirädir». «Kaýsaryýa azymy».

Ýunus, bir söz söýlediň, hiç bir söze meňzemez,
Munapyklar elinden örter many ýüzüni.

## - 100 -

Düşdi öňe hupbul watan, gidem, eý, dost, diýe-diýe,
Onda baran galar heman, galam, eý, dost, diýe-diýe.

Gele şol Ezraýyl tuta, yssy kylmaz ene-ata,
Münem şol agaçdan ata, gidem eý, dost diýe-diýe.

Hylwatlarda meşgul olam, daýym açylam, gül olam,
Dost bagynda bilbil olam, ötem, eý, dost, diýe-diýe.

---

[1] Bogazlamak — damagyny çalmak; soýmak.

Şol bir bäş, on arşyn bizi kepen ederler egnime,
Dökem şol dünýä donlaryn, geýem, eý, dost, diýe-diýe.

Mejnun oluban ýöreýem, ýuja daglary büreýem.
Mum olubany ereýem, ýanam, eý, dost, diýe-diýe.

Günler geçe, ýyl çöwrüle, üstüme sinläp oprula,
Ten çüreýe toprak ola, tozam, eý, dost, diýe-diýe.

Ýunus Emre, bar ýoluňa, müňkirler girmez ýoluňa,
Bahry olup dost kölüne dalam, eý, dost, diýe-diýe.

## RISALATUN – NUSHYÝA

### (Nesihat kitaby)

Patyşahyň hikmeti, gör, neýledi,
Od-u suw, toprag-u ýele söýledi.

«Bismilla» diýip, göterdi topragy,
Ol arada häzir oldy ol dagy.

Toprak ile suwy binýat eýledi,
Oňa Adam diýmegi at eýledi.

Ýel gelip ardynça debitdi ony,
Ondan oldy jismi Adam, bil muny.

Ot dagy geldi-ýu gyzdyrdy ony,
Çünki gyzdy, jisme ulaşdy jany.

Surata jan girmäge perman olar,
Patyşa emri oňa derman olar.

Surata jan girdi, pür nur eýledi,
Surat dagy jany mesrur eýledi.

Hamd-u şükr etdi, diýdi: «Eý, Züljelal,
Müň meniň kibi ýaratsaň ne bu hal?»

Toprak ile bile geldi dört sypat:
Sabr-u iýi hüý, töwekgel, mekrüşet.

Suw ile geldi bile dört dürli hal,
Ol sapadyr hem saha, lutp-u wysal.

Ýel ile geldi bile, bil, dört höwes
Ol durar: kyzb-u ryýa, tizlik, nepes.

Ot ile geldi bile dört dürli dat,
Şehwet-u, kibr-u, tama birle hasat.

Jan ile geldi bile uş dört hesal,
Yzzat-u wahdat, haýa, edebi-hal.

## AKYLYŇ TARYPY HAKYNDA

Akyl patyşanyň[1] gadymylygy yşygyndadyr,
Akyl dagy üç dürlüdir: biri akyly-magaşdyr,
dünýä tertiplerini bildirer.

Biri-de akyly-magatdyr, ahyret ahwalyny bildirer.
Biri-de akyly-küllüdir, Alla Tagalanyň magrypetini bildirer.

Iman patyşanyň hedaýaty nurundandyr.
Iman-da üç dürlüdir: biri ylmul-ýakyndyr
We biri aýnal-ýakyndyr, we biri Hakgul-Ýakyndyr.

[1] Patyşa — bu ýerde: Alla manysynda.

Emma ol iman kim ylmul-ýakyndyr, akylda ýerlidir;
we ol iman ki aýnal-ýakyndyr, köňülde ýerlidir;

We ol iman ki Hakgul—ýakyndyr, janda ýerlidir.
Jan ile olan iman jan ile bile gider.

Uçma patyşanyň pazly yşygyndandyr.
Tamug patyşanyň adly yşygyndandyr,

Toprak patyşanyň nurunyň yşygyndandyr.
Suw patyşanyň haýaty yşygyndandyr.

Ýel, ol patyşanyň haýbaty yşygyndandyr.
Ot patyşanyň hyşmy (gahar-gazap) yşygyndandyr.

Toprak ile suw uçmada ýerlidir.
Ot ile ýel tamugda ýerlidir.

Ot ile ýel ile gelen dokuz kişidir ki, bular müňbaşylardyr.
Müner ýerleri bardyr.

Kime gelseler,
Kendi (öz) makamyna eltmek ýaragynda
(aladasynda, hyýalynda) olarlar.

Toprak ile, suw ile gelen on üç kişidir,
bular dagy müňbaşylardyr.

Müner ýerleri bardyr.
Kime gelseler, uçma dartarlar.

Jan ile gelen dagy dört kişidir.
Bular jan ile geldi, jan ile gider.

Bularyň dagy müner ýerleri bardyr.
Bular ile bile olanlar didara mustagrak olanlardyr.

Toprak ile, suw ile gelen uçmada olasylardyr.
Ot ile, ýel ile gelen tamugda galasylardyr.

Jan ile bile gelen Hezretde mustagrakdyr.
Indi bilgil ki, haýsy bölekdensiň,
Haýsysynyň  sözüni tutarsyň, onuň bölegindensiň.

Muny Alla gowy biler.

## RUH BILEN AKYLYŇ HEKAÝASY WE OLAR BILEN BAGLY AHWALLAR

Gel indi diňle sözi, şerh edeýin,
Birin-birin ony saňa diýeýin.

Çü şahsyň hikmeti gadymdan idi,
Bu birkaç söze şerh Adamdan idi.

Bu muhtasar jahan iki jahança,
Tükeli bakar iseň, ýüz müň ança.

Azym jahan durar köňül jahany,
Seni yzlar iseň, bolasyň ony.

Habar berer isem nebsiň elinden,
Umydyň bar ise, gidesiň ondan,

Iki soltan durar saňa howala,
Dilär her birisi kim mülki ala.

Biri Rahmandyr, jan hezretinden,
Biri şeýtandyr, garaz betinden.

Gör indi kim seni, kimi taparsyň,
Kime gapy açyk, kime ýaparsyň.

On üç müň är durar Rahmany leşger,
Zebunsyz kimselerdir keý erenler.

Dokuz müňdür bu nebsiň haşaraty,
Mydam eýerlidir bularyň aty.

Nyşanlary bu, kim ýüzleri gara,
Bu nefrin-u şikaýat kanda bara.

Sagyngyl kim bulardan olmaýasyň,
Ki nebis diwanna ýazylmasyň.

Kow nebsiň dilegin, jan beslär iseň,
Ýeriň nur, jan sözüni islär iseň.

Tekepbir nebsidir, soltany bilmez,
Çerisinde eýi dirlik dirilmez.

Keý ary jan gerek şa hezretinde,
Yrylmadyk dura soltan gatynda.

Gadymdan nebsdir soltana asy,
Bir urgandyr heman onuň bahasy.

Bu nebs oglanlary dokuz kişidir,
Nisrag-u şirik anlaryň işidir.

Uly ogly Tama eýi iş etmez,
Jahan mülki onuň olsa-da ýetmez.

Müň är donly durarlar gapysynda,
Ýesir etmiş jahany tapysynda.

Söýer dünýäýi, çün oldur imany,
Suwsuzdyr, dünýäýe ganmaz rewany.

Neýi[1] söýer iseň, imanyň oldur,
Nije söýmeýesiň, soltanyň oldur?!

Söýgüdir bil seni senden ýeleden,
Ne söýer iseň, ol ýaňaýa iýden.

Ki söýdügiňden öte menziliň ýok,
Asyl many budur, söz keleji çoh.

Bu ýolda dawa sygmaz many gerek,
Neýi kim söýer iseň, ony kärek[2].

Buçuk gün durmaýan aklyň gatynda,
Nälaýyk ola şahyň hezretinde.

Görem bir şahs geler meňzi sararmyş,
Tutulmyş dili, akly ýawy barmyş[3].

---

[1] Neýi — nämäni.
[2] Käýek — kär edip.
[3] Ýawy barmyş — gaýyp bolmuş.

Gelip aklyň öňünde tapy kyldy,
Haka şükür eýledi, çün ony boldy.

«Eger sen akl iseň, gel, meni gör» diýr,
«Timar eýle, meniň derdimi yr»[1] diýr.

Aýytmadyň: «Göreýin bir gün ony,
Ne sorduň kimseýe: «Ol kimse hany?»

Tama kerweni ile ýoldan azdym,
Saňa geldim, çün öwüt sende syzdym.

Muňalyp saňa geldim, halymy bil,
Medediň bar ise, gözüm ýaşyn syl.

Tama kapasyna düşdüm, çykmazam,
Gaty berkdir ol diwary, çykmazam.

Kän erenler durar, zyndany beklär
Bahadurlar, demir ýürekli ärler.

Müň är donly durar tama çerisi,
Mubaryzdyr bahadur her birisi.

Ele gireni zyndana urarlar,
Aýagyna-da demir buýurarlar.

Sowal etdim bulara: «Ne kişi siz?
Ulyňyz kim durar, kime gardaş siz?»

[1] Derdi yrmak — derde çäre etmek.

Diýdiler «Hemmesi nebs gullarydyr,
Hemmesiniň Tama ulularydyr.

Tamadaryň ýeri tamugda olar,
Haçan tamugda olan, asuda olar.

Ýolum aldy meniň, aldady, tutdy,
Bu gün ýarym ile ömrüm tüketdi».

Akyl onuň sözün çün kim eşitdi,
Tepekkür eýleýip, kendiýe gitdi.

Çü ýene geldi akyl, öwütlär ony:
«Bize gelenleriň gutuldy jany.

Bize geldiň ise, endişe iýme,
Ne kylam diýbany gussa iýme.

Kanagat pakyr-le uş gele şimdi,
Bakadyr duşmana, gör, näde şimdi».

Çagyrdy buşlukçy, geldi Kanagat,
Haryr donlar geýer, müner Byrag at.

Alamlary ýaşyl bolundy, çykdy,
Kimsine eselmez, ýawlak ynykdy.

Çawuşlar ýygnanşar sagda-ýu solda,
Gykuw-zenzeledir, degimsiz ýolda.

Ony gördi, gaçar nebs haşaraty,
Gör indi, mädedir Halyk sypaty?

Synykdy jümlesi, gaýry gaýykmaz,
Döker oglun-gyzyn, ardyna bakmaz.

Muňaldy jümlesi, durmady, gaçar,
Gylyç lazym degil, iş oldy naçar.

Gylyçlar ganlydyr, ärleri gazy
Uçar guşlar kibi atlary tazy.

Tamadan gutararlar il-u şähri,
Soýdular leşkerin, jebr-u gahry.

Ederler haý-u waý, nälet-u efgan,
Mahaldyr kimse ondan gutara jan.

Soýup çerisin, iline akarlar,
Kowup oglun, gyzyn, şähri ýakarlar.

Gazadan geldi şa, tagta oturdy,
Sypahylar hemme huzura durdy.

Hemme şäher, hemme il ahat oldy,
Nireýe barsaň ki pür-nygmat oldy.

Görünmez oldy ol gytlyk-u apat,
Matybazlar olarlar jümlesi mat.

Haryplar jümlesi tagata meşgul,
Olupdyr jümlesi soltanyna gul.

Oturar jümlesi han mejlisinde,
Perehler-u kadahlar ellerinde.

Parahat oldy, bular hoş geçerler,
Sürer saky şerap, tün-gün içerler.

Pereh oldy bular, gaýgylary ýok,
Eginleri bütin, garynlary dok.

Nädem diýmek yrak oldy bulardan,
Ki ömr-u ryska ol durar paýandan.

Çü myhmandyr kendisi oldy soltan,
Ha düşär turmadan han üstüne han[1].

Nije seniň kibiler iýdi, doýdy,
Bekir durar dagy hiç egsilmedi.

Ýamyr, durmaz weli, zerre gädilmez,
Nireden geldigini kimse bilmez.

Erenlerdir bu dirlige erenler,
Ýüzün magşugynyň mutlak görenler.

Hakykat bular, ölmezler, galarlar,
Ki her dem ýaňydan kysmat alarlar.

Ýunus, jümle sözüň seniň peride,
Çü söz seniň durar ol, sen eşide.

Nije sözüň bar ise, saňa söýle,
Has-u am köňlüni şeýhulla eýle.

---

[1] Saçak üstüne saçak ýazylar - hödür-kerem kän bolar diýen manyda.

Ki zyra jümle iş ulularyňdyr,
Temenna eýlegil, ýol bularyňdyr.

## KANAGAT DESSANY

Eger diňlär iseň habar bereýin,
Akyl jasusy nedir görkezeýin.

Kanagat geldi, oturdy, tagt aldy,
Haramylar heman ýollarda galdy.

Durarlar dag başynda, ýol urarlar,
Goýmazlar ýolçuýy, ýolda durarlar.

Akyl diýr Jasusa: — Ýort imdi gaýra,
Kanagata hatar menden degire[1].

Diý otursyn, ki täj-u tagt onuňdyr,
Ylahy döwlet ile bagt onuňdyr.

Nije dura haramy dag başynda?
Girer bir gün ele ýol söweşinde.

Kibir diýrler oňa, bilerler ony,
Oňa uýan imansyz bere jany.

Özünden gaýry kimseýi begenmez,
Uja ýerde durar, aşaga inmez.

---

[1] Bu ýerde «degirmek» sözi ýetirmek, gowşurmak diýen manyda gelýär.

Nije tagta münenler ýere düşdi,
Nije meniň diýene siňek üýşdi.

Saňa[1] ugratma kibriň endişesin,
Uýasyň kibre, yraga düşesiň.

Yrak düşenleriň imany ýokdur,
Ki zyra suratynda jany ýokdur.

Gerek janly kişi janyn sakyna,
Ki tagsyr etmeýe kendi hakyna.

Tekepbir eýleme, kim söýer ekesiň,
Söýer kişiler ýoluna birigesiň.

Gapa göz et, ol gowy diýp gözetme,
Ki döwlet gapydadyr, kowma, gitme.

Dileseň döwleti gapyda durgul,
Umarsaň[2] halaty tapyda durgyl.

Begenme gel seni, aýra düşesiň,
Galyp dermanda, ajaýyp ile galasyň.

Tekepbir sözi her nireýe bara,
Eşiden nälet okar ol habara.

Sagyngyl, olmagyl kibr ile ýoldaş,
Kibr kanda ise, onuň-le söweş.

---

[1] Saňa — özüňe.
[2] Umarsaň — isleseň.

Goýgul kibri, wepa saňa ne kyla,
Waý, ol gün kim surat nagşy ýykyla.

Surat ýykylmadan kibri ýykawer,
Bu duşwarlyk makamyndan çykawer.

Deňe, kibr ysgyny, hiç rahaty ýok,
Niräýe barar ise, zähmeti ýok.

Haka giden ýoly köňli içinde,
Göremiz ol ony ýatdyr ilinde.

Oňat gör, Hak ýoly köňülde syrdyr,
Bu jümle haslar köňülde birdir.

Şular kim ol köňülden daşda gala,
Nesibin aldyrar, aýry ne ala.

Köňül äri biler, köňül habaryn,
Hemme köňülleriň içinde baryn.

Daryga jümle ömrüň haýpa bardy,
Tekepbirlik seni ýoldan aýyrdy.

Tekepbir nedir, oňa uýasyň sen?
Umydyň ýokmy, Haky duýasyň sen?

Hemişe bakyban seni görersiň,
Görüp kend-özüňi magrur olarsyň.

Nije durmak bu ham endişelerde?
Ölersiň tobasyz bu pişelerde.

Tekepbir kişiniň ki peýdasy ýok,
Kowmasa kibri, puşeýman olar çoh.

Hünär gözle[1] hünär äre iresiň,
Är ile barasyň, dosty göresiň.

Tekepbir kişiler äre aramaz,
Özüniň duşmany durar, göräýmez.

Çü sensiň duşanyň, dostuň kim ola?
Ki ýowuz hüý durar saňa howala.

Nirede sygynasyň sen bu hüýle?
Köňülde diriligiňden ne ýuwula?

Nije bu dirilige ýoldaş olasyň?
Nije gelip, ileri baş olasyň?

Bu hal ile kylynç ýok hiç arada,
Ajap saňa kylynjyň kim ýarada?

Gerek, sen bilesiň, duşman kim ise,
Seniň döwletiňe paşman kim ise.

Oýanyklyk[2] degil ýolda gapyllyk,
Uzatma, goý sagynjy munça ýyllyk!

Dirige kibr işin ýawlak göz etdiň,
Köňüllerden seni sen daşra[3] atdyň.

---

[1] «Hünär gözi bile» diýen manyda.
[2] Oýanyklyk — oýalyk.
[3] Daşra — daşara; daşary, daşaryk.

Girä[1] gyt etmediň köňül bazaryn
Jan ile diňlemediň dost habaryn.

Nije bir, nije bir dünýä işinde,
Ki bir dem olmadyň dünýä işinde.

Goýa dünýäýi, kowma sen ýetmersiň,
Ajal baglady ýoly, sen ötmersiň.

Bu bäş günlük ömür, bu barça ýetmez,
Sagyrly gulagyň neçün eşitmez?

Kibir geldi, seni bulady gitdi,
Ajal atyn segreder, girdi ýetdi.

Dirikä sen seni hiç bilimediň,
Nije kylsyn, ki gulluk kylymadyň.

Eger sen gul iseň, bes hany begiň?
Nije bir, nije bir seniň dilegiň?

Ne ussuň bar, ne hut belli dälisiň,
Ne munda diri, ne sinde ölüsiň.

Bu hal ile galarsyň, biçäresiň,
Içiň şirk ile dolmuş şur-u şersiň.

Gümanyň ýogum ise, ynanaýdym,
Bu gaflat ukusyndan oýanaýdym.

[1] Girä — girmäge.

Nije kibr-u howa uşada seni,
Ölüm ewreni bir gün ýuda seni.

Howa-ýu kibr ile ne başarasyň?
Ajal eli uzyn, kanda barasyň?

Tagazasy zamanyň bir gün ere,
Ajal harmanlaryny ýele bere.

Ýetişmediň saňa wada gözüň aç,
Howa-ýu kibr ýolundan bäri gaç.

Bäş gün ömür üçin gaýry gaýykma,
Bu pany dünýäniň nagşyna bakma.

Seniň kibi müňi aldady dünýä,
Ynanmaz gör-ä kim tutdy binaýa.

Gaty çäbik oýnagyl, utulmaýasyň,
Howaýa, kibre sen tutulmaýasyň.

Gaty tutduň, goý, kibri ilden öňden,
Eşitmediň towazyg ne diýdigin.

Tekepbirler ýeri siçjin içinde,
Onuň çün olmadylar din içinde.

Ki din tutanlaryň siçjin näsidir?
Ýa kibr-u olajak din näsidir?

Ynanmasaň maňa, halyň göresiň,
Çü ömri kibr ile ýele beresiň.

Ýöre indi medet iste akyldan,
Ýesir olmuş kişisiň niçe ýyldan.

Akyl adl, yssy bir uly kişidir,
Medet etmek saňa onuň işidir.

Bu ýükden seni ol gutar, eýse bil,
Sagadat ýoldaşyň oldy aý-u ýyl.

Geler akyl öňüne şermende olmuş,
Ki gaýgy ýaşy ile gözi dolmuş.

Salam bermeklige ögün[1] durlamaz,
Oda-köze düşüp, ýoluny görmez.

Telim geçdi zaman, derdi ýerinde,
Geçirdi ömri nebis bazarynda.

Eşit imdi nedir, gör, akyl oňa,
Ki alçaklyk eder derdiňe dawa.

Sözi tüketmedi, alçaklyk erdi,
Kibir gördi ony, tiz gaýry dökdi.

Gylyç tartyp geler ýer alçagyndan
Kibir gördi ony, gaçdy dagyndan.

Dag-u ýazy hemme gul-gula doldy,
Kime jennet, kime arasat oldy.

[1] Ögün durlamazlyk — akyl durlamazlyk.

Çün alçaklyk erişdi kibr ärine,
Bakadyr bir kişiýe, müň görüne.

Tekepbir asydyr, işe sataşdy,
Tutup dag başyny, gyşa sataşdy.

Gör alçaklygy, akdy, yrmak oldy,
Aka-aka deňize barmak oldy.

Nädeňli kuwwaty bolsa-da pynar,
Aramaz deňize, ol ýere siňer.

Akyp suw, alçag-a suwa gatylar,
Suw suwa yrdy, deňize ýetiler.

Deňize deňin yrmak idi adyň,
Goý ondan ötesin, deňize daldyň.

Deňiz olanlara göwher olmazmy?
Sadaplar dür doludyr, zer olmazmy?

Ki her bir möwüçde bir kän bolasyň,
Dür-u ýakut ile merjen bolasyň.

Budur sermaýa ol bahra dalana,
Ary dirlik gerek göwher bolana.

Üç ýüz müň çäbigi alçaklyk utdy,
Mejalsyz berr-u bahry jümle tutdy.

Ger alçak barasyň, meýdan seniňdir,
Jewahyr sende biter, kän seniňdir.

Aşaklykdyr[1] ýer-u gögi göteren,
Ýedi gat ýerden aşaga duran.

Aşaklyk üzre durar ýer ile gök,
Öwersiň jümleden alçaklygy öw.

Aşak baran kişi döwlet elitdi,
Oňa kim ýetişer, uzady gitdi.

Aşaklyk älemiň binýady oldy,
Ki her ne bar ise, oňa düzüldi.

Kibir aldy äri, görünmez oldy,
Dagy ýüksek ýere münmesiz oldy.

Çü magmur oldy şähru welaýat,
Şat oldy dostumyz, duşmanymyz mat.

Akyl depe, jasus habar elitdi,
Gör, alçaklygy gaýry näler etdi.

Ne yssy eýledi gör ahy kibri,
Diri galmady müň arada biri.

Eşitdi akyl ony, kän söýündi,
Beşaret eýledi, tiz tagta mündi.

Şükür kyldy Haka ol döwlet yssy,
Erirdi döwlete akly-bilisi.

[1] Aşaklykdyr — pespällik, kiçigöwünlilik.

Ege döwlet gerekse, akla danyş,
Mürebbisiz iler barmaýa iş.

Bilgiňi, gel, unut sen usly iseň,
Sagadat görkezene hüýli iseň.

Ýunus, alçaklygy ýawlak begendiň,
Kyýas et, sen seni ne gadar indiň.

Paryzadyr saňa sen seni sagyn,
Kim ola senjileýin[1] saňa ýakyn.

Has-u-am harjyýa ýüz ýere byrak,
Munuň gaýry haýyr, bu sözden yrak.

Hatadyr jümlesini harjy sanma
Sebil ol hemmäýe, bir usanma.

## BUŞU (GAZAP) DESSANY

Gel imdi aýdaýyn buşu habaryn,
Birin-birin saňa köňülde baryn.

Meniň golaýyma kim gatlanyşar?
Ki haşmymdan deňiz oda ýanyşar.

Niräýe kim baram başlar kesiler,
Kime buşar isem, olok dem[2] öler.

---

[1] Senjileýin — seniň deýin.
[2] Olok dem — ol demde.

Kim ola mençileýin jana gyýar,
Meger kim men olam, merdana gyýar.

Ýaradylmyş maňa garşy duraýmaz,
Meniň-le nepes hemdem olaýmaz.

Hünärime meniň kim birigişer?
Ýa hut ajal öýüne kim girişer?

Pelek meniň işim başarymaýa,
Melek meniň ýolumy barymaýa.

Gözüme ýüz müň är zerre görünmez,
Hezar arslan maňa berre görünmez.

Buşu diýrler maňa keý bahaduram,
Düzenlik bozmaga her dem gadyram.

Niräýe kim baram, ot bitmez onda,
Çü nagt oldy kime dert ýitmez onda.

Eşidenler meniň gaçar sözümden,
Ki men-de gorkaram uş kend-özümden.

Sakyn, maňa uýup sen gapyl olma,
Meniň sözüm tutup, imansyz ölme.

Dek aýryga degil meniň kylynjym,
Meni dagy tutar meniň kylynjym.

Buşu kimde ise, imany gider,
Iman gerek ise, baryňy gidir.

Buşu gelenden soň, iman ne olar,
Oda düşer ýanar ýa jan ne olar.

Buşu işi heman küpr-u zeleldir,
«Naguzu billah» ol aýryksy haldyr.

Sagyngyl buşudan ki gizlindir ol,
Nirede syzmasaň, onda urar ýol.

Göresiň bir kişi sagyn suratda,
Ne biler kimse ony ne sypatda.

Boýnunda taýlasan[1], elinde hasa,
Çöpi depelemeýe, ýer şeýle basa.

Göresiň, aňsyzyn ol çyka geler,
Üzüp tesbih, ymama ýyka geler.

Uşatdy hasany, gopdy ol darka,
Ýüzi galmady hiç kimseýe baka.

Sowal etdim: «Sopy, bu nije haldyr?
Seniň kibi kişiden bumy haldyr?»

Uzur görkezdi kim: «Men bir kişiýem,
Pylan diýrler maňa, pylan işiýem».

Bilerem ony, eýi ady ýokdur,
Ki şerde hiç irşady ýokdur.

[1] Taýlasan — mantiýa.

Meniň kibi kişiýe yzzat etmez,
Jogap berer maňa, öwüt eşitmez,

Hasa-le urdum, ol ýakamy tutdy,
Maňa garşy durar, Haky unutdy.

Nädeýin buşu tutup almyş ony,
Ki mäkäm eýlemiş buşu diwany.

Özüni yrlamaz, aýrygy synar,
Ki dogry kim bar ise, ony gynar.

Sagyn häzir durar daýym buşudan,
Ki dost esrik idim, buşu unudan.

Kişi kim magşukaýa esrimiýe,
Delalat almyş ony, ne diýmeýe.

Ary dirlik gerek dost aýylynda,
Bugz buşu nä olar magşuk ýolunda.

Haçan dost gele diýe häzir olgul,
Saraýyňy düzetgil, häzir olgul.

Olup hudbin oturma düşeginde,
Mydama gaýym olgul işiginde.

Gapyl olma, öýüňe ogry gele,
Gaty uklar iseň, diwary dile.

Öý yssy, ukuda ogry guwanar,
Tutar tagjyl işin, oýana sanar.

Nije geldi ise, oýatmady ol,
Biler belli ki golaýyndadyr ýol.

Ki her kim gelse-de bildigin işlär,
Kimi ýazlar-u kimi onda gyşlar.

Öý yssyz olajak ogry gelinçä,
Girer-çykar, bakynmaz golaýynça.

Öýüňi, kanda idiň, ogry aldy,
Iýer-içer oturar, öý onuň oldy.

Olarsyň daşda sen, ol içeri hoş,
Ýakyndyr iş ujy, uş göresiň uş.

Bu ne haldyr saňa zulmat içinde?
Nije ukudasyň, gaflat içinde?

Geçirdiň ömrüňi sen buşy ile,
Heman zulmatdasyň uşbu hüý ile.

Eger senden buşu gitmeýe gala,
Ezraýyl ol damardan janyň ala.

Nädiberer saňa eliň ýuwdugyň,
Seni unutdyrarmy okadygyň.

Sanarmysyň öwüdimi dag üçin,
Nesihatdyr saňa jümle Hak üçin.

Daşyň seçjada-ýu tesbih-u destar,
Içiň murdar-u jan, biliňde zünnar.

Bu weçh ile nijesi oluşar hal,
Ki hiç eýi amal ýok, doludyr kal.

Geçirmez sini daşraga tagatyň,
Ary olmaz ise gizlin sypatyň.

Çü batyn öýlerini ogry aldy,
Zahyr dagy amal daşarda galdy.

Hemmesinden saňa ol ola ýegräk,
Ki dosta tagatyň gizlini ýegräk.

Nijesi olaýsa bu iş miýesser,
Çü soltan sözi syndy, oldy ebter.

Ki soltanyň öňünde öt ölümdir,
Eger zerre içe, suçdur, telimdir.

Geliň bir-iki tanyşlyk edeliň,
Ki hylwat kandadyr, oňa gideliň.

Eýa, usly kişi, sen bir habar ber,
Nirede bar bize bir gizlençek ýer?

Ki gezdim ýer-u gögi bolymadym,
Ne bar zerre ise, dolunamadym.

Neçün bigänesiň sen iki başdan,
Gerekse sagyşyn[1] et iki başdan.

---

[1] Sagyş — san, hasap, mukdar; sorag güni, sagyş güni, magşar güni, hasap güni, kyýamat.

Ne beýle jünbüş[1] ile ola dirlik,
Ne beýle dirlik ile ola birlik.

Ömür geçdi, hyjaby men ýyrtmadym,
Çü gulluga edeple men ýortmadym.

Söz aýryksy[2] gerek soltan gatynda,
Kim oňa laýyk oldur hyzmatynda.

Haçan şol bir sypahy mazul olar,
Ki soltan gullugynda ol gul olar.

Nesihat ne diýeýin gaýry mundan,
Guluň diýumeýe, sermaýa ýeter,

Eger gul olasyň, sermaýa ýeter,
Zihi rifat ýedi gat gökden öter.

Tamam olsa işiň, ýer, gök seniňdir,
Ne kim dilär iseň, dilek seniňdir.

Ki älem jismine sen jan olasyň,
Ýer-u gök olmaýa sensiz, dolasyň.

Ger eýle olmadyň, bes hany ol iş?
Güman-u wehm ile geçdi ýaz-u gyş.

Nije döwran onda ryhly urduň,
Okyýyp aşr-u aýat, ýolda durduň.

---

[1] Jünbüş — hereket, gymyldy.
[2] Aýryksy — aýratyn, başgaça, üýtgeşik.

Nije ylm-u amal sen bu tanuda,
Nije ýyldan bäri sen bu gapyda?

Sözüm kend-özümedir, nükte degil,
Biliň jan birlik ikilikde degil.

Haýyp ol kişiýe, gala bu ýoldan,
Edinsin çäre, gutulsyn bu haldan.

Gapyllykdyr bizi bu ýolda goýan,
Näde gapyl olar magşugy duýan.

Süpürmediň saraýy, gele bize,
Ne ferraş istäris, kim gele düze?

Neçün geçmez ajap ýol bu aradan,
Buşu aldy ýoly, bil, her ýaňadan.

Buşu haýly zamandyr ýoly almyş,
Kimse yzlamaýyp gizlene galmyş.

Akyl jasuslara söýlär diwanda:
«Ýoruň, biliň, düzenlik sapy kanda!»

Diýdi jasus düzenlik halyn oňa,
Buşudan dagylypdyr degme ýaňa.

Çü jasus bu sözi akla irerdi,
Nije kim bar idi habar degirdi[1].

[1] Habar degirdi — habar berdi.

Çü hiç söz galmady, ulaşdy akla,
Buşumy tutmaga iş düşdi akla.

Akyl pikir eýleýip, söýledi habar,
Buýurdy çawuşa, jem oldy leşger.

Diwanda söýlener ne munçadyr gün,
Şikaýat buşudandyr sözde her gün.

Sabyr hany, buşu gelinçä olmuş,
Düzen ile sapa andak bozulmyş:

«Aýydyň Sabra kim tiz tutsun ony,
Harap etdi il-u şähri, diýary!»

Çyka geldi Sabyr oňa oluk dem[1],
Sanasyň uşuýy Ybrahym Edhem.

Görülmez oldy ol, yzy bilinmez,
Nije yzy ki hiç tozy bilinmez.

Bu gez gördüm düzenlik-u sapa hoş,
Oturyp aýş ederler, noş ola noş.

Şunuň kim dünýäde Sabyr ola ýary,
Sapa-ýu zowk olar her lahza käri.

Pida janym saňa, Sabyr eýesi,
Ki Sabyr oldy meň janym gidesi.

---

[1] Oluk dem — ol demde.

Haçan kim olasyň bu Sabyrla sen,
Ajapdyr olasyň soňra puşeýman.

Kime Sabyr olsa munda miýesser,
Oňa Hak beresidir mülki diger.

* * *

Sabyr ahwalyny diňle diýeýin,
Sabyr ol, ber hemme bu dünýä malyn,

Onuň çün Sabyr ataýy döwlet,
Ki Sabr eýlär hemme müflütleri mat

Sabyr kanda ise, eýgilik işi,
Mydam azat eder ýad-u bilişi.

Sabyrly döwleti daýym oluşar,
Nesibi Sabr[1] olanlar uluwlaşar.

Eşitdiň Ýusuby ol çah içinde,
Durardy Sabyr-le ol mah içinde.

Bilinmezdi ne deňlidir uzyny,
Çagyr daşa çykmaz Ýusubyny.

Ýokary bakar ol, çah agzy yrak,
Aşagy-da makamy daş-u toprak.

[1] Bu ýerdäki «sabr» we «sabyr» sözleri bogun ölçeginiň kada-kanuny üçin dälde, diňe many üçindir. «Sabr - sabyrlylyk», «Sabyr - sabyrly adam» diýmek.

Niçe çagyr ise, üýn daşa çykmaz,
Goýdy çagyrmagy, aýry çagyrmaz.

«Ilahy, men guluň, suçy bar ola,
Ki bu iş men guluň ile ýar ola.

Çü toprak mendese, kanda baram men?
Sabyr kylmaz isem, ne başaram men?!»

Diýr, eýle gözleri ýokary bakar,
Ýeňilmez göz ýaşy syl kibi akar.

O sagatda gire ögüni tirdi,
Düşürdi kendiýi-ýu Sabry gördi.

Irerdi döwlete ol Sabry-aly,
Ki Sabr ile hoş oldy jümle haly.

Ýapyşdy gowaga, tartdylar ony,
Diýdi: «Irişdi uş döwlet nyşany».

Çekdiler gowaýy, çykdy daşara,
Zihi döwletli kim Sabry başara.

Gör-ä, sabr ile Ýusup neýe irdi,
Ki sabryň ajysy halwaýa irdi.

Sabyr yssy biler ol nä iýdigin,
Sagadatly tutar sabryň diýdigim.

Sabyr kimde ise, ol arşa süner,
Ki sabr içre biliner dürli hünär.

Çü her hala saňa sabyr gerek hoş,
Sabyr eder bu jümle awyny noş.

Sabyr gerek saňa her hal içinde,
Sabyrsyzlar galarlar kal içinde.

Ki her kimde olsa sabyr haly,
Oluşar haýyr ile onuň mealy.

Byrak jümle işi, kyl sabr-u tedbir,
Eren köňlünde olar sabr ile ýer.

Nebidir, ger weli ýol sabra ugrar,
Eger sen-de bararsyň, sabr ile bar.

Gözet sabry ki tä sen kän bolasyň,
Sabyr beklär iseň, merjen bolasyň.

Sabyrsyz kişileriň dirligi ham,
Ki sabr ile eýi olar serenjam.

Öwüt gerek ise, sabr ile iş et,
Uzaýyn diýr iseň, sabyr ile bit.

Ne sarp iş olsa, sabr ony bitirer,
Hemme ýerden sagadatlar getirer.

Amanat el amanat kowma sabry,
Bolasyň sabr ile Magraj-u Tury.

Sabyrla bardy ol Magraja baran,
Diri eken öler sabry başaran.

Ýunus, sen sadyk iseň, gir gabra,
Gaty sabyr gerek sabr ile dura.

Sabyrda duranyň buşusy galmaz,
Çü sabyr oldy, ýowuz hüýsi galmaz.

Sagadat isteseň, sabry gözin gör,
Ki «Wallahu muinus sabirin»[1] gör.

Eşitdiň sabr halyn tä nihaýet,
Tutanyň janyna olsun beşaret.

Usan olma, nijeme ýol emindir,
Haramy çoh bu ýolda, pür kemindir.

## GYSGANÇLYK WE HUSYTLYK DESSANY

Eger diňlär iseň, diýem nesihat,
Husyt, göripden sakyn begaýet.

Gadymdan bu ikidir miri-leşger,
Ýörüýip her biri bildigin işlär.

Husyt bir kişidir o renjür
Wujudy sag eken renj ile makhur.

Mazarratdan nijeme kim o gaçar?
Ewet, tohmuny bitmez ýere saçar.

---

[1] Alla sabyr edijileriň ýardamçysydyr.

Ne iş kim işleýe kendiýe zyýan,
Kim ola kend-özüne eýle gyýan.

Şeker iýr ise, dady-daly ýokdur,
Ki datly dirlik ile haly ýokdur.

Husyt eli onuň çün irmez işe,
Kime kim guýy gazsa, kendi düşe.

Diýem saňa bahylyň neýidigin[1],
Sakynar kendiden kendi iýdigin.

Gazanjyn kendiniň kendiýe bermez,
Eli bagly durar, haýyr işe irmez.

Bu ne haldyr saňa, eý, peýdasyz jan?
Ki ýokdur gaýratyň, eý, kadasyz jan!

Gör-ä ne haldadyr janyň-u jismiň,
Ne kimsesiň sen-u ýa nedir ismiň?

Bu ne kütek nazar ýa ne parasat?
Ki bir dem olmadyň kendiňle hylwat.

Mahaldyr akyl olmaklyk bahyldan,
Ne kimse alkyş eder oňa dilden.

Goý, söýle dünýeýi, kim gala senden?
Dilär sen, dilemez sen, ala senden.

---

[1] Neýidigin — nähilidigin.

Süleýmandan ileri olmaýasyň,
Hakykatdyr, jahanda galmaýasyň.

Bahyl olmak seni Hakdan aýyrdy,
Hany gaýrat, hamiýet kanda bardy?

Husytdan ki kişi ne peýda görer?
Neýe kim laýyk iseň, Taňry berer.

Näme nämä gerek, ol bile gerek,
O Kadyrdyr berer kim nä gerek.

Nesibiňe seniň sen nazar eýle,
Oňa görä ýarag kyl, hezer eýle.

Zekatsyz haýwan-u sadakasyz mal,
Ne barhudar ola munuň kibi hal.

Ynanmaz sen maňa, sen kendiň yzla,
Meniň diýdigimi kendiňde gözle.

Ne hajat men diýmek, çoh çykdy pyglyň,
Nyşany ol durar, baglanmyş eliň.

Sujy ýok kişiniň baglanmaz eli,
Dolaşar kendiýe hem kendi pygly.

Çü sujuň bilmez iseň, bildireýin,
Tutup ogryýy eliňe bereýin.

Çün ogry ýoldaşy başyny berer,
Husytlyk, bil, seni ýawlak düşürer[1].

Şu kim ýoldaşyna hyýanat eýlär,
Kime ýoldaş olsa, ol lagnat eýlär.

Saňa ýoldaş olany sen bilersiň,
Seni gutararsyň, dogry gelersiň.

Dogrulyk eýleýäne bahyl irmez,
Husyt hut kibrdir, hiç ony görmez.

Husydyň kandasa, belli bazary,
Onuň gitmez olar hiç köňli täri.

Onuň çün dirligi nedem içinde
Olar müň gez heläk bir dem içinde.

Ýyl-on iki aý onuň şatlygy ýok,
Iýse, ger iýmese, gaýgy ile dok.

Ne söz söýlär ise, howsalasy dar,
Ne diňse darlygyndan müň dagy bar.

Husyt ody onuň çün ýakdy ony,
Ýörürkän sag-esen döküldi gany.

Husytlykdan husyda ki peýda ne?
Köňülden daşa düşdi, ne ede ne?

[1] Ýawlak düşürer — pese düşürer.

Husyt ile bahyl sagyşda degil,
Red oldular bular, hiç işde degil.

Bularyň birlige ykrary ýokdur,
Bulara her ne olsa, ary ýokdur.

Bularyň şadan gorkusy ýokdur,
Kimesne begenesi hüsi ýokdur.

Nirede olsa, halk ürker sözünden,
Kimesne yssy eýlemez özünden.

Bahylyň gözlerinde ybrat olmaz,
Kimesneýe bulardan hümmet olmaz.

Ganydyr patyşa[1], ol ony görmez,
Çeker bahyl elini, nesneýe irmez.

Iner nygmatlary şahyň baýaky,
Hiç egsilmez durar däne daraky.

Nije ýyldan bäri ol nygmaty iýr,
Haka bir diýrse, dagy şirk ile diýr.

Geler her gün, ýaňy nuzl-u ýaňy han,
Ýaňy gelenlere berer ýaňy don.

Ýaňy subh-u ýaňy agşam, ýaňy hal,
Ýaňy döwran, ýaňy dem, ýaňy wysal.

[1] Ganydyr patyşa — Alla baýdyr.

Kadah ýaňy, ýaňy meý, ýaňy meşrep,
Ýaňy iş-u ýaňy eşret, ýaňy mutryp.

Nedir bir kişi, bil, ki jümle älem,
Nesibini alar, ne biş-u ne hem.

Bahyl kanda ise, Karunla gopar,
Ki ol-da ançylaýyn maly tapar.

Diýeliň, diňle Karunyň zowalyn,
Berip imanyny, bermedi malyn.

Çü Karuna mal üçin buýruk indi,
Zekaty bermedi-ýu dini döndi.

Eder perýat «Ýere goý, baraýyn,
Ki boýnumdan webaly indereýin!»

Goýajak ýer malyň oş ýerin seçdi,
Gyýmaz ol bermäge, janyna[1] geçdi.

Aýtdy: «Munça maly berimeýem,
Ýyg ol, kim ýer ýüzünde ýörimeýem.

Goý, bu mal egsilinçä men öleýin,
Gözüm görer eken nije bereýin?»

Zekatyny bermedi, döwleti döndi,
Habar bu olajak, ýer giňe sundy.

---

[1] Janyna — janyndan.

Tutup egiltdäni biline deňin,
Bere kendi, ewet, onuň dilegin.

Görer, ewren degil, Karun suraty,
Doýamaz ol azaba, işi gaty.

Gire perýat eder: «Bu gez meni goň[1],
Bolaý ki olaý idi talygym öň»[2].

Gaty şert eýledi hüşrini bere,
Biçärelik nesibin kim gidire?

Goýajak ýer ony gaýry ýoýuldy,
Waý, ol kişiýe kim ol zarp uruldy.

Puşeýman olyjak ýer ýene tutdy,
Bogazyna deňin Karuny ýutdy.

Bogazyna deňin tutuldy, durar,
Gyýmaz ol maly, jan terkini urar.

Gatylykdan işi ýawlak uzatdy,
Gözi bakar eken mal ýere batdy.

Batar kendi dagy, maly soňynça,
Gider her gün ýere kendi boýunça.

Kyýamata deňin ýer ýuta gider,
Gör imdi ki kyýamat oňa näder!

---

[1] Goň — goýuň.
[2] Öň — öňküsi ýaly, ýagny ýagdaýym öňki ýaly bolsady.

Ki otdan zynjyr ederler malyny,
Hemme älem göre onuň halyny,

Olup zynjyr mal, boýnuna düşer,
Halaýyk am-u has hep oňa düşer.

Diýerler: «Ähli-magşar ol bu halda,
Boýny zynjyrly galmyşdyr webalda.

Zekatyn bermeýäniň haly budur,
Olar boýnuna zynjyr maly budur».

Ne çäredir ki bahyl göre ony,
Geçip boýnuna, dar ol jahany.

Gynadan peýda olmaz bahyla,
Geçer ýoksul kibi ýüz müň mal ile.

Äriň baýlygy mal ile degildir,
Nije mallyýa ýoksul diýe, güldür.

Meger kim köňlüni ýyldyrym urdy,
Ki çewre ýanyna garaňky durdy.

Hudadan möhür uruldy hümmetine,
Gelip kim dynlana onuň gatyna.

Nesihat müň olsa ki, biri siňmez,
Küpür söýlär dili, hiç agzy dynmaz.

Çü ajyz kendi dagy kend-özünden,
Ki şat olan olar gussa ýüzünden.

Özüniň özi-le ýokdur hasaby,
Meger ýok ahyretden fethi-baby[1].

Nedir «la» ýa «beli»[2], ol hiç bilmez
Ki bulara ýaraşar iş kylmaz.

Bahyl kanda ise, Karun iledir,
Güman tutmaýasyň[3] mutlak beladyr.

Kişi kim Hak ýolundan daşda dura,
Tutup boýnuna kendi zynjyr ura.

Hemme bahyl ähli işi bu ola,
Gadymdan kysmatydyr bu howala.

Kimiň kim bahyl oldy ise haly,
Elin urmaga mala ýok mejaly.

Kimiň kim kendiýsile gadry ýokdur,
Iki gözleri kördür, bary ýokdur.

Bahyl olmuşdy ylm-u hünär yssy,
Esirgedi özün ol nazar yssy.

Dilär kim buhl elinden gutula ol,
Aýan ola oňa Hakdan ýaňa ýol.

Gelip akl öňüne ýüz ýere urdy,
Eser etmiş oňa bahylyň ody.

---

[1] Fethi -baby — açjak gapysy.
[2] «La» ýa «beli» — «Ýok» ýa «bar» («hawa»).
[3] Tutmaýasyň — etmeýesiň.

Çü agaz etdi, kim sözüni diýe,
Gulak tutdy akyl ol kelejiýe.

Öküşdir magsyýet, endişe daýym,
Dilärim bahyldan men gutulaýyn,

Ömür geçdi, daryga, giç oýandym,
Maňa bu dünýä baky gala sandym.

Dilärem kim maňa perýat iresiň,
Güýç olmuş kişiýe sen dat iresiň.

Gör, imdi akyl oňa nä diýäýse,
Bize gelen hasapdan el ýuwaýsa.

Akyl bir kişidir Allaha bakar,
Uýarsyň akla uý, bahyly ýakar.

Akyl aýdar: «Gel-ä bir gözleriň aç,
Sahawat kanda ise, ol ýana gaç.

Eliň ala, sahawat gide bile,
Göresiň Hak ýolun hoş tertip ile».

Diýinçä söz, sahawat dagy irdi,
Ataýa perde olany göterdi.

Oluk dem jümle malyn ýagmalatdy,
Bu dünýä jepasyn ardyna atdy.

O murdar çün kim ondan daşa düşdi,
Bahyllar it kibi çep-çöwr üleşdi.

Şu kişi kim bu gün dünýäsi terkdir,
Ýakyn bilgil, onuň imany berkdir.

Söýmez ki dünýäýi merdan kişiler,
Baky dirlik nedir, ony dilärler.

Baky älem göründi gözlerine,
Oturdy ki yşk tozy gözlerine.

Onuň çün gözleri Haka açyldy,
Hudadan janyna rehmet saçyldy.

Näsi kim bar ise, terk etdi ýola,
Bu ýol ile baran magşugy bola.

Hemme ylm-u amal bir terke degmez,
Ki terki olmaýan bir berke degmez.

Weliýe-ýu nebiýe terk buýurdy,
Halaldyr terk oňa jan terkin urdy.

Eger yzzat söýene terk muhaldyr,
Nä syzmasa munda, onda paldyr.

Nije perde durar, dosty görenler,
Ýa neýe gaýyka köňül berenler.

Gaýykmaz nesneýe hiç köňül äri,
Kabul etmeýeler terksiz bulary.

Hanyman bekleýen görmeýe ony,
Kowmaýynça tamam pany jahany.

Eli doýup goýdy sahawat yssy,
Çün öýle buýurar ýoluň ulusy.

Ki ýüz müň ýüwrügi jomart är utdy,
Bu meýdan öndülin ol aldy gitdi.

Ki ýüz müň dawa kylan oňa irmez,
Onuň yzy-tozuny kimse görmez.

Sahy bir kişidir uçmaga bakmaz,
Ki täj-u hümläýe, hüýriýe akmaz.

Ony duýanlara ne jeniýet-u hüýr,
Ki terke girene ne hüýr, ne kasyr.

Onuň çün kim tejelli balkyr oňa,
Gaýykmaz zerreçe ol degme ýana.

Muşahede gören neýe gaýyksyn,
Ne bar onda eýiýe, neýe baksyn.

Näder iki jahany dosta giden,
Yşkdyr sermaýa, gel bazar eden.

Araz sermaýa olmaz dost gatynda,
Edepdir barlygyň şa hezretinde.

Sahawat eder iseň, yşk alasyň,
Tamam terk olajak yşkda galasyň.

Sahawat iwazyny yşk bagyşlar,
Bolunar yşk içinde ajap işler.

Aşyk olana ne sermaýe-ýu mal,
Dileg iki, köňül bir, bu ne muhal?

Güzap ýerde degil bu sen diýdigiň,
Bilersiň sen seni, sen istedigiň.

Seniňle sen tanyş, gör, kandasyň sen,
Seniň döwletiňe bahanasyň sen.

Seni senden kim eýi bile bile,
Geçirdiň ömrüňi bu dirlik ile.

Ne ise dirligiň oldur ölümiň,
Bu günki gün durar ýaryngy günüň.

Haky duýanlara bu gün, ýaryn ýok,
Işiň bu gün bitir, gözleme aýryk.

Hasaby her kimiň ýaryna galdy,
Tut eýle kim balygy daşa saldy.

Kimiň ahwaly kim ýaryna galdy,
Eli ile başyna ol guýdy ody.

Ki zyra patyşahyň munda häzir,
Ne işiň bar diýe ferdada ahyr.

Gözüň görer eken, gel Hak ýoluna,
Goýmagyl nebsiňi kendiligine.

Neçün goýduň seni duşwar sagata,
Hany aklyň, köýersiň kyýamata.

Hemme çig işiňi hep munda bişir,
Ýol uzakdyr, ýüküňi munda duwşur.

Ki munda bitmeýen iş onda bitmez,
Sagyrmy gulagyň, neçün eşitmez?

Jomartlar duýdy munda ol zowaly,
K`olara[1] wasyl oldy Hak wysaly.

Sahyýa sen, Ýunus, berdiň ise erk,
Aýyt imdi bu ýolda neýlediň terk.

Wejihiň ýok ise, köňüllere git,
Boýun bermez damarlaryňy sekit.

Köňül ärini öwdüň, goýma elden,
O gutarar seni dürli pygyldan.

Öwüt tutar iseň, goýma etegin,
Täç eýle başyňa aýagy häkin.

## AKYL DESSANY

Gel imdi aýdaýyn birkaç[2] nesihat.
Bu akly jüziden saňa eýi bagt.

Galar daşa bu şerden akly-magaş.
Bakar bu ýola akly-juzi bakyş.

---

[1] K`olara — ki olara.
[2] Birkaç — birnäçe.

Onuň çün dost ýüzünden gözüň yrmaz,
Bujuk sagat bu onsyz hiç dem urmaz.

Çü dost onuň olupdyr her nepesde,
Ki dostsuz jan durmaz kapasda.

Öwüt alar iseň sen bu habardan,
Gerek haryjylar sürüle şäherden.

Ki müň är şäher içe el bir etdi,
Haryjylar sürülip, el bir etdi.

Şäher biziň olup, duşman synykdy,
Bize tapy ede ýawlak ynykdy.

Eger çi işlener böhtan-u gybat,
Serenjam oldular bunlar melamat.

Ki gybat jan ile gadymy degil,
Ki gybat kandasa, adamy degil.

Çü gybat mertebesi küpre girer,
Nesibi ne ise, ol ony alar.

Kişiniň haýzydyr agzynda gybat,
Ki gybat söýleýän bolmaýa rehmet.

Eger bar ise aklyň, gybaty goý,
Ki gybat goýanyň haznasy doly.

Patyşa haznasynda mennag öküş,
Uýkudan oýanyp, tut sözüme guş.

Kişi ki ol gapa hajata bardy,
Ne ise maksady, ony başardy.

Çü bugz-u gybat ile gide tagat,
Gerek bu ikiden etmek peragat.

Gerek pany jahandan dartynasyň,
Muhalyf işleriňden hep ýuwunasyň.

Içeri gizlidir jümle ýowuz hüý,
Gidir görkezme kimsäýe, ony ýuw.

Gerek sen zeňi-ýu posy ýuwasyň,
Saňa laýykmydyr ony goýasyň?

Sagyn, katran gabyna guýma baly,
Ki näzik ýerdedir dostuň wysaly.

Damarlaryňa jümle saýkal urgul,
Ki her birine bir gulluk buýurgyl.

Nije haldan hala gerek düşesiň,
Geçe çoh ruzygär, ondan aşasyň.

Haçan genç bolasyň, ýer gazmaýynça,
Ýa kalp tämiz olarmy gyzmaýynça?

Eger genç gerek ise, renç iletgil,
Öwüt tutar iseň, gel, genje gitgil.

Bäri gel, genji saňa bildireýin,
Saňa bildirmeýäni bildireýin.

Bolaýyn diýr iseň kaýýum-u haýý[1] ol,
Hazynaýa bara, bewwaby tä bol.

Dür-u göwher bolasyň hazynalardan,
Bolyna jümle sende kän-u magdan.

Golaý tertip ile kim genji?
Çün öýle baraýmarsyň, goý sagynjy.

Sagynç ile şeker kim iýdi ýa bal,
Bahasyn bermeýänçä irmedi el.

Ýükün kim baglady reýgan şekerden,
Habar alaý idik olsa bulardan.

Şeker degil durar bu sözüm ujy,
Ne iýdigim biler many biliji.

Olar many sözi şekerden yrak,
Bolaýyn diýr iseň, sükkeri[2] byrak.

O sükker söýme kim Müsürde biter,
Neýe laýyk ise, är oňa ýeter.

Neýi söýer iseň, gözlärsiň ony,
Saňa görünmedi şeker jahany.

Dag-u daş oldy bize külli şeker,
Dokuz müň kişi ony her dem öwer.

[1] Kaýýum-u haýý — berk (gaýym) we diri.
[2] Sükker — şeker.

Bu älem şekerine meňzemez ol,
Sebildir jümleýe, onda şeker bol.

Göreýin diýr iseň, goý bu jahany,
Tuta öwüdim, ol kim ola jany.

Saňa goý diýdigim gybatdyr-u kin[1]
Bu iki duşmany dost sanma, misgin.

Bu duşmanlaryňyň sözüni diňle,
Oňa görä ýöre, diriligiň eýle.

Hemme dogan günüň gijäýe meňzär,
Neýe meňzedeýin ýa neýe meňzär?

Gözi ýok iýr-içer, dünýäýi görmez,
Dogar Aý-u Güneş, ol ony görmez.

Onuň çün gözleri hyjap içinde,
Galar zulmat ile ol hap içinde.

Gulagy eşiden şeklini görmez,
Ki görmek ady oňa öýi bermez.

Ony görkezmeýän kin ile gybat,
O sagynçdan saňa heýhat, heýhat.

Gözüň görmez diýr isem kakyýasyň,
O damardan meni hut dokyýasyň.

Nije göz ogrusy seniň içiňde,

[1] Kin — kine.

Iýr-içer oturar seniňle günde.

Bakar öli kibi, gözüň nury ýok,
Özüni görmeýen ne göre aýryk[1].

Saňa akyl diýme, seni unutdyň,
Ne diýse kin-u gybat, ony tutdyň.

Ne işiň bar seniň senden paryda[2],
Amal eýle, amal seniňle gide.

Nije bir görmemek, açgyl gözüňi,
Ot içinde goýduň sen kend-özüňi.

Kişi kim ola ol kendiýe duşman,
Kegez degil kim ony goýa duşman.

Gözi görmez kişi söýgüden yrak,
Hany dost kandasyň, sen gözüň aç, bak.

Görmedi gözüň, nä aňlaýa köňül?
Kabul etmezse göz, neýleýe köňül?

Hemme söýgi dadyn owwal göz alar,
Pes ondan söýgüýi köňülde galar.

Gözi görmez kişiniň söýgüsi ýok,
Gözi olan durar söýgi ile dok.

---

[1] Aýryk — aýryny, özgäni.
[2] Paryda, paryza — parz.

Goýan gymmat göz olar her nesiýäýe,
Ki gymmatsyz, kim ola baha saýa?

Gözi ýok kişi neýe gymmat ede?
Sowulmyş guýudan kim suw ala-da?

Köňül gabyl göze paýyz diý mutlak,
Ýarar peşgeş jana eýle olajak.

Gözi ýok kişiniň söýmek näsidir?
Köňül gul olsa, gözüň pitnesidir.

Surat gözi degil bu göz diýdigim,
Bilerem men neden ne istedigim.

Göz oldur kim mydam ol jany göre,
Paryzadyr gula soltany göre.

Bu boş gözi degil, ol jan gözüdir,
Kimiň jany bar ise, ony görer.

Olar kim olalar jan ýumuşynda,
Gaçan hergiz ola dünýä işinde.

Uly dirlik gerek ol emri-jana,
Ne dünýä, ahyret ony duýana.

Jany ýok kişiniň ukusy ganmaz,
Ki janly barmagyn ukyýa banmaz.

Ömür geçdi dagy oýanmagyň ýok,
Kin-u gybat suwuna ganmagyň ýok.

Üç ýüz altmyş damaryň oýkalady,
Gidip kerwen, ýüküň ýabanda galdy.

Dagy ýuwulmady ol kin damary,
Ýolunda aýbynyň harç oldy bary.

Dilärsiň gybaty, men bildireýin,
Şakawat perdesini galdyraýyn.

Diýmek gödügiňi gybat bu mutlak,
Ki perdelilere sabyt degil Hak.

Diýse, görmese, böhtany-azymdyr,
Buýuran böýle Gurhany-gadymdyr.

Paryza her kişiýe kendi sözi,
Bakar kendi ýoluna kendi gözi.

Kaçan kim göz köňülden dogry baka,
Eşitmez gulagy ki haky çaka.

Çü Hakdan gaýry sözi ýokdur aýryk,
Haky duýan kişiler hak ile dok.

Goýgul aýry sözi, sen sany gözle,
Seniň sujuň ile sen sany ýüzle.

Kimesne suç ile kimse gynanmaz,
Kişi aýry sujuny suç sanmaz.

Saňa bigäne suçukdan hata ýok,
Meýil ýok kimseýe ata-ene ýok.

Aýryga söýleýen kendin unudar,
Ki zyra suçludyr, asy hüýlüdir.

Sözi ýol ýokdur, kim söýlene boş,
Meger söz hak ola, hem hak ola guş.

Nije sözlär iseň, sen Haky söýle,
Ejazat ýok durar aýryksy meýle.

Nije sözüň bar ise, saňa söýle,
Sanasyň, haklysyň, sanyňla, gamyňla.

Ne hajatdyr ki saňa kimse habary,
Paryza jümleýe kendi bazary.

Özüni gözleýen kimsine bakmaz,
Dagy ne iş diýrseň, ol ýaňa akmaz.

Goý aýryklar sözüni sen seni güýt,
Gynama kimseýi, sen eşit öwüt.

Saňa kimse sujy bir zerre irmez,
Saňa aýry iýdigi çeşni bermez.

Sen aýry iýdigi ile sen doýmarsyň,
Onuň-le jism-u ömri sen ýuwmarsyň.

Niçe awaralygla saňa böýle,
Bir-iki gün nola[1] olsaň seniň-le.

[1] Nola — ne ola.

Dagy bir gün saňa sataşmadyň sen,
Dagy bir gün dagyňdan aşmadyň sen.

Nola bir gün eger küprüň ýeňesiň,
Seni şerh eýleýip, seni bilesiň.

Eňen awarasyň, dolanmagyň ýok,
Ki kendi kendiňi hiç aňmagyň ýok.

Eger görse idiň kendi zowalyň,
Kimesne aňmaga galmazdy halyň.

Eger görseň ýaragyň kylaý idiň,
Hasabyňy seniň sen alaý idiň.

Sagadat olsa, Hak berse basyrat,
Göreýdiň ne kylar saňa bu gybat

Niçe ýyl bir kişi gybata uýmuş,
Serenjam akybet kendiýi duýmuş.

Puşeýman oldy-ýu, dilteň-u gamgyn,
Näler etmiş oňa bu gybat-u kin.

Diýip ahwalyny, derdini ýeňlär,
Akyl şahyn-şahyndan çäre dilär.

Işi dogrulyga buýurdy akyl,
Ýöre imdi muňa tagjyl ýary kyl.

Gygyrdy dogrulyk ýaranlaryny,
Özi ile sapmasyz baranlaryny.

Gör, imdi dogrulyk bir näler eýlär,
Ýykar Gybat öýün, gara ýer eýlär.

Dogrulyk jümlesinden ýüksek üzer,
Dogrulyk besleýenler arşda gezer.

Mahalmy[1] arş ýa perş dogrulara?
Berer kendiligini şa bulara.

Aşykdyr dogrulyga dogry janlar,
Dogrulygy bolar dosty söýenler.

Sadykdyr dogrulykda eýi kişi,
Dogrulyk eýi eder ýowuz işi.

Öwüdi jümle dogrulykda alar,
Dogrulyk dirligi ebedi galar.

Pida janym saňa, eý, dogry baran,
Muşahyda bolar ony başaran.

Ezel-ebet ne ola dogrulara,
Zahyr-batyn hyjap olmaz bulara,

Iki älem bir otdur bir nazarda,
Ki birdir dogryýa imruz-u ferda[2].

Ki dogry halyny ýaryna goýmaz,
Bu gün, ýaryn diýmek ol hala uýmaz.

---

[1] Mahal — ýer, orun.
[2] Imruz-u ferd — bu gün-erte.

Ne ise ahyryň, batynyň oldur,
Ne ise endişäň, ol ýaňa ýoldur.

Hemmäýe dogry diýrsiň, dogry iseň,
Bolunmaz dogrulyk, sen egri iseň.

Ýola gitme sen egri, eý, bigäne,
Seniň diriligiňe sensiň bahana.

Hemmeler göz kibidir, sen bakyjy,
Seniň gözüň durar seni çakyjy.

Neýe kim bakar iseň, ol ýüzüňdir,
Kime ne sarar iseň kend-özüňdir.

Eger müň ýyl gaça iseň, senden ötmez,
Amalyňdyr bile kançasyna gitmez.

Dogrulyk haladyn ol wagt geýesiň,
Has-u-am harjyýe dogry diýesiň,

Dogrulyk görkezer göz bakyşyna,
Ki senden jümle ýowuz iş daşyna[1].

Çyragy ýakajak garaňky gaçar,
Özi köýner, bize nur babyn açar.

Söze taryh ýedi ýüz ýedi idi,
Ýunus, jany bu ýolda pida idi.

[1] Daşyna — daşlaşar.

Çyrag ýandy, delil dogry bolundy,
Öý aýdyň oldy-ýu ogry ýolundy.

Çyrag diýdigim iman nury mutlak,
Imanlyýa didar görkezer Hak.

Ol ogry diýdigim, şeýtandyr, azar,
Ki dembe-dem içiňde pitne düzer.

Makamyny ýykarsyň tagat ile,
Myradyňa iresiň döwlet ile.

Eý, gapyl, bilmediň ömrüň geçesin,
Ajal eli hemme aýbyň açasyn.

Azyn-azyn bu ömrüň geçesidir,
Sorarsyň sen: «Bu aýyň näçesidir?»

* * *

Bu «Risalatun-nushiýe» patyşa, hiç bir zada mätäç bolmadyk Allanyň ýardamy bilen, ony öwüp hem oňa salawat aýdyp tamam boldy.

# SÖZLÜK

## A

Aby, haýat — ser.Goşmaça düşündirişler.
Adam ata — ser.Goşmaça düşündirişler.
Ahy, ahylar — ser.Goşmaça düşündirişler.
Agyjagyz — çykanda, galanda.
Adl — adalat, ynsap, hakykat, her işe dogry baha bermek.
Akja — pul.
Akury — egri, ters, tersine.
Alam — baýdak, tug.
Akybet — ahyr soň, yz, ýaramaz netije.
Alet — ýarag, gural, esbap; ülüşi, bir süňňi.
Alçak — pes, aşak.
Alçaklyk — pes ýagdaý, peslik, pislik, gabahatlyk, haramzadalyk.
Amy — halkyň aşaky gatlagyndan bolan adam, ýönekeý adam. Tasawwufda hakykatdan habary bolmadyk kişi.
Enel-hak — men hakdyryn, men hudaýdyryn; sopularyň wagyz-ündewleri.
Anaýat — rehim, ýagşylyk, goldaw, kömek, alada.
Antar — maýmyn.
Araz — daş görnüşi araz-u jöwher-forma we mazmun.
Arasat, arasa — meýdan, kyýamat, ahyret, gowga, topalaň.

Araýyş — bezeg, bezeme (haýsydyr bir zady artykmajy bilen bezemek); araýyşy-dünýä — dünýäniň bezegi.
Araz — alamat, tötänlik, pajygaly waka, weýrançylyk.
Arbede kylmak — gowga etmek, gygyryşmak.
Armagan — sowgat, peşgeş, sylag, baýrak.
Ar — utanç, müýn, haýa, aýyp.
Arafat — ser.Goşmaça düşündirişler.
Ary — arassa, tämiz.
Asaýyş — dynçlyk, rahatlyk, aramlyk; asanyş kylmak — rahatlandyrmak, dynçlyk bermek.
Assy — peýda, nep.
Ata — jomartlyk etmek, jomartlyga mynasyp kişi, bagyşlama, berme.
Atap — käýinç, teýene, gargyş.
Aýak — aýakly içgi kadah (käse, pyýala, tabak).
Aýat — nyşan, bellik, belgi; Gurhanyň bir sözlemi.
Aýaty - küll — ähli aýatlar.
Aýnal-ýakyn — bir zadyň anygy bilen aňyrsyna ýetmek.
Aýryk — aýry.
Awara — sergezdan, ykmanda, ilden-günden aýrylan.
Azym — bir işi etmäge niýet eden; ugrap, ýola düşen; bir ýere ugrama.
Am ynmaz — ýukalmaz, könelmez, ýok bolmaz.

## B

Badýa — toýundan edilen uly gap, çanak.
Bahadur — batyr, pälwan, gorkmazak.
Baýyk — anyk, açyk.
Bakyr — mis.
Banmak — bir zada, haýsydyr iýmite barmagyňy batyrmak.
Baň — uly, beýik, beýik çadyr.
Bany — esaslandyryjy, döredijy, esasyny goýujy, başlaýjy.

Bar — kir, pos.
Basar — göz, göreç, garak.
Basyr — görüji, görýän, köňül gözi bilen görýän.
Basyrat — görgürlik, görüjilik, ökdelik, bilimlilik.
Battal — peýdasyz, dereksiz, işsiz-güýçsüz, hökümsiz.
Batyn — iç, içki, ruh, jan, göwün; batyn gözi — göwün gözi.
Başed — belki, ola ki.
Begaýet — kän, zyýada, artyk.
Bedyg — täze, deňi-taýy bolmadyk, täze oýlanyp tapylan zat; geň, seýrek, oýlap tapyjy.
Behel — miras, sowgat, peşgeş, miras galan zat.
Bekri — gije-gündiz içen, içgä özüni aldyran.
Bekülli — ähli, hemme, tutuş, doly.
Beleş — dawasyz, jenjelsiz; para-peşgeşsiz, bahasyz.
Beli — hawa, bolýar.
Berat — nyşan, rugsat haty, iberilen puly almak üçin berilýän hat; bir zada, bir ýere eýe bolanlygy bildirilen we patyşa tarapyndan tassyklanyp berlen hat.
Berdar — dara asylan.
Berdbar — dözümli, çydamly.
Berr — gury ýer, gyr; berr-u bahr — deňiz we ýer, gyr we suw.
Beser — görüş, göreç, aňlaýyş.
Bet — ýüz.
Beşaret — buşlamaklyk, ýagşy zady habar bermeklik, şatlyk.
Beşik — sallançak.
Bewwap — gapyçy.
Bezirgen — söwdagär, täjir.
Bibesir — gözsüz, göreçsiz.
Binahaýat — çäksiz, sansyz, ölçegsiz, köp.
Binazyr — görünmeýän, seredip bolmaýan, nazara gelmeýän.
Binýat — düýp, esas.
Biragana — bir meňzeş, bir hili.
Birer — bir-birden.

Birjis — Ýupiter ýyldyzy.
Biti — hat ýazylan depder. Kyýamatda her kese eden işleri ýazylan depder.
Bolkmak — balkyldamak, parlamak.
Böhtan — töhmet, böhtan baglamak — töhmet atmak.
Buhl — bahyl.
Buçuk — ýarym.
Bugz — söýmezlik, kalpdan duşman bolmak.
Buşu, boşu, boşy — gazap, ganygyzgynlyk.
Buşymak — öýkelemek.
Byrakmak — zyňmak, taşlamak.

## Ç

Çagat — çagataý, çagataý dili, çagataý sözi.
Çah — guýy.
Çawuş, Çawuş ýyldyzy — Zöhre ýyldyzy.
Çerb — ýagly.
Çeri — esger, goşun.
Çäbikter — çalasyn, çakgan.
Çäbük — tiz, ýyndam, çakgan.
Çelep — Alla, Hudaý.
Çertek — çatma.
Çeşni — tagam, dat, lezzet.
Çirik — hakyna tutma goşun.
Çowgan — at üstünde egri taýak bilen oýnalýan oýun, çilik.
Çokal — sowut, demir don, uruşda geýilýän demir sowut.
Çoksi — bir zadyň gymyldamazlygy üçin üstüne goýlan zat, agyrlyk, agramlyk.
Çulha — dokmaçy.

## D

Dagwy — dawa, jedel, şer, ýaryş.
Dah, dahy — dagy.
Dak — aýyp, nogsan, kemlik.
Dalmak — girmek, çümmek, ýüzmek.
Danyş — ylym, bilim.
Danyşmen (danyşment) — alym, bilimli, akylly adam.
Daraky — baş, däne başy, bugdaý başy.
Daryg — aýama, gaýgyrma, haýyp, wah, daryg kylmak — aýamak, gaýgyrmak.
Dawut pygamber — ser.Goşmaça düşündirişler.
Degme — her kes, bolar-bolmaz kişi, öňeten adam.
Demsaz — arkadaş, hemdem, ýoldaş.
Derban — gapy sakçy.
Dermanda — biçäre, ejiz, pakyr, haldan düşen, agyr halda galan biçäre bolmak, orta ýolda galmak.
Derzi — tikinçi, geýim tikýän, biçimçi.
Destar — selle, çalma, neş, kellä soralýan mata.
Destur — däp, düzgün, kada-kanun; rugsat; otparaz dininiň ruhany ýolbaşçysy.
Dewlengiç — torgaý guş.
Deýýan — Alla, häkim, eýe.
Deýýar — ýurt eýesi, monastyr eýesi.
Deýr — kilise, monastyr.
Dilemek — islemek, dilemek.
Diwan — ser.Goşmaça düşündirişler.
Diýanat — dine uýma, dine boýun egme, dindarlyk, dini däp-de sözleri berjaý etmek.
Diýmeýüz — diýmeýäris.
Dört kitap — ser.Goşmaça düşündirişler.
Dört gaty — ser.Goşmaça düşündirişler.
Duw açyk — doly açyk.

Durak — duralga, mekan, ýurt.
Duşwar — kyn, müşgil.
Dügün — toý.
Düzenmek — işleriň düz gitmesi, asudalyk.

## E

Ebter — biçäre, hor, bozuk; bagtsyz, ulanmakdan galan.
Edebi-hal — ýalňyzlyk şatlygyna eýe bolmak edebi. Efreň — ýewropaly.
Efsana — erteki, dessan.
Ehtar — bildiriş, duýduryş, habar.
Ekmek — çörek, nan, iýmit
Eks — surat, keşp; şöhleleniş; eks urmak — şöhle urmak.
Emin — dogruçyl, ynamdar; asuda, parahat, gorkusyz. Erkan — paýa, sütün, dereje, mertebe.
Ersem olmak — söz sözlemek.
Es — akyl, huş; duýgy; saglyk.
Eser — alamat, nyşan, yz, bellik.
Esfel — iň aşak, iň aşakdaky jaý; dereki-esfel aşakdaky dowzah.
Esrar, syr — gizlin zat, ogryn gürrüň.
Ewet — hawa, hä.
Ewren — uly ýylan, aždarha, pelek, uly zaman.
Eýýup — ser.Goşmaça düşündirişler.
Ezraýyl — ser.Goşmaça düşündirişler.

## Ä

Ähil — ähli, jemgyýet, ýygnak.

## F

Fahyr — guwanç, buýsanç.
Fak — duzak.
Fakyh, fakyhlyk — mätäçlik, pakyrlyk, pukaralyk.
Ferik — bölek, topar.
Ferraş — jaýyň, öýüň arassaçylygy bilen meşgullanýan adam, hyzmatkär, hyzmatçy.
Fethi-baby — açjak gapysy.
Fi-l-hal — şol wagt, şol zaman, derhal, bada-bat.
Fuzul, fýuzul — kesekiniň işine burnuny sokýan adam, bilimseklik edýän adam, ýaňra, akmak.

## G

Gamgüzer — gam bilen gün geçirýän gamly gezýän.
Gammaz — töhmetçi, gybatkeş, gep gezdirýän.
Gassal — öli ýuwýan adam.
Gaýet — soň, ahyr, gutaran ýeri, soňky pelle.
Genç — pul, baýlyk, hazyna, mal, döwlet, hazyna.
Genji-nahan — gizlin hazyna.
Gerdan — aýlanýan, dolanýan, dolanyş, öwrüliş.
Gerdun — pelek, dünýä, asman; takdyr, täleý, ýazgyt; aýlanýan çarh, tigir.
Gez — gezek, sapar.
Girdar — amal, iş.
Goft — söz.
Gökjek — owadan, gelişikli, eýjejik, mylaýym, hoşamaý, näzenin.
Gulman — jennetdäkilere hyzmat edýän owadan ýaş ýigdekçeler.
Gurbet — aýralyk, jyda düşmek, watandan aýrylmak.
Guş — gulak.

Gül — beýik owaz, gaty ses; bir agyzdan çykan doga, ylahy; sopularyň mejlislerde, ýygnanyşyklarda okaýan dogasy.
Gümra — azaşan, ýoldan çykan, bir işe meşgul bolmak.
Güzin — saýlanan, tapawutlanan, seçilen.
Gyýbat — ýokluk.
Gyna — baýlyk, bol-elinlik, bolçulyk, kän mallylyk; aýdym, aýdym aýtmak.

## H

Hadda — keçe stanogy.
Hakd — kyn, agyr.
Hajathah — hajatyny isleýän, dilegini soraýan, dileg edýän, dilegçi.
Hakyr — hor, garyp düşen.
Hakgul-ýakyn — Hudaýa gowuşmak.
Hakkal-ýakyn — hakykaty, Biribary görüp ýaşamak haly; tasawwufda halyň sekizinji menzili; munda adam hudaýyň özüne ýakynlygyny diňe bir duýman, göýä ony görýän hajy bolýarmyş.
Halawat — süýjülik, ýakymlylyk, tagam, lezzet, şirinlik.
Hamiýet — watanperwerlik, maşgala berlenlik, hoşroýlyk.
Hamuş — sönük, sönen; sessiz, dymyp oturan.
Hanadan — maşgala, dinastiýa.
Hananda — okyjy, aýdymçy.
Haryp — basdaş, bäsdeş, rakyp.
Haryr — ýüpek, ýüpek mata.
Hasat — gysganma, gysgançlyk, göriplik, husytlyk etme.
Hasy-hawas — haslaryň hasy, saýlananlaryň saýlanany.
Haset (hasedi) — bagly, elgarama.
Haşa — zyň, taşla; zyňyjy, hapa; dawa, uruş, galmagal.
Haşa — asla, hiç wagt, alla saklasyn, özüň ýalka.
Hydyr (Hyzyr) — ser.Goşmaça düşündirişler.

Hyşarat — mör-möjekler, mahluklar, bolar-bolmaz adamlar.
Haşm — gahar, gazap.
Haşr — üýşmeleň, ýygnak.
Haýat — dirilik, ýaşaýyş.
Haýly — köp, artyk, zyýat, ep-esli.
Haýrat — gowy, oňat, ýagşy; nep, bähbit, ýagşylyk, jomartlyk
Haýz — aýbaşy.
Hazyn — hazyna.
Hedaýat — dogry ýol görkezmeklik, ugrukdyrmak.
Heje — mazar daşy.
Heçe — bogun.
Heman — şol, ol, özi.
Hemraz — syrdaş.
Hesal — häsiýet, hüý; aýratynlyk, hil, gylyk.
Heşer — ýygnak, ýygnanyşyk, üýşmeleň, jemlenme. Hewaset — haý-howa, nebsiňi şaglatmak.
Hezaran — müňlerçe.
Hijap — birine söz sölemek, dilewarlyk, çykyş etmek, ymamyň wagyzy, hutba okamak.
Hon, han — supra, saçak, iýmek-içmek.
Howa — meýil, höwes, isleg, zowky-sapa, haram keýp.
Howala — tabşyryş, işi başga birine tabşyrma; howala etmek — ugratmak, uzatmak, ýüzlenmek
Howp — gorky, tasawwufda Hudaýyň öňünde adamyň öz borjuna amal edip bilmezligi sebäpli günälidigini aňlamak.
Hudbin — ulumsy, men-menlik edýän, gopbamsy.
Hulasa — gysgasy, sözüň gysgasy, gysgaça aýdylanda, gysgaça mazmun.
Huma, Humaý — mifik guşuň ady, göýä bu guşuň kölegesi kimiň üstüne düşse, ol bagtly bolýarmyş.
Humar — serhoş.
Huwt — balyk; şemsi aýlarynyň iň soňkusy, 12-nji aýy.
Hurd-u ham — bölek-bölek, parça-parça.

Hümmet — gujur, gaýrat, güýç, mertlik, erk; ahlak taýdan durnukly.
Hüçjetli — delilli, gutarnykly.
Hyjap — perde, ýaşmak, bürenjek.
Hylap — garşy, ters, kem.
Hylwat — gizlin, ýekelik, ýalňyzlyk.
Hylgat — halat, serpaý, owadan geýim.
Hysym — nebere, aralary ýakyn bolan keşpler.
Hyrs — aýy; hyrs-u howa — aýy meýli, aýy islegi.
Hyrka — jinde, şylha, derwüşleriň geýimi.

## I

Iletlik — götermek, ulaşmak.
Illiýin, illiýun — behişt, jennet.
Inaýet — ýardam etmek, hemaýat.
Iremek — gitmek, galmak, göterilmek, irinmedik.
Is — jenap, hojaýyn, eýe.
Isa — ser.Goşmaça düşündirişler.
Isgender — ser.Goşmaça düşündirişler.
Istygpar — günäni geçmegi haýyş etmek, ötünç soramak, toba etmek.
Iwaz — garşylyk.

## J

Jebraýyl — ser.Goşmaça düşündirişler.
Jelle jelaluhu — beýikligi beýgelsin.
Jennet — ser.Goşmaça düşündirişler.
Jirjis — ser.Goşmaça düşündirişler.
Jowalduz — uly iňňe.
Jöwher — mazmun.
Jöwlan, jöwelan — aýlanma, sergezdançylyk, işjeňlik.

Jöwşen — sowut, demir don.
Jünbüş — hereket, gymyldy.
Jüpbe — giň we uzyn tikilen don, halat.

## K

Kadah — käse, gap, tabak, piýala.
Kadyr — güýçli, gudratly, kuwwatly, gurply.
Kahyr — gaýgy-hasrat, gaýgy-gussa, ahy-zar.
Kal — söz, gep-gürrüň.
Kalmaç — hilegär, aldawaç, ýerliksiz söz sözleýän.
Kal-u kyl, kyl-u kal — gykylyk, galmagal.
Kandyl — köp şemli asma çyra.
Kançar — tarap; hanjak, nirä, haýsy tarapa.
Kamu — hemme, ähli, bütin.
Kançarudyr — näçeräkdir.
Kapdagy — ser.Goşmaça düşündirişler.
Karun — ser.Goşmaça düşündirişler.
Kasr — köşk, saraý.
Kast — maksat, meýil, niýet, isleg.
Katran — garaýag.
Kaş — sapar, gezek.
Kawy — güýçli, zor, kuwwatly, kawy-dil — ýürekli, batyr, ruhybelent.
Kegez, keksiz — akylsyz.
Kek — dileg, isleg, arzuw.
Kelam — gürrüň, söz; Gurhan.
Keleçe — alahekek.
Keleji — söz, lakgyldy, kelçiklik, ýaňrama.
Keleji etmek — gürleşmek, muhapbet etmek, maslahat etmek.
Kendi — öz; özüm.

Keparat — şerigatda edilen günä üçin berilýän jerime; dini düşünjä görä, edilen iş, günä eden adamyň artykmaç namaz okamagy.
Keswet — eşik, geýim, lybas, örtük.
Kesret — bolluk, känlik, köplük san, hasap, het.
Keşf — açylyş, aýdyňlyk; keşf olmak — açylmak.
Kewn — barlyk, bar bolmak.
Kewn-u mekan — ähli zatlar, älem, dünýä.
Keý — berk, gaty, örän berk, köp.
Keý — gowy, örän, örän köp, örän akylly adam; sakyndyrma, dykgaty çekme.
Kibr — men-menlik, tekepbirlik.
Kine — duşmançylyk, ýigrenç, kitüw, ar, öç.
Kizi — ýalançylyk, kezzaplyk; aldamak.
Kolmaş — ýuwan adam; kelpeň, asylsyz sözler sözleýän.
Kowul — söz, wada, wadalaşylan, wada edilen söz.
Köstebek — krot, kör syçan, kör alaka
Köwser — mifiki jennet çeşmesi, howzy.
Kulyl hak — dogry sözle, dogry gürle, dogry aýt.
Kusur-kasrlar — köşkler, saraýlar.
Külli — ähli, hemme.
Küsmek — gaharlanmak, öýkeletmek, gaharlandyrmak.
Kylawuz — ýol görkeziji, ýolbelet, ýola salyjy.
Kylu-kal — galmagal, gowga, gykylyk.
Kän — magdan, hazyna.
Käri-bir — iş, alada, güýmenje.

## L

Lagnat — nälet, gargyş, käýinç.
Lagyn — näletnen, şeýtan; iblisi çagyn — näletnen şeýtan.
Lajerem — şeksiz, gümansyz, hökman.

Lisan — dil; «Lisanet - taýr» — guş dili; Nowaýynyň eseriniň ady.
Leýl-u nahar — gije-gündiz.
Len terani — meni hiç görmersiň.
Lown — reňk.
Lowh — tagta, daş; köne ulanylan tagta; ýagtylyk.
Lutp — mylaýymlyk, rehimlilik, ýagşylyk, mähribanlyk, merhemetlilik, göwündeşlik.
«Lä taknatu» — Alladan umydyňy üzmäň.
Lä şerike — ortalyk, gatyşan, goşulyşan däldir.

## M

Magallak — asylan.
Magat — gaýdyp barylýan ýer, ahyret.
Magaş — ýaşaýyş, durmuş.
Magraç — asman, gök, basgançak, asmana çykmak, dini düşünjä görä, Muhammet pygamber Byrag diýen ata münüp, asmana çykanmyş, şoňa magraç diýilýär. Magzur — bagyşlanan, günäsi geçilen, boşadylan; bahanaly, sebäpli.
Mahbus — bendi, zyndana düşen.
Mahfil — mähelle, köpçüligiň üýşen ýeri.
Mahluk — döredilen, ýaradylan; adamlar we haýwanlar.
Mahmur — mes, serhoş, pýan.
Makhur — gahar edilen, gargyş alan, pese düşen. Mahsulat — elde edilen işler.
Maksurat — kesilen, gysgaldylan gykyndylar.
Manjynyk — gadym söweşlerde uly daşlary atmak üçin ulanylan gural.
Mansur — ser.Goşmaça düşündirişler.
Matyrbaz, matrabaz — madrabaz, alyp-satar, jerçi, jellap, arzan alyp, gymmat satar.

Mazul — kowlan, daşlaşdyrylan, çetleşdirilen; emelden aýrylan.
Meal — many, ähmiýet, mazmun, düşünje.
Mejhul — bilinmeýän.
Mekremet — kerem, yzzat, beýiklik.
Melekut — melekler dünýäsi.
Mennag — mertebesi belent.
Men arafe nefsehu fakat arafe rabbehu — özüni tanan Hudaýyny (eýesini) tanar.
Mengur — dilik, oýuk, dürli ýazgy.
Menşur — perman, buýruk; ýaýran, meşhur, neşir edilen.
Menşur — ýaýran, neşir edilen; perman, buýruk; meşhur.
Merweri — mirwerit.
Mesrur — hoşal, şat, bagtly.
Metaç — peýda, gymmatly zat.
Mestur — gizlin, örtülgi, ýapyk.
Mewzun — ölçegli, wezinli.
Mezada bermek — satuwa çykarmak.
Milket — ülke, memleket.
Mismil — halal, arassa, tämiz, päk.
Mohsen — öýlenen adam, haýyr-sahawat, hudaýsyz. Möwç — tolkun, gom; möwç urmak-tolkunmak, joşmak.
Mozarrat — zyýan, zelel, ýitgi.
Möwjudat — bar zat, ýaradylan, döredilen bir zat.
Mubaryz — urşujy, söweşiji, söweşjeň.
Mugallak — asylan, asylyp duran entek çözülmedik, karar gelinmedik iş, boşluk, magallak.
Muhal — mümkiniň tersi, çäresiz, bolmajak zat; alaçsyz.
Muhakkyk — takyk eden, anyk eden.
Muhalyf — ters, garşy; garşylyklaýyn hereket. Muhteşem — bezemen, haýbatly, äpet, görmegeý.
Muhammet pygamber — ser.Goşmaça düşündirişler.
Muhup — dost, söýýän.

Mukabyl — deňeçer, barabar, laýyk, deň.
Mukarrar — karara gelnen, çözülen, bellenen.
Mukarrap — ýakyn, garyndaş.
Mungym — nygmat beriji, rysk beriji, rysgal berýän, hudaý.
Munkat — boýun egdirilen, boýun bolan, diýen edýän.
Mumeýiz — aýyran, seçen, parh eden; aýryjy.
Musa pygamber — ser.Goşmaça düşündirişler.
Mustagrak — gark bolan, çümen; bir zada çuň pikir beren, meşgul bolan; çuňňur oýlanmak.
Mushap — kitap, tom, kodeks, Gurhan, dini kitap.
Mutlak — hökmany, şertsiz, hiç bir zat bilen çäklenmedik, ýalňyz, ýeke-täk, ähli.
Mutrup — sazanda, aýdymçy.
Mutyg — boýun egen; mutyg edilmek — boýun egdirilmek, tabyn edilmek, tabyn bolmak.
Muşahyda — görmeklik, seretmeklik; sufizmde halyň sekizinji ýagdaýy — menzil.
Muwazzyn — azançy.
Muwapyk — laýyk, mynasyp, deň, dogry, kybapdaş, amatly, razy.
Müderris — ders beriji, sapak beriji, okadýan molla, ders berýän ahun, mugallym.
Müdepbir — her işiň soňuny oýlanyp, öňünden çäresini agtarýan, her işiň ähli tarapyny ölçerip dökýän.
Müfti — dini hökümleri yglan edýän ruhany, dini kanun esasynda görkezme beriji adam.
Müfsüt — bozgak, bozuk, zaýa, zaýalanan, bozulan.
Mülkit — ülke, mülk.
Münewwir — nurly, ýagty, yşykly, ýakymly.
Münezzeh — tämiz, arassa, nogsansyz.
Münferit — ýalňyz, täk.
Mürebbi — terbiýeçi, halypa, ussat; mürşit.

Mürit — pikiriň şägirdi, sopy; sufizm taglymatynyň ýolbaşçysyny gol berip, ol taglymaty öwrenýän şägirt; mürşide eýerýän adam.
Mürted _ dinden dänen.
Mürşit — ýolbaşçy, ruhy ýolbaşçy, dogry ýoly görkeziji.
Müşgil — kyn, agyr, çetin, aňsat däl.
Müşrik — köp hudaýly, butparaz.
Mysgal — 4,26 grama deň bolan agyrlyk ölçegi.
Mälik — eýe, eýelik edýän.
Mähfil — ýygnak, mähelle üýşen ýer, üýşmeleň.

## N

Nahan — gizlin, ýapylgy, örtülgi, ýaşyryn.
Nakam — maksadyna ýetmedik, myradyna gowuşmadyk.
Nakus — kiliselerde kakylýan jaň
Nedem — puşman, ökünç.
Nefha — nepes, dem.
Nefrin — nälet, bet doga.
Nehiý — gadagan, inkär edilen.
Neji — kim, haýsy kär.
Nejim — ýyldyz.
Nepes — dem, dem alma, howany içiňe çekip, daşa çykarma, göz açyp-ýumasy salym.
Nesne — zat, haryt.
Nestir — nestoriane;
Nesturi — Mosulda ýaşaýan hristian žemgyýetiniň we onuň agzalarynyň ady.
Newala — nesip, kysmat, täleý.
Näheň — kit, krokodil, akula.
Näz-u nyýaz — jilweleniş, näzleniş, ýalbaryş.
Nida — ses, çagyryş, gykylyk, ahy-nala, ýüzlenme.

Nisar — gurban, pida, saçyş, nisar olmak — gurban bolmak, pida bolmak.
Nisýan — unutma, ýatdan çykarma.
Nisrag — iki ýüzlülik, boluşy ýaly görünmezlik, içi-daşy bir bolmazlyk, bassyr-ýussurlyk.
Nowg — hil, tär, kysym, tüýs.
Nuh — ser.Goşmaça düşündirişler.
Nowşirwan (Anuşirwan) — ser.Goşmaça düşündirişler.
Nukta — nokat.
Nutfe — sap we dury suw; ynsany dünýä inderen zatlar.
Nuzul — inme, düşme, gonma, durma.
Nüwaht — ogşama, saz çalma.
Nükte — inçe manyly söz; näzik söz, kinaýaly söz; çuň many, ýiti many.
Nykap — perde, ýüze tutulýan perde.
Nyýaz — ýalbarma, dileme, ötünç, umyt, mätäçlik.

## O

Oda — öý, otag.
Olysar — olsa, bolsa; gadym türkmen dilinde «sa-se» goşulma «sar-ser» görnüşinde berilýär.
Owa — düzlük, jülge, peslik.
Owrat — aýal; adam endamynyň uýat ýerleri.

## Ö

Ögüzdirmek — öwdürmek.
Ökün — kän, köp, zyýat.
Öküş — zyýat, kän, köp.
Ötmek — saýramak.
Öwreň — şalaryň tagty.

## P

Pahry-älem — älemiň buýsanjy, älemiň guwanjy, Muhammet pygamber.
Parakende — dagynyk, pytraňňy, ýalňyz.
Parsaň (parsah) — alty kilometre barabar uzynlyk ölçegi.
Paryg — asuda, dynç, parahat, rahat bolan, asuda bolan, dynç bolan.
Paryza — parz olan.
Pasyt — bozuk, ýaramaz, zaýa.
Paryza — bergi, borç; dini dessur (namaz, agyz beklemek).
Paryza, parz — ýerine ýetirilmegi hökmany zat; dinde hökmany ýerine ýetirilýän iş.
Paýyz — üstünlik; bagtlylyk, bolluk; merhemet, nygmat.
Pazyl — bilim, ukyp, sahylyk, merhemet, mähirlilik.
Peşe — çybyn.
Peragat, parahat — rahatlyk, asudalyk, parahat.
Perhat — ser.Goşmaça düşündirişler.
Perran — uçýan, uçujy, uçýan halda, atylýan.
Perraş, perraç — gurluşykçy, guran, bina eden, binakär, ýasan.
Pereh — şatlyk, giňişlik, rahatlyk.
Peride — tapylgysyz göwher, gymmatbaha.
Perş — düşek, ýer.
Pikret — oýlanma, pikirlenme, pikir, oý.
Pitne — garyşdyrmak, bulagaýlyk, topalaň garyşyk, ortalyk etmek.
Piş gadam — gadamy ileri.
Pişrow — öňde baryjy, öňe gidiji, progressiw.
Poýraz — demirgazyk ýeli, sowuk ýel.
Pusu — gabaw, buky, gürpbassy.
Puzul — artyk, beýik; alym, dana, bilimli.
Puzun — kyn, kän, artyk, zyýat.
Pynar — çeşme.

Pysk — bozgakçylyk, ahlaksyzlyk, günä işler, erbet işler.

## R

Raht — mal, mülk, baýlyk, geýim.
Raz — syr, gizlin zat.
Razdaş, razdar — syrdaş, dost, mährem, syr saklaýan. Rehbin — ýol gören.
Rehmet — ýuka ýüreklilik, mähir.
Refi — beýik, belent, uly.
Reja — dileg, gorky.
Renjür — hasta, keselbent, ezýet çekýän.
Reta — umyt, dileg, haýyş, ýalbarma.
Rifat — ýujalik, beýiklik, ululyk.
Rukug — dyzy epip egilmek.
Ruhban, rahyp — monah, monastyrda oturýan hristian ruhanysy, terkidünýä.
Ruzygär — (ruzgär) durmuş, ýaşaýyş, zamana, döwür.
Ryýa — ikiýüzlülik, özüňi erbet işlerden saklanýan edip görkezmek, gözboýagçylyk.

## S

Sabyt — berk, pugta, gymyldamaýan, hereketsiz.
Sadyr — göwüs, ýürek.
Safy — arassa, päk, saýlama, saýlantgy; safy-ulla-Adam atanyň lakamy.
Sagyr — ker.
Sagyt — bagtly, bagty açylan; bagt, täleý, ýagşylyk.
Sagyş — hasap, mukdar, sany; sorag güni, sagyş güni, magşar güni, kyýamat.
Saha — sahylyk, jomartlyk.
Sahha — meýdan, ýer, giňişlilik, zona, kölçe.

Sakka — Suw daşaýan kişi
Saksy — güldan, gül üçin küýze, katelok.
Saýkal urmak — pal atmak, lowurdatmak.
Sala — çagyrma; namaza çagyrma; minarada okalan salawat.
Salaja — üstünde öli göterilýän dört golly tekiz tagta.
Salat — namaz; dersalat-namazda.
Saluslyk, alus, saluslanmak — hilegär, mekir, göz boýagçy; şekil ogrusy; haýsydyr bir şekile giriji, jansyz.
Sap — obraz, usul.
Sapa — arassalyk, päklik, päkizelik, tämizlik; gatançsyzlyk.
Sarp — berk, uçup, güýçli, zor.
Sebukbar — ýüksüz, ýüki ýeňil.
Seçjada — namazlyk.
Segremek — bökmek, çapmak, ylgap gezmek, ukudan böküp turmak.
Sekitmek — ýumşatmak.
Serap — salgym; dünýä.
Serheň — wekil, ilçi, habarçy, hyzmatkär; polkownik, polkuň ýolbaşçysy.
Sermaýa — baýlyk, mal, maýa.
Sert — sowuk.
Serwer — ýolbaşçy, baştutan, başlyk.
Siçjin — zyndan, türme, jähennem.
Simsar — alyp-satmadan araçyllyk eden.
Sin — mazar, gabyr.
Siwa — gaýry, aýry, başga; Taňrydan başga her zat.
Sokun — dynç, gymyldysyz, arkaýyn.
Suç — günä, ýalňyşlyk, etmiş, ýazyk.
Sujy — şerap.
Suz — ýanma, köýme, bişme.
Suzy yşk — yşkyň ody.
Suý, suýa alynmak — hasaba alynmak, suýyna düşmek — hataryna düşmek.

Süleýman — ser.Goşmaça düşündirişler.
Süluw — owadan, görkli, gözel, görmegeý.
Süýek — süňk.
Syddyk — dost, ýar, ýoldaş.
Synyr — serhet, araçäk.
Syrp — ýalňyz, diňe.

## Ş

Şahadat — görkezme, gören zadyny bildirmeklik, güwä geçmeklik, şehit bolmak.
Şakawat — bagtsyz, erbet ýagdaý; doňýüreklik, zalymlyk, ganhorluk.
Şakyr — şükür eden.
Şar — şäher, köňül şäheri, köňül mülki
Şehwet — güýçli nebis islegi, teşnelik, jynsy tolgunma, saklap bolmaýan isleg, esreme.
Şeş — alty.
Şeşte ruban (çeşte ruban) — alty kirişli saz guraly. Şeýbet — sakala ak düşmek.
Şeýgen-lillah — Alla üçin bir zat; derwüşleriň bir zat isleýän wagty, sözleýän sözi.
Şikär — aw.
Şirgär — arslan awlaýan, arslan awçysy.
Şirk — köphudaýlylyk, butparazlyk, dine ynanmazlyk.
Şur — başagaýlyk, dowul, howsala, aljyraňňylyk.

## T

Tagallyk (tagalluk) — degişlilik, baglylyk, garaşlylyk.
Tagaza — haýyş, towakga; talap, isleg, zerurlyk.
Tagjyl — howlukmaç, howul-hara, gyssanmaç.

Tagbyr — düýş ýorma, beýan etme, many düşündiriş; tagbyr etmek-ýormak.
Tagzyýet — ýas, matam, ýas tutma.
Tahsyl — ele alma, eýeleme, gazanma, ylym-bilimi ele almak, okamak.
Tahtess-sera — ýeriň asty, toprak asty.
Takat — çydam, durnuklylyk, güýç, kuwwat, sabyr.
Tanu — huzur, makam, diwan.
Tanuw kylmak — tapmak, talap etmek, gözlegde bolmak, hyzmatda bolmak, ösmek, beýgelmek.
Tanyk — şehit.
Taryk — ýol, usul, ýörelge, düzgün, meslek, messep, ugur.
Tatar — kowgy; çapar.
Taý — kowulmak, sürgün edilmek.
Tazragu — Hudaýa tabyn bolmak, ondan dileg etmek.
Tebdil — öwürme, çalşyrma, üýtgetme.
Teberra — ret etmek, boýun almazlyk, boýun towlamak, gaçalak etmek; uzaklaşma, çeke durma, el çekme, ýüz öwürme.
Tebsir — beýan, düşündiriş; Gurhana düşündiriş bermek.
Tedbir — çäre, alaç; pikir, aňlanyş, karar.
Tefrik — aýyrmak, aýra goýma, aýry tutma, saýlama, ala tutma.
Tefrit — kembaha bermek, geleňsizlik etmek, ýalňyşmaklyk.
Tejaret — söwda, söwdagärlik.
Tejrit — ýekelik, ýalňyzlyk.
Tehi — boş.
Teneşir — merhumy ýuwmak däbi; merhumy ýuwulýan agaç seki.
Tepekkür — pikirlenme, oýlanma, pikir etme.
Teperrüç — göwün açma, gezelenç, tomaşa, seýil, seýran.
Teperrüçgäk — gezelenç ýeri, seýil bagy.
Terah — giň, bol.
Terjiman — terjimeçi.

Tezwir — hile, mekirlik, aldaw.
Towhyt — birleşmeklik, ýeke hasaplanmak, birleşdirme, birligine ynanmak, bir göz bilen seretmeklik.
Towazyg — kiçi göwünlilik, özüňi kiçi tutmaklyk.
Towpyk — üstünlik, kömek, ýardam.
Tul — boý, uzynlyk, köplük; tuly-emel — uzyn arzuwlar, soňsuz umytlar.
Tuýur — guşlar, uçýanlar.
Tuly-emel — hyrs, tama, tükenmez arzuw, bitmejek dileg.
Tunç — bronza.
Turwan — türpe, täze, ter, ýaş, geň, täsin, haýran galdyryjy.
Tutaş — ýakyn, golaý; tutaş olmak — ýakyn olmak.
Tün — gije, agşam, garaňkylyk.

## U

Ud, ut, uýat — utanç, haýa, şeref.
Uja — beýik, belek, ýokary.
Umu — umyt, arzuw, tama.
Uruç — ýokary çykma, beýgelme, asmana göterilme, harus, belentlige galma.
Us, usly, usully — akyl, akylly, emel, akylly-başly.
Usan — akmak, akylsyz, telbe.
Usanmak — irmek, ýadamak, ýürege düşmek, gamlanmak, gama batmak.
Usly (us) — akyl, akylly.
Ut, utly — utançly, haýaly.
Uýak — uýmak, goşulmak,batmak.
Uýakmak — ugrukmak, girmek.

## Ü

Üjret — edilen iş üçin alnan pul.

Ümmi — sowatsyz, iniş-çykyş bilmeýän, eneden dogma hiç zat öwrenmedik.
Üzer — ýüz, üst.

## W

Warak — bir tagta kagyz.
Wahdat — birlik, ýekelik, ýalňyzlyk, täklik.
Waslat — birikmeklik, gowuşmaklyk.
Wattaku — Hudaýdan çekiniň.
Waýe — nesip, kysmat, peýda, gazanç.
Wejih — keşp, görk, gözellik, owadanlyk, abraý.
Weliken — emma.
Weslet — birlik, umumylyk, nykalaşmak, soýuz.
Wujut — barlyk, bolmaklyk, göwre, beden.
Wysal — duşuşyk, söýgülä gowuşma.

## Y

Ybraýym — ser.Goşmaça düşündirişler.
Yhsap — haýyr, ýagşylyk, ýamanlyga ýagşylyk etmek, sogap.
Yllat — dert, nähoşluk, näsaglyk, kesellilik; sebäp, delil, yllatly-aýyply, şikesli.
Ylmy-amal — amal edilýän ylym; amal ylmy.
Ylmy-ledun — dini ylym, mistiki ylym.
Ylmul-ýakyn — Hudaýa akyl ýetirmek ylmy.
Ynaýat — ýardam, medet, goldaw, hemaýat.
Yns — adam, ynsan.
Ynykmak — boýun bolmak, gulak asmak, gudratsyz galak.
Yrak — daş, uzak.
Yrmak — derýa, çaý, çeşme.
Ysmar — müşteri, haýyş edenler, tabşyryk berenler.
Yssy — sahyp, eýesi.

Yssyz — eýesiz.
Ysýan — asy olmak, günäli olmak.
Yşarat — üm.
Yşmar — yşarat.
Yzzat — hormat, sylag, hezzet.
Yzz-u näz — hormatly näz, gadyrly näz, mylaýym näz.

## Ý

Ýaban — çöl, gum, düz, sähra.
II. 1) ýitirilen, azaşan; 2) näbelli, nätanyş, ýat; Ýawykylmak — gaýyp etmek — gaýyp etmek, aradan aýyrmak, ýok etmek.
Ýagma — talap, çapawul, zor bilen mal almak. Ýapalamak — tüýlek.
Ýaryk — ýagty, şöhle; owadan, gözel.
Ýapy — bina, gurluşyk, iş; gurmak, bina etmek.
Ýas, ýasmak — dogrulamak, gowşatmak.
Ýat (ýatly) — utanan, uýalan.
Ýaw — ýat, keseki.
Ýaw - ýawa — I. 1) ýitgi; 2) nätanyş.
Ýawlak — näbellilik, tanyş bolmadyk, ýat.
Ýawlak — köp, kän, artyk.
Ýazyk — günä.
Ýaýa — pyýada.
Ýe — ýene.
Ýewme ýeşmehu — şepagat güni.
Ýirmek (ýermek) — gynamak, kösemek.
Ýow — duşman, ýagy.
Ýufka — ýaýylan hamyr, ýukaldylan hamyr, çelpek.
Ýuwa — höwürtge, ketek, çukur, külbe.
Ýuwanmak — arkaýynlanmak, rahatlanmak, suslanmak, gowşamak, köşeşmek.

Ýüksek — beýik, ýokary, belent.

## Z

Zahyr — daş görnüş, şekil keşp, mälim, aýan, äşgär, belli.
Zarar — zyýan, päsgel, zelel.
Zawada — iýmit, azyklar.
Zawýa — künjek, kiçijik tekke.
Zaýyf — ejiz, güýçsüz, ysgynsyz.
Zebani — azap beriji melekler.
Zebun — biçäre, pakyr, haldan düşen, ejiz.
Zebaniýa — dini.
Zehi — oňat, ýagşy, gözel, aýdyň; nähili oňat, nähili gözel.
Zemzeme (zamzama) — otparazlaryň seslerini çykarman okaýan dogalary; aýdym, hiňlenmek.
Zemheri — güýçli aýaz, garagyş; Bitaraplyk aýynyň 21-inden Türkmenbaşy aýynyň 31-i aralygy.
Zenbil — sebet.
Zire — tike, ownuk, azajyk; bir zadyň iň ownuk bölegi.
Zire — ok-ýarag geçmeýän söweş geýimi, sowut.
Zira — çünki, şoňa görä, şonuň üçin.
Zihi — ne hoş, ne gözel.
Zillet — peslik, ýigrenjilik, abraýdan düşmek, betbagtlyk, muşakgat, horluk.
Zire — çünki.Zähri-katyl — öldürilen.
Zuhdu-tagat — terkidünýäleriň ybydaty.
Zuht — terkidünýälik, dünýä höwes bildirmezlik.

## GOŞMAÇA DÜŞÜNDIRIŞLER

**ABY-HAÝAT** — Aby-haýat dirilik suwy, ýaşaýyş suwy diýen manyny aňladýar. Kitaplarda ol aby-zindegany, aby-jawydany, şeýle hem türkçe bengisuw diýlip hem atlandyrylýar. Dini hem tasawwuf düşünjelere görä, ol suwdan içen adam göýä hemişelik ýaşamalymyş.

Musa pygamber hakyndaky rowaýatlaryň birinde bu dirilik suwunyň tapylyşy barada şeýle gürrüň berilýär. Musa pygamber garyndaşlarynyň biri bilen iki deňiziň birleşýän ýerine baranlarynda, bir gaýanyň düýbünde uklandygy, onuň ýanyndakylaryň şol ýerdäki bulakdan ýuwunyp, nahara oturmakçy bolanlarynda iýmek üçin taýýarlan, ýagny bişirip goýan balyklarynyň üstüne ellerinden suw syçranda, ol balyk janlanyp, deňize gaçyp gidenmiş diýlip aýdylýar. Şeýdibem, aby-haýat suwunyň üsti açylýar, onuň nirededigi bilinýär.

Aby-haýat suwy barada Günbatar halklarynyň rowaýatlarynda-da ençeme maglumatlar duş gelýär. Şumerleriň «Gilgamyş» dessanynda derýalaryň gözbaşynda oturan hem-de özüne ömürlik dirilik berilen atasy Utnapişitimi tapmagyň gözlegine çykýar, derýanyň gözbaşyny agtarýar. Isgenderiň naharçysy Andreas garaňkylyklar ülkesinde akýan we ynsana ebedi dirilik berip biljek bulagy gözleýär. Andreas bir gün ýanyndaky duzly balygy golaýyndaky bulaga atanda, ol balyk dirilýär we suwda ýüzüp gidýär. Ol balygy tutmak üçin suwa girýär we ol-da ölümden gutulýar. Soňra bu wakany Isgendere

aýdyp berýär. Isgender ol bulagy näçe gözlese-de tapyp bilmeýär.

Ýehudy rowaýatlarynda-da şuňa ýakyn maglumatlar habar berilýär.

**ADAM ATA —** Beýik Biribaryň dünýäde ilkinji ýaradan ynsany. Şonuň üçin ol Abul-Beşer — adamzadyň ynsanlygyň atasy diýlip atlandyrylýar. Lakamy safyýýullah — Allanyň iň sap guly. Ýer ýüzüne ilkinji inen adam, ilkinji pygamber. Gurhany-Kerimiň «El-hijr» süresiniň 26-njy aýatynda onuň iň gözel görnüşde palçykdan ýaradylandygy aýdylýar. Gudraty güýçli Alla perişdeleri Jebraýyl, Mikaýyl, Israfyl daga ýedi gat ýerden ýedi gysym toprak getirmegi buýurýar. Emma ýer toprak bermäge razy bolmaýar. Soňra ylahy emir bilen topragy Ezraýyl getirýär. Allanyň buýrugy bilen ençeme günläp ýagmyr ýagyp toprak ýumşaýar. Melekler ýugrumyny ýetirýär. Ahyr soňunda ylahy gudrat bilen Adama şekil berilýär. Ol toprakdan, suwdan, ýelden, otdan emele gelýär. Adam ýaradylandan soňra, segsen ýyl şekilsiz, ýüz ýigrimi ýyl ruhsuz galanmyş. Alla öz meleklerine Adam Ata sežde etmeklerini buýranmyş. Azazyldan beýleki melekler oňa sežde edipdirler. Adam Atanyň toprakdan ýaradylandygyny, öz dünýäsiniň bolsa aslynyň otdandygyny tutaryk edinip, oňa sežde etmedik Azazyly Alla näletläp, jennetden kowanmyş hem-de Iblis adyny berenmiş.

Iýmesi gadagan edilen zatlardan iýenleri üçin, Adam Ata bilen How Ene jennetden kowulýar hem ýer ýüzüne iberilýär. Serendip (Seýlan) adasyna gelip düşen Adam Ata öz aýaly How Eneden aýry şol ýerde iki ýüz ýyl ýaşanmyş. Alla tarapyndan iberilen dogalary okap, günäsini ýuwanmyş. Şonuň üçin ol Safyýýullah — Allanyň sap, tämiz, dosty lakamyny alanmyş. Mundan soňra Jebraýylyň salgy bermegi bilen Arafat

dagyna gidýär hem ýanýoldaşy How Enä gowuşýar. Olar galan ömürlerini şol ýerde geçirýärler.

**AHY, AHYLAR** — XIV asyrda Kiçi Aziýada döräp, soňra Eýrana, Orta Aziýa ýaýran dini-harby «Doganlyk» atly gurama. «Ahy» türki dilindäki «aky» sözünden bolup, eliaçyk, jomart diýen manyny aňladýar diýilse-de, ol aslynda arap sözi bolmaly. «Ahy» dogan diýen manyny aňladýar. Şonuň üçin, bir şäherdäki, bir obadaky ahylaryň baştutany «ahy-baba», «ahy-şyh» diýlip atlandyrylýar. Ahylar bir-birlerini dogan saýýarlar hem-de berk düzgün-tertibe eýerýärler. Ahylar baradaky maglumatlar türkmen klassyky edebiýatynda duş gelýär.

**ARAFAT DAGY** — Mekgede bir dagyň ady. Rowaýatda Adam Ata bilen How Ene jennetden kowulandan soňra, olar şol ýerde ýaşapdyr diýlip aýdylýar. Mekgä haja baranlar arafada güni we arafa gijesi ol dagda bolýarlar. Gurhanyň «Bakara» süresiniň 198 aýatynda Arafat dagynyň ady gelýär.

**DAWUT PYGAMBER** — Dawut ýewreý patyşalarynyň we pygamberleriniň iň irkileriniň biri hasaplanýar. Süleýman pygamberiň atasy Dawut biziň eýýämimizden öň 1033-962-nji ýyllar aralygynda ýaşap, 71 ýaşynda aradan çykypdyr. Gadymy ýewreý sözi bolan Dawut «Eziz dost» diýen manyny aňladýar. Dawut ýaşlykda çopançylyk edipdir. Ol Şaul patyşanyň gyzyna öýlenýär. Ol aradan çykandan soň, Ysraýyl döwletiniň patyşasynyň tagtyna eýe bolýar. Ol özüne Iýerusalymy paýtagt edinýär. Dawut merkezleşen döwlet gurýar. Ol kyrk ýyla golaý döwleti dolandyrýar. Dawudyň örän ýakymly sesi bar ekeni. Ol «Zebury» örän hoş owaz bilen okar ekeni. Dawut gelşikli sowut ýasamagy başarypdyr. Şonuň üçin türkmenler arasynda Dawut demiriň piri diýlip tanalypdyr.

**DIWAN** — Aslynda döwleti dolandyryş işleriniň alnyp barylýan ýeri, maliýa işleriniň edarasy, kabulhanalar diwan diýlip atlandyrylypdyr. Ol ýygnanyşyk, mejlis, huzur diýen manylary hem aňladypdyr. Şu pikirden ugur alnyp, şahyrlaryň eserler ýygyndylary-da diwan diýlip atlandyrylypdyr. Diwan esasan gazallary özünde jemläpdir. Ol kasydalar, gazallar, rubagylar diwanlary diýlip hem atlandyrylypdyr. Hatda mesnewileriň ýygyndysynyň-da diwan diýlip atlandyrylan halatlary bolupdyr.

Ferideddin Attaryň «Mantyk at-taýri» mesnewisine diwan diýilýär.

Bu adalga arap, pars edebiýatynda ýörgünli ulanylyp, soň ol türki edebiýata hem ornaşypdyr. Imadeddin Nesimi, Alyşir Nowaýy, Muhammet Fuzuly, Baýram han we beýleki söz ussatlary diňe türkmen dilinde diwan döretmek bilen çäklenmän, arap, pars, dilindäki diwanlaryny-da düzüpdirler.

Diwanlar köplenç elipbiý tertibinde düzülipdir. Onda her şygryň kapyýasynyň ahyrky harplary arap harplarynyň ýerleşiş tertibinde yzygiderlikde getirilipdir.

Şahyrlar birden tä alty-ýedä çenli şygyrlar diwanyny döredipdirler. Nesimi, Fuzuly, Baýram han iki, Nowaýy bäş, Hysrow Dehlewi ýedi sany diwanyň eýesidir.

**DÖRT KITAP** — Alla tarapyndan pygamberlere dört sany kitap iberilýär. Musa pygambere «Töwrat», Isa pygambere «Injil», Dawut pygambere «Zebur», Muhammet pygambere «Gurhany» asmandan inýär.

**DÖRT GAPY** — Tasawwuf ýörelgesinde geçilmeli dört gapy ýa-da dört makam (menzil hem diýilýär) şulardan ybarat:

Şerigat, tarykat, magrypat, hakykat. Her gapynyň on edebi on makam saýylýar.

**EÝÝUP** — Ir zamanda öten pygamberleriň biri. Mal-mülki, nebereleri-de köp bolupdyr. Şeýtanyň «Sen oňa eýle kän baýlyk berdiň. Ol bolsa saňa il ýüzüne gulluk edýär» diýip ýamanlany üçin, Taňry ony synap görýär. Eýýup ähli mal-mülkünden, neberelerinden mahrum bolýar. Özü-de näsaglaýar. Ahyrda Taňry onuň dogasyny kabul edip, oňa öňküden-de kän baýlyk, öwlat eçilýär.

**EZRAÝYL** — Taňra golaý dört perişdäniň biri: Jebraýyl, Mikaýyl, Ysrapyl, Ezraýyl. Ezraýyl «melekil-möwt» diýip hem atlandyrylýar. Taňry Adamy ýaratmakçy bolanda, toprak alyp gelmek üçin melekleri-perişdeleri iberýär. Melekleriň köpüsi bu ýumuşy ýerine ýetirip bilmeýärler. Diňe Ezraýyl muňa hötde gelýär. Şonuň üçin Taňry oňa ölüm melegi bolmagy tabşyrýar.

**HYDYR (HYZYR)** — Musa pygamberiň zamanynda ýaşap geçen erenleriň biri hasaplanýar. Dini rowaýatlarda aýdylyşyna görä, Hydyr, Ylýas hem Isgender üçüsi aby-haýat (aby-haýwan) suwunyň (dirilik suwunyň) gözlegine çykýarlar. Zulmat atlandyrylýan tümlüge — garaňkylyga duş gelýärler. Isgender howatyr edip, ol garaňkylyga gitmeýär. Hydyr bilen Ylýas tümlügiň içinden geçip, aby-haýat suwuny tapýar hem-de ondan ganyp, ebedi dirilige eýe bolýarlar. Hydyr sözi «ýaşyl, ýaşyllyk» diýen manyny aňladýar. Halk rowaýatlarynda aýdylyşyna görä, Hydyr agyr ýagdaýa, kyn güne düşenlere, azaşanlara kömege ýetişýän halasgär hasaplanýar. Türkmenler Hydyr gören zatlary Allanyň nazar salan zatlary, Hydyr gören adamlary bolsa bagtly adamlar saýýarlar.

**ISA PYGAMBER** — Muhammetden öň bolup geçen pygamber. Ol Mesih, Abdylla (Allanyň guly), Resulalla (Allanyň ilçisi), Salyh (dindar), Ruhulla (Allanyň sözi) diýlip Gurhanda atlandyrylýar. Alla tarapyn oňa keselleri bejermek, ölä jan bermek, körleriň gözüni açmak ýaly gudratlar berilýär.

Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, Isa pygamber Palestinanyň Beýtullahy obasynda eneden bolýar. Ejesi Bibi Merýem durmuşa çykmazdan Allanyň gudraty bilen göwreli bolýar hem-de ony dünýä inderýär. Isa pygamber diýlip yglan edilende, onuň duşmanlary «Sen öňden gelýän dini kada-kanunlary bozýarsyň» diýip, ony haja çüýleýärler hem-de gynap öldürýärler.

Soňra ol kepenlenip bir dagyň gowagynda goýulanmyş. Üç gün geçenden soň direlenmiş, bir salym ýer ýüzünde galyp, dostlaryna görünenmiş, soňra-da asmanda gaýyp bolanmyş. Häzir hem ol belli-belli wagtlarda käbir adamlara görünýärmiş diýlip aýdylýar.

Türkmenleriň arasynda dünýä ahyrzaman bolanda, Asmandan Isa, ýerden Mäti döremeli diýen ynanç bar. Gurhanda Isanyň ölümi inkär edilýär. Duşmanlary haja çüýläp, öldürdik diýseler-de, Isa ölmeýär. Onuň garşydaşlarynyň göwnüne ol ölen ýaly görünse-de, ondan öň Alla tarapyndan asmana äkidilýär.

Yslamyň keramatly kitaby Gurhanda Isanyň dogluşy, onuň keramatlary, öz kowumlaryny heläkçiliklerden halas edişi, onuň ölümi barada giňden gürrüň berilýär.

Alla tarapyn Muhammede «Gurhanyň» iberilişi ýaly Isa-da asmandan Biribar tarapyndan «Injil» iberilýär.

**ISGENDER** — Gündogar halklarynyň arasynda Isgender Zülkarneýin, ýagny iki şahly Isgender ady bilen giňden tanalýan taryhy şahs bolup, adyl hökümdar, gaýduwsyz gahryman, beýik serkerde hökmünde giňden meşhurlyk

gazanypdyr. Onuň hakyky ady Aleksandr Makedonskiý bolup, Makedoniýanyň patyşasy Filip ikinjiniň ogludyr. Ol biziň eýýämimizden öň 356—323-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçipdir. Isgender biziň eýýämimizden öňki 336-njy ýyldan patyşalyk edip başlaýar. Ol dünýäniň köp ýurtlaryna ýörişler edip, ençeme ýurtlary basyp alýar. Isgender Eýrany, Arabystany, Hindistany we başga-da ençeme ýerleri öz golastyna geçirýär. Gündogar hem Ýewropa halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň hem halk döredijilinde, ýazuwly edebiýatynda Isgendere bagyşlanyp, ýüzlerçe, müňlerçe eserler döredilipdir. Nyzamy, Hysrow Dehlewi, Nowaýy dagy bäş poýemany özünde jemleýän meşhur «Hamsa» atly eserleriniň bir poýemasyny Isgendere bagyşlapdyrlar. Gündogarda ençeme şäherler, galalar, obalar, aýry-aýry rabatlar, kerwensaraýlar Isgenderiň adyny göteripdir. Ol halk arasynda şa hökmünde giňden adygypdyr.

**JEBRAÝYL** — Dini düşünjä görä, Jebraýyl (Gawriil) Hudaýyň sözlerini — Gurhanyň sürelerini Muhammet pygambere ýetiren habarçy perişde. Jebraýyl Taňry gudraty, Taňry guly diýen manyny aňladýar. Ol Gurhanda «Ruh», «Ruhul-Kuddus», «Ruhul-Emin» diýlip atlandyrylýar.

**JENNET** — Jennet «uçma», «behişt» hem diýlip atlandyrylýar. Ahyretde möminlere wada edilen bag. Jennet bagy näz-nygmatlaryň, bolçulygyň, gözelligiň, sapaly ýaşaýşyň ýeri hasaplanýar. Rowaýatda aýdylyşyna görä, jennet bagy sekiz sany bolup, olaryň hersiniň özüne ýetesi aýratynlygy, artykmaçlyklary barmyş. Sekiz behişt bagynyň atlary şular bolmaly:

1. Daryl-Jenan.
2. Darus-Salam.
3. Jennetul-Mäwa.

4. Jennetul-Huld.
5. Jennetul-Nagym.
6. Jennetul-Firdöws.
7. Darul-Baka.
8. Jennetu-Adn.

**JIRJIS** — Yslam rowaýatlaryna görä, Isa pygamberden soňra gelen, oňa uýan bir pygamber. Ol biziň eýýamymyzyň 303-nji ýylynda aradan çykýar. Duşmanlary ony ýetmiş sapar öldürenmişler. Ol ýene ýetmiş iki ýola direlenmiş.

**KAP DAGY** — Mifiki dag ady. Ertekilerde aýdylyşyna görä, Kap dagy örän uly bolup, ýeriň daşyny gurşap alýarmyş. Jynlar, şeýtanlar, döwler bu dagda ýaşaýarmyş. Aždarhalar-da melekler tarapyndan otdan zynjyr bilen baglanyp, şol dagyň aňyrsyna taşlanýarmyş. Ertekilerde taryplanýan Anka atly guş adamlardan uzakda, Kap dagynda ýaşaýan hasaplanýar. Anka ady bar-da özi ýok diýen düşünjäni aňladýar.

**KARUN** — Töwratda ady tutulýan, zady ýere-göge sygmaýan tüçjar baý. Musa pygamberiň döwürdeşi bolan Karun şol döwürde dini wagyz-nesihatlary diňlemedik, Allanyň; barlygyny ykrar etmedik Pyrgaun, Haman dagy bilen birlikde betbagtçylyga uçraýar. Allanyň gudraty bilen ýer ýarylyp Karuny hem onuň öýüni ýer ýuwudýar. Şeýdibem, özüniň baýlygyna, mal-mülküne baýrynyp, özüni dünýäde iň bagtly, iň zor hasaplap ýören adam hiç kim bolup galýar. Muny gören adamlar adamyň bagtynyň, ynsan mertebesiniň baýlyk bilen, mal-mülk bilen ölçerilmeýändigine göz ýetirýärler hem-de toba gelýärler. Müsürde Karunyň öýüniň ýer ýuwdan ýeri diýip ençeme köli, suw ýygnalan ýerleri görkezýärler. türkmenler arasynda Karun harsydünýäligiň, doýmaz-dolmaz açgözlügiň alamaty hasaplanýar.

**MANSUR** — Tasawwufyň belli wekili Abul-Mugis al-Huseýin bin Mansur (858—922) sopuçylyk garaýyşlaryny wagyz-nesihat edeni üçin jezalandyrylýar. Mansur Eýranyň günortasynda Pars welaýatynyň Beýzo obasynda dogulýar. Onuň atasy Muhamma otparaz bolupdyr. Onuň kakasy yslamy kabul edýär.

Mansuryň kakasy Wasit şährine göçüp barýar. Şol ýerde ol ylym-bilim alýar. Kämillik ýaşyna ýetende, ol Tustarda, Basrada şol döwrüň belli sopularyndan tälim alýar. Bagdat şäherinde zamanasynda ady belli Jüneýit hem Sufýan bilen tanyşýar. Soňra Mekgä haja gidýär. Köp ýurtlara: Hindistana, Türküstana, Horasana, Mawerennahra syýahat edýär. Mansur ençeme eserler ýazýar. Onuň 46 sany kitaby belli.

Mansur «Enel-Hak» — «Men Hak» («Men Hudaý») diýeni üçin, ony dinsizlikde aýyplap Bagdatda tussag edýärler. Soňra ony tussaglykdan çykaryp, kän gynaýarlar, agyr jezalandyrýarlar — müň çybyk urýarlar. Soň onuň el-aýagyny kesýärler, oda ýakyp, külüni Tigr derýasyna atýarlar. Şondan soňra onuň ady hak söz ugrunda berk duran, gaýduwsyz, sözünden dänmeýän, ynsan mertebesine belent sarpa goýýan, adalat ugrunda berk göreş alyp barýan gahryman şekilinde Gündogar ýurtlaryna ýaýraýar. Ferideddin Attar, Abu Sagyt, Abdyrahman Jamy, Hafyz, Imadeddin Nesimi, Magtymguly ýaly beýik söz ussatlary oňa uly hormat goýupdyrlar. Türkmen halk döredijiliginde, klassyky edebiýatda Mansuryň ady ýygy-ýygydan duş gelýär.

**MUHAMMET PYGAMBER** — Muhammet yslam dinini esaslandyryjy, musulmanlaryň pygamberi, Allanyň resuly. Ol 570-nji ýylda Mekgede dünýä inýär. Ol araplaryň Haşymylar ogullarynyň kuraýyşlar taýpasyndandyr. Muhammet ýaşlykda ýetim galýar. Ol heniz dünýä inmänkä

kakasy Abdylla söwda gidende aradan çykýar. Alty ýaşyna ýetende bolsa, ejesi Emine dünýäden ötýär. Ony ekläp-saklap ýören babasy Abd al-Mutallyp hem kän wagt geçmänkä ýogalýar. Ol agasy Abu Talybyň elinde galýar. Ol agasy bilen Siriýa söwda gidýär. Agasy Abu Talybyň teklibi bilen ýigrimi bir ýaşyna ýetende Huwaýlit ibn Asadyň gyzy Hatyjanyň iş dolandyryjy bolup işe başlaýar. 595-nji ýylda Hatyja öýlenýär.

Muhammet kyrk ýaşynda Mekgede dini oýlanmalar, agtaryşlar bilen içgin gyzyklanyp başlaýar hem-de özüni pygamber we Allanyň ýerdäki wekili diýip yglan edýär. Köp wagt geçmänkä Mekgäniň atly söwdagärleriniň ençemesi onuň taglymatyna goşulýarlar. Onuň tarapdarlarynyň sany elli töweregi bolýar. Emma beýleki mekgeliler, ylaýta-da täsiri uly bolan kuraýyşlar Muhammediň taglymatyna duşmançylyk bilen garşy çykýarlar. Muhammediň tarapdarlary Hebeşistana (Efiopiýa) göçüp gitmäge mejbur bolýarlar. 620-nji ýylda Hatyja, soň agasy Abu Talyp aradan çykýar. Mekgede ýagdaý has çylşyrymlaşýar. 622-nji ýylda Muhammet öz maşgalasyny we ýakyn adamlaryny alyp, Mekgeden Medinä göçýär. Şol ýyldan musulman ýyl ýazgysy – hijri ýyl hasaby başlanýar. Şondan soň öňki Ýasryp şäherine Medine an-naby (pygamberiň şäheri) diýen at berilýär. Muhammet Allanyň ýerdäki wekili, jemagaty ylahy öwüt-ündewleri, kada-kanunlary ýerine ýetiriji pygamber diýlip, giňden adygyp başlar. Şol döwürde Medinede töweregine toplanan muhajirleriň we ensarylaryň hem dini, hem dünýewi, hem harby baştutany bolýar. Bu jemagat Arabystanda öňden dowam edip gelýän gandüşer garyndaşlyk, urug-taýpaçylyk esasynda däl-de, eýsem dini taglymat esasynda dolandyrylyp başlaýar.

Hijriden soň Medinäniň araplarynyň uly topary Muhammediň tarapyna geçýär. Mekgelilere garşy ykdysady hem harby uruşlar yglan edilýär. 624-nji ýylda Bedr, 625-nji ýylda Uhut uruşlary bolup geçýär. 626-njy ýylda mekgeliler

medinelilere garşy güýçli zarba urmak maksady bilen uly harby ýörişi başlaýarlar. Muhammet olary yzyna gaýtarmak üçin uly taýýarlyk görýär. Netijede mekgeliler tarapyndan guralan Medine gabawy puja çykýar. 630-njy ýylda Mekge hiç bir söweşsiz Muhammede boýun egýär hem-de yslam domininiň merkezine öwrülýär. Ol ýerdäki butparazlaryň butlary dargadylýar. 631-nji ýylda araplaryň, köp taýpalary Muhammediň yzyna eýerýärler hem yslam dinini kabul edýärler.

Hezreti Muhammede ilki nebilik, soňra-da pygamberlik berilýär. Muhammet kyrk ýaşlaryndaka oňa ylahy wahý gelýär hem-de ýigrimi üç ýyllap pygamberlik süren döwri başlanýar. Alla tarapyn oňa musulmançylygyň keramatly kitaby Gurhany-Kerim iberilýär.

Hijriniň onunjy ýylynda, ýagny 632-nji ýylda ähli maşgalasy bilen Mekgä ilkinji hem ahyrky sapar zyýarat edýär. Şondan bäri hem musulmanlar asyrlar dowamynda zyýarat edýärler — haja gidýärler. Şol zyýaratdan üç aý geçenden soň, 632-nji ýylda anna güni ol Medinede aradan çykýar. Muhammet pygamberleriň iň soňkusy hasaplanýar.

**MUSA PYGAMBER** — Dini rowaýatlarda aýdylyşyna görä, biziň eramyzdan 157 ýyl öň ýaşap geçen pygamber. Keramatly dört kitabyň biri hasaplanýan Töwraty wagyz edýär. Musa Ramses ikinjiniň zamanynda eneden bolýar. Hasapdanlar Müsürde adatdan daşary bir çaganyň dünýä injekdigini, soňra onuň Müsür tagtyna eýe boljakdygyny habar berýärler. Pyrgaun bu habary eşidenden soň, ýewreýleriň täze doglan erkek göbekli çagalarynyň ählisini öldürmeli diýip, perman çykarýar. Haçanda Musa doglanda, ejesi ony üç aýlap gizläp saklaýar. Soňra bolsa Musany bir sebede salyp, Nil derýasynda akdyryp goýberýär. Akyp gelýän sebedi Pyrgaunyň gyzy derýadan çykaryp alýar we öýüne äkidip seredip başlaýar. Oňa

Musa diýen at goýýar. Ol «mu» hem «sa» diýen sözden düzülip, «mu-tabyt», «sa-suw» diýen manyny aňladýar.

Musa Pyrgaunyň köşgünde terbiýelenip, ese-boýa galýar. Günleriň birinde bir ýewreýe azar berip duran müsürlini öldürýär. Şondan soň ol ýurtdan çykyp gitmäge mejbur bolýar. Sährada çopançylyk edip gezýär. Müsüre gaýdyp gelmezinden öň pygamber diýlip yglan edilýär.

Alla tarapyn Musa pygambere dokuz keramat (mugjuza) berilýär: hasasy ýylana öwrülýär, öz elinde pis keselini döredip, ýene-de ony keramatyň güýji bilen bejerip bilýär. Emma Pyrgaun onuň bu keramatyna şübhelenýär, oňa azar berip başlaýar. Musa pygamber ýene Müsürden çykyp gitmäge mejbur bolýar. Ol öz raýatyny tirkäp, Gyzyl deňizinden geçýärler. Musanyň hasasynyň gudraty bilen deňiziň suwy iki bölünip, olara ýol berýär. Ol öz kowumlaryny Tur dagyna eltýär. Olar Allany görmek isleýändiklerini aýdýarlar. Hezreti Musa özlerine görünmegini haýyş edip, Alla ýalbarýar. Onuň dilegi kabul bolýar. Asmandan Tur dagyna güýçli nur dökülýär. Onuň güýçli täsiri bilen hemmeler huşundan gidýär. Hezreti Musa özüne gelenden soň, ýanyndakylary-da huşuna getirýär. Şol wakanyň bolup geçen wagtynda, beýleki pygamberlerde bolşy ýaly, Musa pygambere wahý bolup, Allanyň; emri bilen Töwrat gowşurylýar. Onuň «Kelim», «Kelimulla» diýlip atlandyrylmagy hem şonuň bilen bagly.

Türkmenler Musany goýnuň piri diýip atlandyrýarlar.

**NUH** — Adam Atanyň agtyklarynyň biri. Uly bäş pygamberiň biri saýylýar. Onuň zamanynda uly azgynçylyklar, erbetlikler, haramlyklar, ahlaksyzlyklar başlanýar. Taňry Nuh pygamberi ynsanlary gowulyga çagyrmaga iberýär. Ol dokuz ýüz ýyllap adamlary adamkärçilige, ýagşylyga çagyryp, wagyz-nesihat işlerini geçirýär. Emma adamlar ony diňlemeýärler, oňa gulak asmaýarlar, toba gelmeýärler. Taňry

oňa bir gämi ýasap, toba edenleri, şeýle hem dünýädäki janly-jandarlaryň ählisinden bir jübtüni şoňa ýygnamagy talap edýär. Nuh pygamber bu işi ýerine ýetirýär. Şondan soňra Taňrynyň emri bilen asmandan dynman ýagyş ýagýar, ýerdenem çogup suw çykýar hem-de bütin dünýäni suw basyp, ähli janly-jandarlar heläk bolýarlar. Bu hadysa — bütin dünýä heläkçiligi Nuhuň tupany diýlip atlandyrylýar.

**NOWŞIRWAN (ANUŞIRWAN)** — Eýran patyşalygynyň sasaniler döwrüniň 21-nji patyşasy. Çyn ady Hysrow bolup, Nowşirwan lakamydyr. Araplar ony Kesra atlandyrýarlar. Kakasy Keý Kubat aradan çykandan soň, ýagny 531-nji ýylda tagta çykýar. Nowşirwan Gündogar halklarynyň arasynda iň adyl hökümdar hökmünde adygýar. Şonuň üçin hem onuň ady hemişe Nowşirwan adyl diýlip tutulýar. 579-njy ýylda aradan çykýar.

Muhammet pygamber bu hökümdaryň zamanynda dünýä inýär. Şonuň üçin hezreti pygamber «Men bir adyl patyşanyň zamanynda doguldym» diýip aýdanmyş.

**PERHAT** — Perhat Gündogar halklarynyň arasynda giňden ýaýran kyssanyň baş gahrymany. Ol sasaniler döwründe ýaşap geçen taryhy şahs bolmaly. Ol «Perhatnama», «Perhat bilen Şirin», «Şirin-Perhat», «Hysrow we Şirin» atly we beýleki ençeme eserlerde esasy gahryman bolup gelýär. Bu sýužeti ilki Nyzamy Genjewi, soňra Hysrow Dehlewi, Hatyfy, Alyşir Nowaýy we beýlekiler işläpdirler. Türkmen klassyklarynyň eserlerinde onuň ady ýygy-ýygydan duş gelýär.

**SÜLEÝMAN** — Gurhanda ady gelýän, ýewreýleriň pygamberi, gadymy akyldar patyşa Süleýman biziň eramyzdan öň 1016 ýyl, başga bir maglumata görä, 1001 ýyl patyşa bolýar. Ol Dawut pygamberiň (1033—962) ogly. Ol ýaşlykdan

zehinliligi, pähimliligi bilen deň-duşlaryndan tapawutlanýarlar. Şonuň üçin ol «Hekim» diýen at alýar. Alla tarapyndan oňa adatdan daşary ukyp, başarnyk, güýç-kuwwat berilýär. Ol ähli janly-jandarlaryň diline düşünýär. Hudaý oňa ýeliň ygtyýaryny berýär. Süleýmanyň ajaýyp ýüzügi bolup, şonuň kömegi arkaly uly güýje, bilgirlige eýe bolýar. Ol kän baýlyk toplaýar. Ol ajaýyp binalaryň ençemesini gurýar. Ol döwlere, aždarhalara, jynlara hökmüni ýöredýär. Süleýmanyň at-owazasy dünýä ýaýraýar. Saba şäheriniň şasy Bylkys ony görmäge gelýär. Süleýman Bylkysa aşyk bolýar hem-de oňa öýlenýär.

Süleýman biziň eramyzdan öňki 976 (ýa-da 962)-nji ýylda aradan çykýar. Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, ol öz hasasyna söýenip durka jan berýär. Gurçuklar, mör-möjekler hasany iýip gutaranda, ol ýere ýykylýar. Şoňa çenli döwler, jynlar özleriniň erkin bolanlaryny bilmän galýarlar.

Süleýman patyşalygynyň daşyndan sebet örmek bilen-de meşgullananmyş, ençeme kitaplar hem ýazanmyş. Onuň «Agany» («Aýdymlar»), «Hikmet» atly kitaplary, öwüt-nesihatlary bolupdyr.

Süleýman türkmenler arasynda-da giňden adygypdyr.

**YBRAÝYM** — Araplaryň hem ýewreýleriň umumy ata-babalaryndan bolan Ybraýym ilkinji ýeke hudaýlylygy wagyz eden pygamber. Onuň ýörgünli ady Halylulla (Hudaýyň ýöri dosty) bolmaly. Şeýle hem ol ymam (toparyň; başlygy), syddyk (dogruçyl), hanyf (ýeke hudaýlylygy wagyz eden) diýlip atlandyrylypdyr.

Ybraýymyň ömür beýanynyň belli-belli pursatlary Gurhanda ençeme ýerde anyk beýan edilýär. Ol ýaşlykdan butlara ynanmagyň, olara çokunmagyň mynysyzdygyny duýup başlaýar. Ol Günden, Aýdan, ýyldyzlardan hakyky Hudaýy gözläp başlaýar. Ahyrda onda ýeke-täk Alla ynam döreýär. Ýöne kakasyna we öz halkyna bu ynamy düşündirmek aňsat

bolmaýar. Ahyrda-da öňki dini ynançlara garşy gideni üçin, ony Babylyň häkimi Nemrut oda taşlaýar. Emma Allanyň gudraty bilen, oňa ot täsir etmänmiş. Dini rowaýatlara görä, Ybraýym 170 ýaşap, aradan çykýar. Onuň iki ogly, ýagny Sara atly aýalyndan Yshak, Hajar atly aýalyndan Ysmaýyl bolýar.

Ybraýym öz ogly Ysmaýyl bilen Mekgede Käbäniň binasynyň düýbüni tutýar hem-de ony gurup başlaýar. Düýşünde Alla onuň ogluny gurban bermegi talap edýär. Ybraýym uly synagdan geçýär. Ogly Ysmaýyly gurban etjek bolanda, Allanyň gudraty bilen onuň ýerine asmandan bir goç gönderilýär. Şondan soňra ol iň sahy, iň jomart adam hasaplanyp başlanýar.

Türkmenler arasynda Ybraýym pygamber hakyndaky rowaýatlaryň birnäçesi aýdylyp gelýär. Şol rowaýatlar esasynda halk döredijiliginde we nusgawy edebiýatyň taryhynda ululy-kiçili eserleriň ençemesi ýazylypdyr.

## TÜRKMEN GOJASY–ÝUNUS EMRE

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada edebi mirasymyza degişli gymmatly maglumatlar berýär. Ençeme beýik söz ussatlarymyzyň döredijiliginiň häzirki zaman ähmiýetini kesgitläp, olary öwrenmegiň, il-halka ýetirmegiň anyk ýollaryny salgy berýär. Şeýle şahyrlaryň biri-de Ýunus Emredir.

Ýunus Emräni ýazuwly nusgawy edebiýatymyzyň sakasynda duran şahyrlaryň biri hasaplamak bolar. Dogry, ondan öňki döwre degişli hem edebiýatymyzyň ýazuw ýadygärlikleri az däl. Muňa Oguz-Orhon ýazuw ýadygärliklerini, Mahmyt Kaşgarlynyň «Lugat et-türk» atly sözlüginde peýdalanylan çeper eserleri, Ýusup Balasagunlynyň «Kut adgu bilig» atly uly göwrümli kitabyny, Aly şahyryň «Kyssaýy-Ýusup» (Ýusup kyssasy) eserini we beýlekileri ýatlamak ýeterlik bolsa gerek. Ýunus Emräniň döredijiligi ýatlanan eserlerden özüniň milliliginiň, halkylygynyň güýçlüdigi bilen tapawutlanýar. Ine, şonuň üçinem belent mertebeli Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň Mukaddes Ruhnamasynda beýleki birnäçe şahyrlar bilen birlikde Ýunus Emräniň-de türkmen halkynyň milli buýsanjy, eserleriniň bolsa häzirki zaman okyjysy üçin örän düşnükli bolup durýandygy barada şeýle ýazýar:

**«Türkmen asyrlarboýy diliniň, sazynyň hem döwre guramasynyň arassalygyny, özboluşlygyny saklamagy**

**başarypdyr. Munuň aňyrsynda onuň milli buýsanjy–özüne göwni ýetmesi bar. Hut şonuň üçinem, tas müň ýyl mundan ozal ýazylan eserleri-de arkaýyn okap oturmaly. Hoja Ahmet Ýasawynyň, Ýunus Emräniň, Nowaýynyň, Nesiminiň, Fizulynyň eserlerini ýa-da «Gorkut ata» eposyny okanyňda türkmen ruhunyň baýlygy buýsandyrýar. Diliň arassalygyny saklamak nesilleriň arasyndaky üznüksizligi üpjün edýär we milletiň ömrüni uzaldýar»[1].**

Beýik söz ussatlary geljek nesillere edebi, ruhy, çeperçilik gymmatlyklary miras galdyrmak bilen, öz halkynyň dilini-de timarlaýar, kämilleşdirýär, baýlaşdyrýar, ösdürýär. Çeper döredijilikde halkyň ruhy dünýäsine aralaşmak üçin ilki bilen onuň dilini, halk döredijiligini, taryhyny, dini-durmuşy garaýyşlaryny oňat bilmeli. Şahyr halk dilini, halk ýaşaýşyny näçe gowy bilse, onuň eserleri-de şonça kämil bolýar.

Ýunus Emre dünýä meşhurlygyny gazanan beýik söz ussatlarynyň biri hasaplanýar. Indi ýedi ýüz ýyldan gowrak wagt bäri onuň eserleri okalyp, halkyň elinden, dilinden düşmän gelýär. Onuň şygyrlary ozanlaryň, aşyklaryň, bagşy-sazandalaryň ylham joşgunyny arşa göterýär. Türkmen edebiýatynyň köp asyrlyk taryhy «Gorkut ata», «Görogly» ýaly dünýä meşhur şadessanlary, Hoja Ahmet Ýasawy, Jelaleddin Rumy, Ýunus Emre, Ymameddin Nesimi, Garajaoglan, Muhammet Fizuly, Baýram han ýaly ençeme şahyrlaryň edebi mirassyny kanuny suratda öz içine alýar. Belent Mertebeli Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bu babatda şeýle diýýär:

**«Türkmen edebiýatyny, türk edebiýatyny «Gorkut atasyz», «Göroglusyz», Hoja Ahmet Ýasawysyz, Ýunus Emresiz, Garajaoglansyz, Magtymgulusyz, Jelaleddin**

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama, Aşgabat, 2001, 175 sah.

**Rumusyz göz öňüne getirip bolarmy? Biz türkmen-türk edebiýatynyň bu äpet sütünleriniň ömri-döredijiligini täzeden öwrenip, halkymyza ýetirmek üçin peýdaly işleri etmelidiris».**[1]

Dürli sebäplere görä, Türkmenistanyň çäklerinden uzaklara düşüp galan hem bolsa, Ýunus Emre ömrüni türkmen ruhy bilen ýaşap, ölmez-ýitmez eserlerini-de türkmen ruhy bilen timarlapdyr. Ine, şonuň üçinem, öz döwründe beýik pelsepeçi alym, köňülleriň soltany Jelaleddin Rumy ony uly hormat bilen Türkmen gojasy diýip atlandyrypdyr.

«...Manewi (ruhy) menzilleriň haýsy mertebe belentliklerine aýak bassam, öňümden Türkmen gojasy Ýunus Emräniň aýak yzlary çykdy. Men ony basyp ötmedim».[2]

Ýunus Emre bilen Jelaleddin Rumy ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. Ýunus Emrä Rumynyň diýseň göwni ýetýär. «Zer gadryny zergär biler» diýlişi ýaly, şygryýet dünýäsinde Ýunusyň täze dörän bir tebigy zehindigine, onuň çeper döredijilik äleminiň esasynda oguz-türkmenleriniň edebi mirasynyň ýatýandygyna, iň esasy hem şygyrlarynda türkmen diliniň inçeliklerine aýratyn üns berendigi üçin, ony türkmen gojasy diýip atlandyrypdyr.

Şondan soňra Ýunus Emräniň ikinji ady il arasynda «Türkmen gojasy» diýen görnüşde ýörgünli bolup gidiberýär. Şahyryň döredijiligini öwrenijiler hem bu ady alyp göterýärler. Sabahatdin Eýubogly şahyryň diwanynyň 1971-nji ýylda çykan neşirine ýazan sözbaşysynda «Şahyrlar şahyry, ynsanlar ynsany, garyplar garyby, dostlar dosty türkmen gojasy Ýunus Emre» ýa-da «Bu türkmen gojasy Anadoly halky bilen birlikde dürli ynanç köprülerinden geçipdir» diýen bolsa, şahyryň diwanynyň tankydy tekstini düzen Mustapa Tatçy hem özüniň

[1] Saparmyrat Türkmenbaşynyň pähimleri, sargytlary, Aşgabat, 1995, 80 sah.
[2] Kiprüli F. Türk edebiýatynda ilk musawwyflar, Ankara,1991, 279 sah.

ylmy derňewlerinde şol pikiri tekrarlapdyr: «Ýunus Emre XIII asyrda oguz türkmenleriniň sözleşen hem ýazan dilinde eser döreden ýazuwly edebiýatyň iň uly wekilidir».[1]

Ýunus Emräniň edebi mirasyny öwreniji beýleki alymlaryň köpüsi hem şahyr öz eserlerini oguz-türkmen dilinde ýazypdyr diýen pikiri öňe sürýärler. Belli gündogarşynas F.Köprüli «Türk edebiýatynda ilk matasawwuflar» atly kitabynda bu barada giňden durup geçýär. Ol seljuk türkmenleriniň Jeýhun hem Syrderýa arasyndan göçüp, Kiçi Aziýa baranlaryndan soňra, olaryň arap, pars dillerine ýykgyn edendiklerini, oguz-türkmen diliniň bolsa belli bir derejede gysylyp gelendigini aýtmak bilen, şol zamanda hem yslam dinini jemagata ýetirmekde türkmen dilinde belli-belli kitaplaryň bolandygyny, şeýle hem Jelaleddin Rumy, Dehkany, Soltan Welet, Hajy Bekdaşy Weli ýaly türkmen dilinde eser ýazan şahyrlaryň bolandygyny habar bermek bilen, Ýunus Emräniň bu ugurda uly öňe gidişlikler gazanandygyny nygtap geçýär. Alym Ýunus Emräniň we beýlekileriň oguz-türkmen dilinde eser ýazandyklaryna aýratyn üns bermek bilen, soňra bu edebi ýörelgäniň "osmanlyja diliniň" (muňa diwan edebiýatynyň dili diýmek hem mümkin) kemala gelmeginde ähmiýetiniň uly bolandygyny ylmy esasda düşündirýär:

«Ýunus Emre XIII asyrda Anadoly ýurdunda oguz-türkmenleriniň gepleşik hem ýazuw dilini hakyky manysynda esaslandyrypdyr».[2]

Ýunus Emre diňe bir öz döwründe ýörgünli hasaplanan Gündogar edebiýatynyň kada-kanunlaryna, ýörelgelerine ýykgyn etmän, oguz türkmenleriniň gadymdan dowam edip gelýän edebi däplerine eýermäge, ony baýlaşdyrmaga, ösdürmäge aýratyn üns beripdir. Şol bir wagtyň özünde-de

---

[1] Mustafa Tatçy. Ýunus Emre diwany. I jilt. Inçeleme, Ankara, 1990, 66 sah.
[2] Kiprüli F. Türk edebiýatyna ilk musawwyflar, Ankara, 1991, 231 sah.

türkmen edebiýatyny arap-pars edebiýatynyň täsirlerinden saplamagy, onuň halkylygyny, milliligini ösdürmegi özüniň watançylyk borjy hasaplapdyr. Sebäbi Kiçi Aziýada Seljuk döwleti berkarar bolandan tä XIII asyryň ahyrlaryna çenli arap-pars dili döwlet dili hökmünde ulanylyp, edebiýat, sungat hem şol dilde alnyp barlypdyr. Ýunus Emre ilkinji bolup, Anadolyda halkyň edebi gepleşik dilindäki uly edebiýaty, onda-da dünýä meşhurlygyny gazanyp bilen ýazuwly edebiýaty esaslandyrdy. Ýazuwly edebiýaty halk durmuşyna ýakynlaşdyrdy, ony halkyň hyzmatyna gönükdirdi. Oguz edebiýatyna täzeçe jan berdi, onuň geljek asyrlara, geljek nesillere tarap akyp gitjek uly akabasyny döretdi. Ine, şonuň üçin hem alymlar Ýunus Emräni şol döwürdäki halkyň gepleşik hem ýazuw dilinde eser döreden ilkinji şahyr hem uly akyldar hasaplaýarlar. F.Köprüli seljuk soltanlyklarynyň döwlet işlerini dolandyrmakda, edebiýaty, ylym-bilimi we beýleki işleri arap-pars dillerinde ýöretmän, oguz-türkmen diline — milli dile ähmiýet beren bolsalar, onda şondan has öň Kiçi Aziýada uly edebiýatyň peýda boljakdygy barada şeýle ýazýar: «Eger Seljuklylar milli dile ähmiýet berip, onuň ösmegi ugrunda çalyşan bolsa, onda Osmanly döwletiniň döremeginden has öň Anadolyda özüne ýetesi bir baý edebiýat peýda bolardy».[1]

Ýunus Emre Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletiniň dargap, Osman türkmenleriniň imperiýasynyň aýaga galyp ugran döwründe, ýagny XIII asyryň ikinji ýarymynda we XIV asyryň başynda ýaşap geçýär. Ol Anadola edilen ençeme haçly ýörişleriň, şeýle hem mongol çozuşlarynyň gözli şaýady bolýar. Bar bolan maglumatlara görä, şahyr 1238-nji ýylda Eskişehriň Siwrihisar etrabynyň Saryköý obasynda doglup, 82 ýaşynda, ýagny 1320- nji ýylda aradan çykýar. Beýleki bir

[1] Kiprüli F. Türk edebiýatynda ilk mutasawwyflar, Ankara, 1991, 234 sah.

maglumata görä, ol Garamanda doglup, bütin ömrüni şol welaýatda geçirýär. Onuň ata-babalary Horasandan Garamana göçüp gelýärler hem-de şol ýerde ýurt tutunýarlar. Olar ýer satyn alyp, ekerançylyk, bagbançylyk bilen meşgullanýarlar. Ýunus Emre-de bütin ömrüni daýhançylyk bilen geçiripdir, ökde bagban bolupdyr.

Ýunus Emräniň eserleri ýazuw üsti bilen hem-de ýat tutmak arkaly bize gelip ýetipdir. Häzirki bar bolan maglumatlara görä, şahyryň eserleri diwan görnüşine salnyp, onuň XIV-XVI asyrlarda göçürilen golýazmalarynyň ençeme nusgasy aýry-aýry golýazmalar hazynalarynda, kitaphanalarda, arhiwlerde, şahsy eýeçilikde saklanýar. Şeýle hem onuň eserleri dürli ýygyndylara, tezkirelere giripdir. Ýunus Emräniň diwanynyň Fatyh, Garaman, Ýahýa Ependi, Raif Ýelkençi, Ritter golýazma nusgalary has ygtybarly hasaplanýar. Şahyryň diwanynyň Fatyh golýazma nusgasynyň surata düşürilen görnüşi Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýar (6680-nji bukja). Munda şyhyryň 200 töweregi şygry hem-de «Risalatun-nushyýa» atly eseri ýerleşdirilipdir. Şahyryň diwanynyň bu golýazma nusgasy Garaman nusgasy bilen-de kybapdaş gelýär. XIV-XVI asyrlarda dürli kätipler tarapyndan göçürilen beýleki nusgalardaky artykmaç şygyrlary hem bir ýere jemläniňde, olaryň umumy sany 300 töweregi bolýar. Elbetde, bular şyhyryň döreden ähli eserleridir diýip kesgitli bir netijä gelip bolmaz. Olaryň golýazmalara girmedikleriniň-de bolmagy mümkin. Galyberse-de, Ýunus Emräniň ähli döreden eserleri ýazuwa geçendir diýip hem aýdyp bolmaz. Sebäbi ol halky edebiýata, ýagny ozan, bagşy, aşyk edebiýatyna ýakyn durup, şygyrlaryny ýat tutmak üçin amatly edip düzüpdir. Her halda beýleki orta asyr türkmen şahyrlarynyň birnäçesine garanyňda, Ýunus Emräniň döredijiliginiň agramly bölegi bütewi görnüşde ýazuw üsti bilen bize gelip ýetipdir.

Ýunus Emräniň goşgulary köplenç yşk-söýgi, öwüt-nesihat häsiýetli şeýle hem ynsanperwerlik, adam ömri, tebigat gözelligi we beýlekiler baradadyr. Olarda söýginiň mukaddesligi, adamzat ýaşaýşyndaky derwaýyslygy, päkligi, ynsan mertebesiniň belentligi, kämil ynsanyň nusga alarlyk gözel keşbi, oňat gylyk-häsiýetleri, tebigat täsinlikleri, dünýäniň gurluşy, adamzat ýaşaýşynyň syrly dünýäsi, adam ömrüniň bagtyýarlygy wasp edilýär. Şonda şahyryň syýasy-jemgyýetçilik, ynsanperwerlik, magaryfçylyk, ylahy, sopuçylyk, pelsepeçilik garaýyşlaryna-da degerli orun berilýär.

Ýunus Emräniň döredijiliginiň baş mowzugy söýgi bolup durýar. Ol bu mowzuga örän giňişleýin aralaşýar. Onuň bu babatda ýöredýän pikirleriniň aglabasy ylahy söýgä degişli bolup, şol bir wagtyň özünde-de ol dünewi söýgüden, şahyryň ýaşan jemgyýetinden, döwürdeşleriniň gündelik ýaşaýşyndan, iş-aladalaryndan hem üzňe däl. Bu ýagdaý onuň eýeren oguz-türkmen edebiýatynyň däpleri hem sopuçylyk taglymaty bilen baglylykda ýüze çykýar. Ol gadym oguz türkmenleriniň ruhy dünýäsine içgin aralaşany, Bagdady Jüneýdiniň, Baýezit Bistamynyň, Mansur Hallajynyň «Anal–Hak» (Men–Hak) diýen pikirine eýereni üçin, Taňry bilen ynsan bir hasaplanýar. Şonuň üçin onuň wasp edýän gözelligi-de kä ylahy, kä ynsan gözelligi şekilinde taryplanýar.

Şahyr adamzat dünýäsini bezeýän zadyň söýgüdigini, söýgüsi bolmadyk adama hiç bir sözüň, öwüt-ündewiň ýokmaýandygyny, täsir etmeýändigini, olaryň haýwan kysmy bolýandygyny aýdyp geçýär:

***Yşksyzlara berme öwüt, öwüdiňden alar degil,***
***Yşksyz adam haýwan olar, haýwan öwüt biler degil.***

Ol öýke-kinäni, dawa-jenjeli goýup, adamlary birek-biregiň göwnüni awlamaga, gadyr-gymmatyny bilmäge, kalplarynda birek-birege söýgi beslemäge çagyrýar:

***Men gelmedim dawa üçin, meniň işim söýgi üçin,***
***Dostuň öýi köňüllerdir, köňüller ýapmaga geldim.***

Ýunus Emre bütin döredijiligini «Söýeliň, söýleliň» diýen çagyryş bilen dowam edipdir:

***Gel tanyşlyk edeliň, işi golaý tutalyň,***
***Söýeliň, söýüleliň, dünýä kimseýe galmaz.***

Şahyryň taryplaýan gözeliniň görk-görmegi dünýädäki ähli zatlardan belent bolup, onuň öňünde baş egýär: uçan guşlaryň meňzi saralýar, ösen ýeller togtaýar, döwler-jadylar onuň emrine baş egýär, Günüň nury tutulýar, Aý dogmaga utanýar, hatda ölüler-de direlýär:

***Uçan guşlar uçunar, ösen ýel görse durar,***
***Döwler hökmüňe girer, Bylkys-Süleýmanmysyň?***

***Ýüzüňden Gün tutular, Aý dogmaga utanar,***
***Gören haýbata galar, Ýusuby-Kenganmysyň?***

***Öli görse direler, oň kalbyna jan geler,***
***Toprakdan owaz geler, Isa bin Meryemmisiň?***

Bu äheň, göwün ýüwürtme tärde beýan etme oguz edebiýatynda ýygy-ýygydan duş gelýär. Şeýle terzdäki goşgulary Ymadeddin Nesimide, Muhammet Fizulyda, Magtymguluda, Mollanepesde we beýlekilerde görmek bolýar.

Mollanepesiň şygyrlarynda wasp edilýän magşugyň görk-görmeginiň, owadanlygynyň öňünde ähli zat baş egýär:

***Aý nurdan aýrylar, Gün gökden uçup,***
***Ýyldyzlar kararsyz çar tarap göçüp,***
***Saky meý getirer, erenler içip,***
***Olar ah çekerler, zamana galar.***

Ýene bir mysal:

***Dür derýadan çyka bilmez,***
***Nazar kylsa dişleriňe.***
***Dowzah meni ýaka bilmez,***
***Ýanyp men ataşlaryňa.***

Ýunus Emre ýaşan jemgyýetiniň keşbini, onda höküm süren adalatsyzlyklary, zulum-sütemi, adamlaryň dogry ýoldan ýöremän, bet işlere baş goşýandyklaryny hiç bir bassyr-ýussursyz aýdyp geçýär:

***Musulmanlar, zamana ýatly oldy,***
***Halal ýeňmez, haram gymmatly oldy.***

***Okalan Gurhana gulak tutulmaz,***
***Şeýtanlar semredi, kuwwatly oldy.***

***Haram ile hamyr tutdy jahany,***
***Pisat işler eden hormatly oldy.***

Ýunus Emre ähli şer işlere, ýamanlyklara, deňsizlige, ezilişe, adam mertebesiniň kemsidilmelerine garşy parahat ýol bilen göreş alyp barýar. Şahyryň pikiriçe, dünýädäki ähli ýaramazlyklaryň öňüni almak üçin, ilkinji nobatda, her bir

adamyň kalbynyň, ruhy dünýäsiniň päk bolmagy gerek. Munuň üçin her bir adam ilki bilen öz-özüni ýeňmeli, özündäki harsydünýäligi, men-menligi, gopbamsylygy, gahar-gazaby ýeňmeli. Her bir adam nebsini öldürmeli, pespäl, kiçi göwünli bolmaly. Şahyr adamyň akylyna, pähim-paýhasyna ýokary baha berýär. Akyly, pähim-paýhasy adamzat ruhunyň ähli çözmesi kyn meselelerini ýeňip geçmegi başarýan uly güýç, uly gudrat hasaplaýar.

Şahyryň diwanynda tebigatyň gözel keşbini suratlandyrmaga uly orun berilýär. Bu topara girýän goşgularyň many-mazmunynda dünýewilik has-da güýçli. Olarda oguznamaçylygyň täsiriniň bardygy aýdyň duýulýar:

***Gitdi bu gyş zulmaty, geldi bahar ýaz ile,***
***Ýaňy nebatlar bitdi, möwç urdy hep näz ile.***

***Ýene mergzar oldy, uş ýene gülzar oldy,***
***Ter nagma düzer oldy, musikide saz ile.***

Ýene bir mysal:

***Ýene ýaz günleri geldi, söýle, bilbiljigim, söýle,***
***Jümle çiçekler zeýn oldy, söýle, bilbiljigim, söýle.***

***Ýaşyl don geýdi agaçlar, perwaz urup uçar guşlar,***
***Nepesiň janlar bagyşlar, söýle, bilbiljigim, söýle.***

Ýunus Emre oguz-türkmen edebiýatynyň ösüş taryhynda täze bir mekdep döretdi. Şahyryň şol mekdebi henize-bu güne çenli dowam edip gelýär. Şa Ysmaýyl Hataýy, Muhammet Fizuly, Ymadeddin Nesimi, Baýram han we beýlekiler Ýunus Emräniň şol edebi däplerini dowam etdirdiler, ony öz döwrüniň talaplaryna laýyk ösdürdiler, baýlaşdyrdylar. Hatda Kiçi Aziýa

bilen özara gatnaşyklaryň üzülendigine garamazdan, XVIII-XIX asyrlarda ýaşan türkmen şahyrlary-da ondan habarsyz galmandyrlar. Magtymguluda, Mollanepesde Ýunusyň täsiri aýdyň duýulýar.

Türkmen halky Garaşsyzlyga eýe bolandan soňra, nusgawy edebiýatymyzyň beýleki ençeme görnükli söz ussatlary bilen bir hatarda Ýunus Emräniň edebi mirasy-da giňden öwrenilip başlandy. Onuň şygyrlary türkmen okyjylaryna ýetirilip, ol hakda makalalar ylmy işler ýazyldy. Saýlanan eserleri neşir edildi.

Ýunus Emräniň şygyrlarynyň häzirki neşiri Ystambulyň Süleýmaniýe kitaphanasynyň Fatyh kitaplar toplumynyň 3889-njy bukjasynda saklanýan XIV asyrda göçürilen nusgasy esasynda neşire taýýarlandy. Şahyryň XIV-XVI asyrlarda göçürilen golýazmalaryndan alnan şygyrlar bilen onuň üsti ýetirildi.

Ýunus Emre öz şygyrlarynyň birinde geljek nesilleriň özüni unutmajakdyklaryny welilik bilen aýdypdyr:

***Şirin hulklar eýlegil, datly sözler söýlegil,***
***Söhbetlerde Ýunusy hergiz unutmaýalar.***

Türkmen halkynyň Garaşsyzlyga, baky Bitaraplyga eýe bolup, özüniň dünýewi, demokratik, hukuk döwletini guran zamanynda, milli Ruhy galkynyşy amala aşyrmakda, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasyny il-halka düşündirmekde, Türkmeniň Altyn asyrynyň altyn neslini terbiýelemekde Ýunus Emräniň edebi mirasy baý ruhy hazyna bolup hyzmat edýär.

**Kakajan ATAÝEW,** ***professor.***

# MAZMUNY

**Gazallar** .................................................................8
**«Fatyh» nusgasyna girmedik şygyrlar** ........................183
**Risalatun-nushyýa (Nesihat kitaby)**.............................258
**Sözlük**.........................................................................315
**Goşmaça düşündirişler** .................................................341
K.Ataýew. **Türkmen gojasy — Ýunus Emre**...............356

**Ýunus Emre**

# DIWAN

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor G. Mämmedowa**

Çap etmäge rugsat edildi 18.08.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 23
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14576

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.